TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY MINISTRLIGI

TÜRKMENABAT LUKMANÇYLYK ORTA OKUW MEKDEBI

# HIRURGIÝA
# dersinden okuw kitaby

ş. Türkmenabat . 2010 ý

Kitaby  taýýarlan mugallymlar: Allanazarowa.O.Ç.

Annaýewa B.R.

## Giriş

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyz Hormatly Prezidentimiziň parasatly syýasaty, ýadawsyz tagallalary netijesinde ylym – bilim ulgamynda we beýleki ähli ugurlarda täze galkynyş döwrüni başdan geçirýär. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek“ hakyndaky kanunyny we „Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek“ hakyndaky Permany esasynda ýurdumyzyň bilim ulgamynda ençeme özgertmeler amala aşyryldy. Bilim ulgamyny özgertmek, ony dünýä derejesine çykarmak, şu günüň öňe süren talabydyr. Sebäbi Hormatly Prezidentimiz „Bilimsiz öý – otsuz ojak ýalydyr“ diýip ýöne ýere aýdanok. Şonuň üçin Hormatly Prezidentimiz belent mertebesine girişen ilkinji gününden başlap, ylmy-bilimi özgertmäge uly üns berip başlady.

Hormatly Prezidentimiz kuwwatly döwletde ylmyň esasy orny eýeleýändiginden ugur alyp, Türkmenabat lukmançylyk orta okuw mekdebimizde orta medisina işgärlerini ýokary derejede taýýarlamaklyga uly üns berilýär. Şol maksat bilen hirurgiýa dersini okatmagyň maksatnamasyna laýyklykda hirurgiýa dersinden okuw kitaby ýazyldy.

Bu okuw kitaby okuw maksatnamasyna laýyklykda ýazyldy. Kitapda hirurgiýa dersiniň ähli bölümlerini öz içine alýar. Kitapda ylmyň we tehnikanyň soňky döwürde soňky gazanan üstünlikleriniň (endoskopiýa, ulatra ses, kompýuter tomografiýa, rentgen barlaglary we ş.m.) hirurgiýa kesellerini anyklamakda we bejermekde ulanylyşy giňden beýan edildi.

Täze Galkynyş we Özgertmeler eýýamynda bilim ulgamynyň öňde durýan esasy wezipeleriniň biri, talyplaryň okaýan derslerine höwes döretmekden ybaratdyr. Hirurgiýa dersi her hir talyba hirurgiýadaky gurallary bilmeklige we olary iş ýerlerinde doly we dogry ulanyp bilmeklerini öwretmekden we Watana wepaly ökde hünärmenleri ýetişdirmekden ybaratdyr.

## I.BAP.
## Hirurgiýa ylmynyň gysgaça taryhy.

Biziň eramyzyň I asyryndan ýaşap geçen gadymy Rim lukmany Цельс ensiklopediýa häsiýetinde şol wagtyň medisina ylmynyň toplumyny ýazyp galdyrypdyr.Onuň ýazan operasiýasynyň köpüsi häzirki wagtda hem öz aktuallygyny ýitirenok.

Biziň eramyzyň II-nji asyrynda ýaşap geçen Гален köp miras galdyrypdyr.Onuň gadymdan galan miras soňky 13 ýyllykda hem medisinada görnükli ýerleri eýeläpdir.Ol anatomiýada, fiziologiýada we hirurgiýa praktikasyndan gymmatly maglumatlar galdyrypdyr.Ol gan damarlaryny towlap gan saklamagyň usulyny işläp düzüpdir we dokumalary tikmekde ýüpek ulanypdyr.

Biziň eramyzyň orta asyrlarynda ýaşap geçen Gündogaryň görnükli lukmany Abu-Ali Ibn-Sina (Awisena 980-1037ý) hirurgiýanyň ösmeginde uly rol oýnapdyr.Onuň „Lukman ylmynyň kanuny“diýen kitabynda şol wagtyň teoriýa we praktiki medisinasynada doly häsiýetnama berilýär. Orta asyrlarda diniň ösmegi bilen alymlar yzarlanypdyrlar.Olary otda ýakyp öldüripdirler. Bu bolsa medisina ylmynyň togtadylmagyna getiripdir.Tanymal fransuz lukmany Амбруаз Паре(1517-1590) ok degen ýaralary bejermekde, gan damarlaryny daňmakda,el –aýagy kesip aýyrmakda (amputasiýa)uly işler edipdir.Парацельс (1493-1541) ýaralary bejermekde hem-de himiýanyň üstünliklerine daýanmak bilen, şol wagtyň teoriýa we praktika medisinasynda birnäçe dermanlary ulanmagyň usulyny işläp düzüpdir.

Везалинин (1514-1564) anatomiýa barlaglary Гарвейин (1578-1657) gan aýlanyş kanunyny açmagy, Левенгугын (1632-1723) mikroskoby oýlap tapmagy medisina we hirurgiýa ylmynyň ösmegine itergi bolupdyr.1731-nji ýylda Parižde hirurgiýa akademiýasy döredilipdir.1846-njy ýylda himik Джексон we diş lukmany Мортон efiriň bugundan dem alynanda, huşdan gidilip,agyry duýujylygyň ýok bolýandygyny subut edipdirler.1847-nji ýylda hirurg- akuşer Симпсон hloroform narkozyny praktika girizýär.1867-nji ýylda iňlis hirurgi Листер (1827-1912) karbol kislotasy bilen mikroorganizmleri ýok etmeklgiň metodikasyny hödürläpdir.Вергман we onuň şägirdi Шиммельбуш gaýnaýan we bug bilen mikroorganizmleri ýok edip bolýandygyny subut edipdirler.Ландштейнерин ganyň toparyny açmagy,Янскинин gan goýbermekligiň metodikasyny işläp düzmekligi hirurgiýanyň ýene öňe gitmekligine getiripdir.

1654-nji ýylda Moskwada lukmanlary taýýarlaýan ilkinji mekdep açylypdyr.
XVIII-asyryň başlarynda Ретр-I 1706-njy ýylda Moskwada, 1707-nji ýylda Peterburgda, 1720-nji ýylda Kornstatda gospital açdyrypdyr.Moskwa uniwersitetiniň professory Е.О.Мухин(1766-1850 ý) ilkinji gezek Rossiýada „Süňki seýikleme ylmynyň başlangyjy „diýen kitabyny çykarypdyr.И.В.Буялъски“anatoma-hirurgiki atlasy“ döredipdir.Talantly alym-hirurg Н.И Пирогов (1810-1881ý) hirurgiýa ylmynyň ösmegine uly goşant goşupdyr.Ol bir näçe ylmy kitaplary ýazypdyr.Birnäçe operasiýalaryň usullaryny

işläp düzüp, praktikada ulanypdyr. Dünýäde ilkinji gezek döwlen süňkleri bejermekde gips daňsyny ulanypdyr.
1847-nji ýylda Rossiýada ilkinji gezek efir narkozyny ulanmak bilen operasiýa geçiripdir.
Н.В.Склифосовски antiseptika we antiseptikany ýaýratmakda we ösdürmekde uly işler edipdir.
XX-nji asyryň başlarynda hirurgiýanyň mundan beýläk ösmekligine Н.В.Склифосовскинин (1836-1904 ý) А.А Бобровун(1855-1904ý)А.Веляминовун(1855-1920) П.И.Дьяконовын (1855-1908) В.И.Разумовскинин (1857-1935) işleri möhüm rol oýnapdyr.
Sowet döwründe С.П.Федоров (1869-1936) böwrek ,peşew we öthalta hirurgiýasyna uly goşant goşupdyr.С.И.Спасокукоцский öýkeniň iriňli ýaralaryny ,gyzylödek hirurgiýasyny ösdürmekde hemde hirgyň elini ýokançsyzlandyrmakda uly işler edipdir.
Türkmenistanda 1932-nji ýylda T ürkmen döwlet lukmançylyk institutynyň döremegi bilen ýerli hirurglary taýýarlamak işi giňden alnyp başlandy.Türkmn hirurgiýasynyň döremeginde we ösmeginde И.Р Скляров В.В Hanow.N.M Täçmyradow И.И.Чизов.Ç.B Baýryýew.И.Ф Березин.O.G Babaýew ýaly alymlar uly iş bitirdiler.
И.Ф.Березин. 1937-1977- ýyllarda gospital hirurgiýa kafedrasyna ýolbaşçylyk etdi. Ol göni içegäniň daşyna çykmagynyň agyz boşlugynyň howply çiş sebäpli eňek asty limfa mäzleriniň kesim arkaly aýyrmagyň täze usulyny ilkinji bolup teklip
etdi .
Professor O.G. Babaýew 1977-1993-yyllar aralygynda gospital hirurgiýa kafedrasyna ýolbaşçylyk etdi. Ol bagryň amýoba keselini ylmy taýdan öwrendi we onuň bejerilişini hirurgiýa parazitar keselleriniň anyklanylyşyny we bejerilişini kämilleşdirdi.
O.G Babaýew. We H.B.Babaýew lazer şöhlelerini Orta- Aziýa hem-de Gazagystan sebitlerinde ilkinjileriň hatarynda hirurgiýada we deri kesellerinde bejeriş serişdesi hökmünde giňden ulanandygyny we ýokary netije gazanandygyny belleşen ýerlikli bolar.
Professor H.B Babaýew 1993-1999 ýyllar arasynda kafedra ýolbaşçylyk etdi.Ol prontologiýa-keselleriň anyklanyşyny kämilleçdirdi we lazer şöhlesini ulanyp,lazer hirurgiýasynyň ylmyna we praktikasyna uly goşandyny goşdy.Professor H. B.Babaýew deridäki peşihorda başyny ,(Pendi başy ) äpet ingi kesellerine, aýagyň dyrnagynyň jerhetleme kesellerini adamyň ýüzündäki iriňli keselleri we başga bir näçe keselleri lazer şöhlesi bilen bejermegiň täze usullaryny açyp,bejerlişini kämilleşdirdi,we bir näçe patentleriň hemde awtorlyk şahadatnamalaryň eýesidir.
H.B.Babaýew we K.G. Nurlyýew bilen bilelikde lazer şöhlesini ambulýator (saglyk öýi) şertlerde proktalogiki kesellerde bejeriş serişdesi görnüşinde ulanyp ,ýokary netije gazandylar we ykdysady taýdan hem peýdalydygyny äşgär etdiler.
Ýenede bellemeli zadyň biri hem H.B Babaýew Orta Aziýada ilkinjileriň hatarnda,ozony bejeriş serişdesi hököminde ulanmagyň usulyny teklipetdi we bejermen ýokary netije gazandy.

II.BAP.

## Hirurgiýa keselleriniň häzirki zaman barlag usullary.

Keselleri anyklamak hakyndaky ylym diognostika diýen ady göterýär.Diagnostika ylym hökmünde adamyň gurluş –fiziologik aýratynlyklaryny we onuň daşky gurşaw bilen baglanyşygyny öwredýär.
Hirurgiýa kesellerini we şikeslenmeleri anyklamakda rentgen barlagynyň, endoskopiýa barlagynyň ,ultrases, kompýuter tomografiýa,laborator barlaglarynyň, ähmiýeti ulydyr.
Häzirki zaman rentgen barlagy bilen synalaryň kesellerini , dömme çişlerini, zeperlenme infiltrasiýasyny ,synalardaky şikeslenmeleri(süňkleriň döwülmegi, çykmagy) barada doly maglumat berýär.Gerek bolmadyk halatlarda- gatlaklaýyn rentgenografiýa-tomografiýa peýdalanylýar.Tomografiýa dömme çişleri zeperlenme infiltratlary we patalogik emele gelmeleri ýüze çykarmaklygy ýeňilleşdirýändir.Örän takyk maglumatlary kompýuter tomografiýanyň peýdalanylmagy mynasybetli, rentgen şöhlelerini ýuwutmaklyk derejesi boýunça örän ujypsyzlygy bilen tapawutlanýar.Kompýuter tamografiýa dokumalardaky üýtgeşmeleri gatlaklaýyn jikme-jik öwredýär.

### Endoskopiýa barlagy.

Endoskopiýa- bu boş ýa-da turba şekilli synalaryň barlagy bolup, olaryň içki üstlerini ýörite abzallaryň - endoskopyň kömegi bilen gös –göni gözegçilik etmekden ybaratdyr.Endoskplaryň birnäçe görnüşleri işlenip düzüldi .Endoskopiýa gyzylödegi(ezofagoskopiýa ),aşgazany (gastroskopiýa ),onikibarmak içegäni (duodenoskopiýa),göni we sigma şekilli içegeleri(retromonoskopiýa), traheýany we bronhlary(traheobronhoskopiýa),garynboşlugyny we ondaky ýerleşen synalary(laporoskopiýa),peşew haltany( sistoskopiýa)we käbir beýleki synalary barlamak üçin ulanylýar.Synalaryň barlagy mahaly onuň örtüginden sitologik barlaglar üçin material almaklyk ýa-da gistologik barlaglar üçin(biopsiýa)dokuma bölejigini alyp bilmeklik mümkinçiligi endoskopiýanyň keseli anyklaýyş gymmatyny artdyrýandyr.Endoskopiýa seýrek bolmadyk halatlarynda bejeriş maksatlary üçin-de geçirilýär:del jisimleri, polipleri aýyrýarlar.

### Ultrases barlag usullary.

Ultra sesi keseli anyklaýyş maksatlary üçin ulanylýar.Bu usulyň artykmaçlygy bedeni zyýanly täsir ýitirmezden we näsaga hiç bir agram salmazdan ,onda hiç bir ýakymsyz duýgulary döretmezden dürli synalaryň gurluşlaryny kesgitemeklige mümkinçilik berýär.Häzirki wagtda ultra ses barlagy: ýüregiň , bagryň, öthaltanyň, aşgazanasty mäziň kesellerini anyklaýyşda giňden ulanylýar.Häzirki wagtda ehografiýa gözegçiligi astynda içki synalaryň- galkan şekilli mäziň, bagryň, böwregiň maksatlaýyn biopsiýasy amala aşyrylýar.

III.BAP.

Umumy hirurgiýa.

## Hirurgiýanyň infeksiýasynyň öňini alyş çäreleri.

Antiseptika

Hirurgiýanyň taryhynda belli boluşy ýaly ýaraly syrkawlar antiseptik döwrüne çenli gaty köp ýogalypdyr.

N.I.Piragow operasiýa geçirilende spirt, ýodyň ergini ulanypdyr.Wengir lukmany И Земмельвейс 1847 –nji ýylda akuşer praktikasynda eli hlor heki bilen arassalamagy hödürläpdir.Ol çaga dogulandan soň duş gelýän sepsisiň öňüni almakda uly üstünliklere eýe bolupdyr.

Iňlis hirurgy Листер 1867-nji ýylda bakteriýany ýok etmekde karbol kislotasyny ulanmaga hödürläpdir.E.Бергман. we onuň şägirdi Шиммелбуш. gaýnaýan suw we onuň bugy bilen gurallary daňylary tikmekde ulanylýan materialdaky mikroplary ýok edip bolýandygyny subut edipdir.

Medisina praktikasynda antibiotikleri ulanmagy iriňli keselleri bejermekde ullakan üstünlik gazanylypdyr.

**Antiseptika**- ýara ýa-da dokuma düşen infeksiýa dörediјileriň garşysyna göreşmek bilen bakteriallar ýokuşan we infisirlenen ýaralary bejermek metodydyr.

**Antiseptikanyň usullary.**

1.Mehaniki usuly-hirurgiki gurallaryň kömegi bilen ýarany gaýtadan işläp bejermek.

2.Fiziki usuly-ultramelewşe şöhlelendiriş, ýaranyň üstini we iriňli göwrümi lazer şöhlesi bilen arassalamak,laminarlaşdyrylan howa, zyýansyzlandyrylan daňy materiallary we rezin drenažlaryny ulanmakdan ybaratdyr.

3.Himiki usuly- dürli görnüşli himiki serişdeler bilen ýaradaky mikroplary ýok etmeklik, operasiýa ediljek meýdanyny ,hirurgyň elini, gurallaryny ellikleri arassalamak.

4.Biologik usul-ýara düşen mikroplary zyýansyzlandyrmak üçin ýöriteleşdirilen syworotkalar(bürme kesline garşy) waksinalar (inçe keseline garşy, guduzlama garşy) immunoglobulinler we antibiotikler ulanylýar.

**Antiseptika serişdeleri**

Bu serişdeler güýçli täsir etmek bilen bakteriýany öldürýär.(bakterisid täsiri) ýa-da olaryň ösüşini we köpelişini togtadýar.(bakteriostatik täsiri)

**1Galoid topary**-hloramin eli zyýansyzlandyrmak üçin 0,2% ergini, metal bolmadyk hirurgiki gurallary zyýansyzlandyrmak üçin 2% ergini ulanylýar.

Ýod hirurgiýada 5-10% ýodyň spitli ergini hirurgyň elini.operasion meýdany, ýaranyň gyralaryny arassalamak üçin giňden ulanylýar.

Lýugol ergini-ketgut zyýansyzlandyrma we nemli barda çalmak üçin ulanylýar.

**2.Okisleýjiler topary**. Perekisli wodorod onuň 3% ergini hapalanan, iriňli ýaralary arassalamakda we anaerob infeksiýasyny bejermeklikde ulanylýar.Permanganat kali 0,1- 0,5% erginleri iriňli ýarany ýuwmaklyk üçin ulanylýar.Onuň konsirtirlenen 2-5% ergini ýanyklary bejermekde ulanylýar. Bor kislotasy 2-3% ergini ýarny ýuwmak üçin ulanylýar.

**3.Agyr metalyň duzlary**. Rtut dihlorid-sulema-güýçli zäher.Onuň bilen iş salyşanda gaty äge bolmaly.Onuň gowşak ergini ryrkawda ulanylýan predmetleri zyýansyzlandyrmak üçin ulanylýar.

Kümüş nitraty 1-2% ergini ýarany bejermekde,siýdik haltany ýuwmakda ulanylýar.

Diosid-hirurgyň elini arassalamakda,gurallary zyýansyzlandyrmakda ulanylýar.

Kollorgol-0,2% ergini iriňi ýarany ýuwmak üçin ulanylýar.

**4.Formaldegit topary**- formolin formaldegidiň suwdaky 40% ergini onuň 0,5-2,5% erginleri gurallary elleri drenaž turbajyklaryny zyýansyzlandyrmak üçin ulanylýar.

**5 Spirtler topary**-etil ýa-da çakyr spirti-hirurgyň praktikasynda 70-96% erginleri ulanylýar.Spirt hirurgyň elini,operasion meýdany, kesiji gurallary optiki apparatlary,ýüpegi zyýansyzlandyrmak üçin ulanylýar.

**6.Reňkleýji topary**-etakridiň laktat-riwanol-onuň 1:500 we100 erginleri iriňli ýarany ýuwmakda we bejermekde ulanylýar.Birliant ýaşyly 1-2% spirtli ergini deriniň iriňli ýarasyny bejermekde we operasion meýdany zyýansyzlandyrmak üçin ulanylýar. Metilen gögüniň 1-3% spirtli ergini deriniň iriňli ýarasyny we ýanyklary bejermekde ulanylýar.

**7.Nitrofuranly serişdeler**- furasillin 1: 5000% ergini iriňli ýarany bejermekde giňden ulanylýar.

**8.Sulfanilamid preparatlary**-sreptosid, norsulfazol,sulfademizin, ftolozol, sulgin, etazol we beýlekiler antiseptik preparatlar hökmünde iriňli prosesleri bejermekde giňden ulanylýar.

**9.Antibiotikler.**Olar hirurgiýa praktikasynda giňden ulanylýar. Bular güýçli serişdeler bolup olarda bakteriýasid we bakteriostatik täsirleri bar.Olar himiki gurluşy we mikroplara garşy täsiri boýunça aşakdaky klasifikasiýa bölünýär:

1.Penisillinler –bulara benzilpensilin ,natriý duzy we kaliý duzy ,ampioks, ampisillin degişlidirler
2.Ýarym sintetiki sefalosporinler(sefazalin,sefaleksin,sefaloridin)
3.Makrolitler (eritromisin,oleandomisin)
4.Aminoglikozitler (monomisin,kanamisin,gentomisin,)
5.Tetrasiklinler(tetrasiklin,oksitetrasiklin,doksisiklin )
6.Lewomisetinler(lewomisetin,lewomisetin suksenar natri)
7.Polimiksinler(polimeksin M,polimeksin D,polimeksin B)
8.Lewomisetinler(lewomisetin,lewomisetin suksinat natri)
9.Inçe kesele garşy ulanylýan antibiotikler(streptomisin,refampisin)
10.Kömeleklere garşy ulnylýan antibiotikler(nistatin. Lewomisin)
11.Çiş keseline garşy ulanylýan antibiotikler (dektenomisin.bronomisin)

**Barlag soraglary**.

1.Antiseptikanyň kesgitlemesi.
2.Antiseptikanyň zyýansyzlandyryjy usullary.
3.Antiseptika serişdeler topary.
4.Biologiki antiseptikalarynyň görnüşleri we olaryň täsirleri.

**Ýumuşlar**

**1.keselhananyň kabul ediş bölümine syrkow sag eliniň aýasyndaky ýyrtylan ýara zerarly ýüz tutýar . Şu ýagdaýda antiseptikanyň haýsy usulyny ulanmak mümkin?**

2.“Tiz kämek“ maşynynda döwük ýenjik punkydyna çep injiginden näbelli itiň dişlemegi sebäpli 12 ýaşly çaga getirildi.
Şu ýagdaýda haýsy antiseptiki serişdeleri ulanmak mümkin.

## Aseptika.

Aseptika munyň özi mikroplary profilaktiki taýdan olaryň ýara düşmeginiň öňini almakdan ybaratdyr.

Mikroplaryň aralaşmagynyň 2 ýoly bar.

**1.Daşky gurşawyň üsti bilen**

a) howa arkaly
b) damja ýoly bilen(gepleşmekde ,asgyranda,üsgürende)
e)galtaşmak ýoly bilen(gap-çanaklar arkaly)

**2.Içki sredanyň üsti bilen**: organizmiň belli bir ýerinde dörä infeksiýanyň ganuň we limfanyň üsti bilen ýaýramaklygy.

Aseptika esasy düzgünleri berjaý etmek arkaly amala aşyrylýar. Mikroplary ýok etmeklige ýokançsyzlandyrmak diýilýär.Ýokançsyzlandyrmak dürli usular arkaly amala aşyrylýar.

**1.Ýakmaklyk ýoly bilen ýokançsyzlandyrmak**.
Bu usulda 96% spirti ýakmak arkaly,elleri ýokançsyzlandyrylýan legenleri,gyssagly ýagdaýda hirurgiki gurallary ýokançsyzlandyryly6p bolýar.

**2.Gury gyzgynlyk bilen ýokançsyzlandyrmak**.Bu usulda hirurgiki gurallar,çüýşe önümleri,ýöriteleşdirilen şkaflarda elektrik togyň kömegi bilen 140-200 gyzgynluykda amala aşyrylýar.

**3.Uly basyşda gyzgyn bugy bilen ýokançsyzlandyrmak** .

Bu usulda daňy materiallar ,rezin önümli gurallar,ýöriteleşdirilen operatiw geýimler ,bikslere salnyp awtoklawda ýokançsyzlandyrma amala aşyrylýar.

1. Awtoklawda 120 gradus gyzgynlykda 1,1-atmosfera basyşda 45 minudyň dowamynda.
2. Awtoklawda 132 gradus gyzgynlykda 2,2- atmosfera basyşda 20minudyň dowamynda.



Awtoklawyň görnüşleri.

**4.Gaýnatmak usuly bilen ýokançsyzlandyrmak**-bu usulda hirurgiki metal gurallary, rezin we çüýşe önümleri ýörite gaplarda 45-60 minudyň dowamynda gaýnamak arkaly ýokançsyzlandyrylýar.
**5.Himiki serişdeleriň kömegi bilen ýokançsyzlandyrma**- bu usulda hirurgiki kesiji gurallary ,optiki enjamlary, katetirleri we rezin ellikleri ýokançsyzlandyrylýar.
Hirurgiki gurallar 96 % spirtde 2-3 sagatlap saklanylýar .Optiki apparatlary(Rektoskop,sistoskop).Okulýarlaryny aýyryp 10 min dowamynda 96 % spirtde saklanylýar, soňra bolsa 5 min sianistli rututiň 1: 1000 ergininde ýatyrylýar .Rezin ellikleri"Üçligiň" ergininde 3 sagadyň dowamynda 2% hloramin ergininde 1 sagadyň dowamynda ýokançsyzlandyrylýar.
**6. Dikin materiallaryň ýokançsyzlandyrylyşy.**
Dikin materiallaryna ýüpek, kapron, ketgut, laksan, atyň saçy degişli.
7.Koheriň usuly boýunça üpegi ýokançsyzlandyrmak.Ilki ýüpek ýüpliginiň ýumajygyny 2-3 ezek ýyly suwda sabyn bilen ýuwulýar. Soňra bolsa arassa material bilen guradylýar.Arassalanan el bilen uzynlygy 3-5 m bolan ýüpegiň sapagy predmet aýnasynyň daşyna saralýar . Ilki efirde 12-24 sagatlap soňra bolsa 12-24 sagatlap 70%-li spirtde saklanylýar .Sulemanyň 1-1000 erginde 10min gaýnadylýar. Taýýar ýüpek sapagy ulanýança 96% spirtli gapda saklaýarlar. Kapron we lawsan ýüplikleri hem şeýle ýagdaýda ýokançsyzlandyrylýar.Ýöne sulemanyň1-1000 erginde 20 min gaýnadylýar.
**Ketgutyň – lýugolyň spirtli ergininde ýokançsyzlandyrylşy**.
Ketgut ýumajygy 12-24 sagat efirde saklanylýar.Efir dökülýär.Ketgudyň üstüne 2 gezek her 8 günden lýugolyň spirtli ergini guýlup çalşyrylýar.Ketgut ulanýança lýugolyň spirtli ergininde saklanylýar.
**Ketgudy lýugolyň suwly ergininde ýokançsyzlandyrylyşy**.Ketgut ýumajygy efirde 12-24 sagatlap saklanylýar .Efir dökülýär , ketgudy 2 gezek her 8 günden lýugolyň suwly ergini çalşyrylýar.Soňra bolsa bakteriologiki barlag geçirilip ketgut ulanylýança 96% -li spirtde saklanylýar.
**Ketguty giosidiň ergininde**(1:1000) 48- sagadyň dowamynda ýokançsyzlandyrylýar.Soňra ketgut süýtde saklanylýar.Atyň saçy köplenç plastiki operasiýalarynda ulanylýar .Ilki bilen ony sabynlap ýuwup soňra guradylýar. Togalak ýumajyk edip ýagyny aýyrmak üçin benzinde 7 gün saklaýarlar.,soňra 40-min gaýnadyp arssalamak bilen guradylýar .96 % -li spirtde 7 gün saklanylýar .Eli dikmekde ulanylýan materiallary ekmek barlagy üçin barlghana iberilýar.Eger bakterianyň ösmänligi barada jogap alnanda ,dikmekde ulanylýan ýüplikler Ulanmaklyga goýberilýär.
**Bikslere materiallar ýerleşdirmegiň 3 görnüşi bar**.
1.Uniwersal görnüşi boýunça-bikse birnäçe görnüşli materiallar ýerleşdirilýär.Meselem:Halat, galpak daňy materially we ş.m.
2.Belli bir maksat üçin-bikse bir operasiýada ulanyljak materiallar ýerleşdirilýär.(aşgazan operasiýasy, bagyr operasiýasy)
3belli bir.Görnüş boýunça-bikse materiallaryň haýsysy hem bolsa bir görnüşi ýerleşdirilýär(halat, galpak, maska we ş.m)
Material bikse ýerleşdirmezde öň biksiň içi spirt bilen süpürilýär.Biksiň gapagy ýapylandan soň, oňa arlyk berkidilip,ýokançsyzlandyryş wagty we ony geçirýän işgäriň ady we familiýasy ýazylýar.

**Materiallaryň ýokançsyzlandyryş hilini kesgitlemek- üçin barlag usullary**.

**1.Fiziki usul-** bu usulu ýokary gyzgynlykda ereýän maddalar ulanylýan olara antipirin, rezorsin, benzoý, kislotasy, kükürt poroşogy degişlidir.Şu agzalan maddanyň haýsy hem bolsa biriniň poroşogy çüýşe gapjagazyna salyp agzyny berk baglap materiallary bilen bikse ýerleşdirmeli.Awtoklawda gyzgynlyk belli bir dereje ýetenden soň maddalar ereýär(ýokançsyzlandyryş doly geçipdir)

2.**Himiki usuly** (Mikuliçiň usuly)- bir bölejik ak kagyza „arassa“sözi ýönekeý galam bilen ýazylyp.ilki oňa 10% krahmalyň ergini gurandan soň lýugolyň suwdaky ergini çalynýar.Kagyzy biksiň içine materiallar bilen ýerleşdirilmeli.Awtoklawda gyzgynlyk 100 gradus geçende krahmal we lýugol bugaryp gidýär“arassa“ sözi görünýär.

**3.Bakteriologiki usul** –ýokançsyzlandyrylan materillardan bir bölejik alyp barlaghana ekmek üçin iberilýär onuň jogaby 3 günde taýýar bolýar.Bu örän ynamly usul bolup ýöne ýokançsyzlandyrmagyň doly geçenini kesgitlemek üçin köp wagt gerek bolýar.

**Eliň operasiýa taýýarlanylyşy.**

Operasiýa gatnaşýan medisina işgäri elini şikes ýetmezden gorap saklamaly.Ouň dyrnagy lak çalynan we ösgün bolmaly däl.

**Eli ýokançsyzlandyrmanyň birnäçe usullary bar**.

1.Spasokukoski- Koçerginiň –usuly el akar suwuň aşagynda sabyn bilen ýuwulýar 0,5% naşatyr spirti guýula iki legeniň her haýsynda 3 minut hasa salfetkanyň kömegi bilen el ýokançsyzlandyrylýar.Soňra arassa material ýa-da salfetka bilen süpürilýär.Soňra 96% spirtli salfetka bilen 5 minutlap ýokançsyzlandyrylýarEliň epinlerini, dyrnagyň töweregine 5% ýoduň spirtli ergini çalynýar.

**2.Alfediň usuly**- el akar suwuň aşagynda sabyn we şotka bilen 10minutlap ýuwulýar.El arassa material bilen süpürilýär.Soňra 96% spirtli alfetka bilen 5 minutlap dyrnagyň töweregine 10% ýoduň ergini çalynýar.



Eliňi akyp duran suwda çotka bilen ýuwmaly.



Hirurgyň elini syrçaly legende 0.5%- li naşatyr spirti bilen ýuwmaly.



Zyýansyzlandyrylan rezin elliginiň geýlişi

**3.Fýurbringeriň usuly-** el sabyn we şotka akar suwuň aşagynda 10min ýuwulýarEli arassa material bilen süpürmeli. Soňra 70 % spirtli salfetka bilen 5 minutlap ýokançsyzlandyrylýar.Dyrnagyň töweregine 10% ýodyň spirtli ergini çalynýar.

**4.Degminiň ergini bilen eli** Degminiň 1% suwly ergini bilen el **ýokançsyzlandyrmak** ýokançsyzlandyrylýar.Ilki bilen eli 3min ýyly suw bilen sabynlap ýuwmaly.Soňra 2sany tampony degminiň erginine ezip her eli 3 min Soňra 2sany tampony degminiň erginine ezip her eli 3 min ýokançsyzlandyrmaly.Ýokançsyzlandyrylan ele rezin elligini geýmeli.

5.Eli gyssagly ýagdaýda gysga möhletde ýokançsyzlandyrylyş usuly

a) Eli gyssagly ýokançsyzlandyrmak üçin-serigel suwuklygy ulanylýar.Gury eliň derisine 3 4 ml serigeli 8-10sekunt çalynýar.Eli açyk howada guradylýar.Emele gelen örtük eliň derisini ýara bilen göni galtaşmakda gorap saklaýar.

Operasion meýdany taýýarlamak

Syrkaw operasiýadan öň wannada ýa-da duşda ýuwunýar.Onuň egin-eşikleri ýatýan düşeginiň daşlary çalyşylýar.Operasion meýdandaky tüýler päkiniň kömegi bilen syrylýar. Operasion meýdanyň derisini lorgeksidiň spirtli ergini çalynýar.

Operasion meýdany ýokançsyzlandyrmanyň usullary.

***Bakkalyň usuly***-bu usul derisi näzik syrkawlarda ulanylýar.Operasion meýdan 1% brillant ýaşylynyň ergini bilen ýokançsyzlandyrylýar.

2.***Filonçikowa Grassihiň usuly***. Bu usul 5-10% ýoduň ergini 4- gezeginden hökmany çalmakdan durýar.a)Ýody operasion meýdanyň daş- töweregine çalmaklyk

b)Material ýapylandan soň çäklendirilen meýdanyna ýod çalmaklyk.

w) Operasion tyg ýarasy tikilmezden öň ýanynda çalmaklyk.

d) Operasion tyg ýarasy tikilenden soň ýod çalmaklyk.

Soňky wagtlarda operasion meýdanda ýanyk ýarasy döremezligi üçin ýod erginine derek ýodanat ergini çalynýar.

***Operasiýada ulnylýan eşikler we daňy materiallary.***

Operasiýada gatnaşjak hirurg, onuň kömekçileri, operasion şepagat uýasy ýörite ýokançsyzlandyrylan eşik geýmeli. Maska –gatly möçberi 16-20sm, burçlaryna daňar ýaly ýüpjagaz edilip, hassadan taýýarlanylýar. Operasiýada maskanyň kömegi bilen damja infeksiýasynyň öňüni almak üçin işgäriň agzyny we burnuny ýapyp , ýeňsesinden kiçi şepagat uýasynyň kömegi bilen ýüpjagazlary daňylýar. Halat –pagta materiallaryndan öňi ýapyk yzyndan daňar ýaly edilip dikilýär. Haladyň reňki ak sary, gök reňkde bolup biler. Halady hirur ga operasion şepagat uýasy geýmäge berýär, yzyndan ýüpjagazlary kiçi şepagat uýasynyň kömegi bilen daňylýar.

Galpak – pagta materialyndan dikilip, operasiýa gatnaşýanlar kellesindäki saç galpakdan çykyp durmaz ýaly geýmeli.

Bahil –bu jorap görnüşinde bolup, ýeňil köwüşüň üstünden geýlip injikde berkidilip daňylýar.

Prostyn – ýokançsyzlandyrlan gurallary arasyna goýmaklyk , operasiýada näsagyň üstüni ýapmaklyk üçin ulanylýar.

Polotensa –operasion meýdan ýokançsyzlandyrlandan soň onyň daş töweregini ýapmaklyk üçin ulanylýar.

Sakfetka - kwadrat ýa-da göni burçly hasa materialyndan edilip , möçberi dürli hili bolyp biler .Salfetka operasiýa wagty, ýarany guratmak üçin operasiýadan soň tyg ýaranyň üstüne gowy daňmak üçin ulanylýar.

Tampon – hasa materialyndan edilip uzyn we inli bolýar . Tamponyň uzynlygy dürli möçberde bolup biler .Olar ýaradaky gany saklamak , iriňli göwrümden iriňi çykarmak üçin ulanylýar.

Turunda – hasa materialyndan ýasalyp, tampona seredilende ini kiçi bolýar.

Şarikler- hasa materialyndan taýýarlanylýar. Onuň 4 görnüşi bolup , möçberleri boýunça dürli hili bolýar.

Barlag soraglar.

1. Aseptikanyň kesgitlemesi we onuň hirurgiýadaky ähmiýeti.
2. Ýokançsyzlandyrma näme we onuň görnüşleri .
3. Rezin ellikleriň ýokançsyzlandyrylyşynyň usullary .
4. Näme üçin gyzgynlyk şkafynda daňy materiallaryny ýokançsyzlandyryp bolmaýar.
5. Dikmek üçin ulanylýan materiallarda bakteriologiki barlag nähili geçer .
6. Daňy materiallaryň görnüşleri .
7. Bikse materiallary ýerleşdirmegiň görnüşleri.
8. Bikslerde ýokançsyzlandyrmagyň barlagy nähili geçirilýär.
9. Eli ýokançsyzlandyrmagyň usullary .
10. Operasion meýdany ýokançsyzlandyrmagyň usullary.

Ýumuşlar.

1. Ýokançsyzlandyrmagyň hilini kesgitlemek üçin çüýşe gaby biksde ýerleşdirilen kükürt poraşogy eremändir.Şu ýagdaýda materialy ulanmak mümkinmi ?
2. Awtoklawga 1.1 otmosfera basyşda 30 min dowamynda daňy materiallary ýokasnçsyzlandyryp,daňy daňylýan otaga getirilipdir.Haýsy etapda ýalňyşlyk goýberilipdir?

IV.BAP.

## Hirurgiýanyň işini guramak. Hirurgiýa operasiýasy.

### Arassa we iriňli hirurgiýa barada düşünje.

Hirurgiýa beýleki medisina ugurlaryna seredende, näsaglary kesmek (operasiýa) arkaly bejerilýär. Operasiýa edilende zyýansyzlandyrmagyň esasy düzgünleri berjaý edilýär. Eger-de ýokarky agzalan çäreler berk berjaý edilmese, onda operasion ýaralaryň, iriňläp, dürli azgynlyklaryň ýüze çykmagy mümkin .

Syrkawlary arassa we iriňli ýaralar toparyna bölýärler. Şonuň üçin hem hirurgiýa bejeriş edarasy arassa we iriňli bölümlerinden durýar .Arassa hirurgiýa bölüminde iriňsiz ýaralar we hirurgiki taýdan sowuklap çişmeler bejerilär . Iriňli hirurgiýa bölüminde , iriňli ýaralar , hirurgiki ýokançly keseller bejerilýär.Bu bölümde ýokançsyzlandyrmagyň düzgünleri aýratyn hem berk berjaý etmeli, sebäbi düzgünlere laýyklykda işlenmese , onda keselhanada ýokanç keselleriň köpelmegi mümkin.

### Hirurgiýa bejeriş edarasynyň gurlyşy.

Kabul ediş bölümi . Näsaglary keselhana kabul ediş bölüminden başlanýar . Ol ýerde syrkawyň keseliniň haýsy ugurdandygy kesgitlenip, şol profil keselleri bejerýän bölümlere ýerleşdirilýär . Kabul ediş bölümi belläp alyş ( registratura), syrkawlary görüş, ýuwunmak üçin we egin eşikleri saklar ýaly otaglardan durýar . Şeýle hem kabul ediş bölüminde ýokanç keseller üçin niýetlenen aýratyn otag (izolýator ) bar .Kabul ediş bölüm,bölümdev styrkawlary ýuwundyryp . saçlary barlap ,olara keselhananyň eşiklerini geýdirilýär.

Umumy hirurgiýa bölümi. Bu bölüm otaglardan, operasion blokdan, daňy daňylýan otagdan şeýle hem arassaçylygy saklamak üçin niýetlene otaglardan we syrkawlaryň naharlanýan otagyndan ybaratdyr.

**Döwük –ýenjik bölümi** . Bu bölüm hem hirurgiýa profiline degişli bolup, ol ýerde döwüklerde,çykyklarda we beýleki şikes ýetmelerde medisina kömegi berilýär. Umumy hirurgiýa bölüminden aýratynlykda,bu bölümde rentgen otagy , gaty (gipsli )we ýumşak daňy daňylýan otaglary ,şeýle hem fizioterepewtiki otaglar bar.Operasion blogy ( operasiýa geçirilýän bölüm ).Bu bölüm operasiýa geçirilýän otaglardan, operasiýa çenli otaglardan, narkoz berilýän otagdan we zyýansyzlandyryjy otaglardan ybaratdyr.

### Operasiýa geçirilýän otagyň arassalaýyş işiniň birnäçe görnüşleri bar.

1. Operasiýa gidip durka geçirilýän arassaçylyk işi – ýere gaçan daňy materiallaryny galdyrmakdan. Pola daman gany syrmakdan we beýleki hapalanan materiallary ýygnamakdan ybaratdyr.
2. Jemleýji arassalaýyş işi - bu iş operasiýa gutaran dessine geçirilýär. Onda adam boýuna barabar otagyň diwaryny, poly,şeýle hem mebelleri ýuwýarlar.

3. General (giňişleýin ) arassaçylyk işi hepdede bir gezek geçirilýär. Onda mehaniki tarapdan we himiki serişdeleriň kömegi bilen poly, diwarlary, patalogy hem-de aýnalary arassalaýarlar.
4. Ilkinji (başlangyç ) arassaçylyk işi her operasiýadan öň geçirilip , onda pol öl esgi bilen süpürilýär.

Daňy daňylýan otag. Uly hirurgiýa bölümlerinde köplenç iki sany daňy daňylýan otag bolup , olaryň biri arassa ýaralary , beýlekisi bolsa iriňli ýaralary işläp bejermek üçin niýetlenendir.Daňy daňylýan otagda köplenç ýagdaýda öz içinde gerek bolan materiallry, hirurgiýa gurallary ýokançsyzlandyrylýar. Daňy daňylýan otagyna edilýän talap ,operasiýa geçirilýän otaga talap edilişi ýaly edilýär .Iş güni gutarandan soň ,otagyň içi ultra melewşe şöhlesi bilen ýokançsyzlandyrylýar .

Otaglar – hirurgiýa bölümindäki otaglar uly , ýagty , howasy gowy çalyşan bolmaly. otaglaryň howasynyň ýylylygy 18-20 $^{o}$ -dan pes bolmaly däl .

Şepagat uýasynyň nobatçylyk edýän ýeri. Koridoryň ugrunda otaglara ýakyn ýerde, nobatçy şepagat uýasyna niýetlenen stol we oturgyç bolmalydyr. Onuň ýanynda syrkawlar bilen aragatnaşyk saklar ýaly „ Ýagtylandyryjy“ ýa-da „Seslendiriji“ apparaty bolýar. Käbir bölümlerde ýöriteleşdirilen telefon arkaly syrkawlar bilen aragatnaşyk saklanylýar. Şeýle hem nobatçy şepagat uýasynda bölümdäki syrkawlar üçin gerekli bolan däri dermanlar saklanylýn şkaf bolmaly.

Döwük – ýenjik nokady . Käbir keselhanalarda däwük- ýenjik nokady bolup, onda operasiýa edilýän , gaty (gipsli) we ýumşak daňy daňylýan otaglar we rentgen şöhlesi arkaly barlag geçirilýän otag, bu nokatda ilkinji medisina kömegi berilýär. Eger-de şikeslini keselhana ýerleşdirip bejermeli bolsa , onda şol ýerde göni döwük – ýenjik bölümine ugradýarlar.

**Hirurgiýa operasiýasy barada düşünje**.

Hirurgiýa operasiýasy – bu mehaniki hereket bilen kesmeklik arkaly dokumalardaky , synalardaky keselleri bejermek diýmekdir.

**Operasiýanyň birnäçe görnüşleri bar:**

1. Meýilleşdirilen operasiýa – syrkaw operasiýa gowy taýýarlanandan soň geçirilýär.
2. Gyssagly operasiýa - birnäçe günüň içinde syrkaw taýýarlanandan soň geçirilýär.
3. Gaýragoýulmasyz operasiýa – syrkaw keselhana düşen dessine ony gysga möhletde operasiýa taýýarlap bolandan soň geçirilýär.

Operasiýanyň ýokarda sanalan görnüşleri wagt hasaby boýunça bölünen. Olar häsiýeti boýunça aşakdakylara bölünýärler .

1. Tutuşlaýyn kesip almaklyk operasiýasy (radikal) görnüşde potalogiki öýjük ýa-da syna tutuşlaýyn alynýar .
2. Polliatiz operasiýasy (bu operasiýanyň görnüşi köplenç ýagdaý-da çiş döwük kesellerinde ulanylýar).

Ýokardakylardan başgada olar ganly we gansyz operasiýalara bölünýär. Ganly operasiýa adyndan belli bolşy ýaly, ol dokumalary , synalary kesmek arkaly bejerrilende bolup biler .

Gansyz operasiýa çykyklary ýerine salmak ýa-da döwülen süňkleri seýiklemek mysal bolup biler.

## Hirurgiýada ulanylýan gurallar .

Hirurgiýa operasiýasynda ulanylýan gurallar uly iki topara bölünýär.

1. **Umumy gurallar**- ähli operasiýalarda ulanylýar. Olara kesiji , kömekçi , dokumalary birleşdiriji we gan duruzyjy gurallar degişlidir .
2. **Ýöriteleşdirilen gurallar** – haýsy hem bolsa belli bir operasiýada (süňkde ,beýnide , böwrekde we ş. m.)

Umumy gurallaryň toparyna :

Kesiji gurallar: a) ýiti uçly skalpel b) garynlyjak skalpel ; w) ýiti uçly göni gaýçy ; g) Kuperiň gaýçysy ; d) gan damar gaýçysy .

Kömekçi gurallar : a) dişlije jübtek; b) hirurgiki jübtek ; w) anatomiki jübtek ; g) Koheriň zondy; d) oýtumlyja zond ; e) ilik şekilli zond; o)köp dişli ildirgiçler; ž)Farabefiň ildirgiji; k) korsang.; l)gysdyryjylar .

Gan duruzyjy gysyjylar we ligatur iňňeleri: a) Koheriň gysyjysy ; b) Biltoryň gysyjysy ; w) moskit görnüşdäki gysyjy ; g) Deşanyň iňňesi ; d) umumylaşdyrylan ligatur iňňesi .

Dokumalary birleşdiriji gurallar a) Gegaryň iňňe saklaýjysy; b) – w) içege iňňesi g) – d) kesiji üç gyraly iňňe e) şikeslendirmeýän iňňesi; ž) Mişeliň gysdyryjylar topary .

Şprisler : a) Žane şprisi ; b) „ Rekord „şprisi .

Garyn boşlygynda ulanylýan gurallar:

1. Gosseniň ýara giňeldijisi; 2.Mikuliçiň ýara giňeldijisi; 3. Rewerdeniň şpateli; 4. ýumşak içege jomlary ; 5. gaty gysyjy içege jomlary; 6. Paýeriň aşgazan jomy .

Süňklerde ulanylýan gurallar : 1. Farabefiň dogry we egri raspatorlary ;2. ýassy we oýtymly köwüji ;3.süňk çapyjy ; 4. hirurgiki çekijler;5. egri byçgy ; . Jigliniň sim byçgysy ;7.Olýeniň gysyp tutujylary ; 8.Farabefiň gysyp tutujylary; 9. Lýueriň dişleýjisi; 10. Listonyň kesijileri.

El –aýakdaky operasiýalarda ulanylýan gurallar ; 1. uly kesip aýyryjy pyçak; 2. orta hili kesip aýyryjy pyçak; 3. kiçi kesip aýyryjy pyçak ;4. iki taraplaýyn kesýän pyçak ; 5. falangal pyçagy; 6. kesip aýyryjy pyçak ;7. skalpel ;8. retrentor.

Dem alyş ýolyna konýulýa goýmak üçin ulanylýan gurallar: 1. düzülen we sökülen görnüşdäki kanýulýa;2.Trussonyň traheýa giňeldijisi ;3. ýeke dişli tutujy

Döş kapasasynda we ondaky organlardaky operasiýalarynda ulanylýan gurallar: 1.Duasidyň raspatory;2. Duaýeniň dişleýjisi ;3. Şumaheriň dişleýjisi ;4. Ştilleniň dişleýjisi ;5.Lueriň tutujysy ;6. ýara giňeldijisi ;7.Fridrihiň tutujysy.

Kelle beýniniň operasiýalarynda ulanylýan gurallar : 1.birnäçe frezli kelle süňkini deşiji ;2. Žigliniň sim byçkysy ;3. raspatorlar ; 4. beýni şptelleri; 5. dissentorlar ;6. gaýçylar .7. klipsiler.

Peşew bölüp çykaryş organlardaky operasiýalarda ulanylýan gurallar : 1.Fýodrowyň böwrek gysyjysy ;2. rezin katetory; 3-4 demir katetorlar; 5.sistoskop; 6. dürli ululykdaky we uzynlykdaky peşw akdyryjy kanallaryň katetorlary ; 7. katetor geçirýän sistoskop;

Göni içegelerdäki operasiýada ulanylýan gurallar:1. rektoskop(gäni içegäni göriji gural ) 2.göni içege aýnalary .



Gurallaryň görnüşi

Ýokarda sanalyp geçilen gurallardan başgada köp gurallar hirurgiýada ulanylýar . Häzirki döwürde köp hirurgiýa bölümlerinde emeli usul bilen gan aýlanyş apparaty , elektro ensofolografiýa (kelle beýniniň biopotensiallygy ýazga geçirýän )apparaty, şeýle hem tokly pyçaklar we termokagulýatorlar (gan akmasyny duruzmak üçin giňden ulanylýar .) Peşew bölüp çykaryş synalaryndaky operasiýalarda ulanylýan gurgallar .Göni içegedäki operasiýalarda ulanylýan gurallar.

**Operasion şepagat uýasynyň işiniň aýratynlyklary:** . Operasion otagy operasiýa taýýarlamak diňe operasion şepagat uýasynyň borjyna degişli .

1. Operasion blokdaky ähli otaglarda arassaçylyk işini geçirmek.
2. Hirurgiki gurallar we olary operasiýa taýýarlamak.
3. Daňy materiýallary we olary operasiýa taýýarlamak.
4. Tikin materiallar we olary operasiýa taýýarlamak.
5. Operasion bloga gerekli bolan enjamlar dermanlar bilen bölümi üpjün etmek degişlidir.

Operasion kiçi şepagat uýasy operasiýa mahalynda şepagat uýasyny, hirurgy, ünüsden düşürmeli däldir, aseptikanyň düzgüni bozulsa ol hakda ýatladyp durmaly.

Operasion şepagat uýasynyň esasy işi operasiýa wagtynda hirurga gerekli bolan gurallar we beýleki gerekli bolan daňy materiallary bilen üpjün edip durmakdyr.Operasion şepagat uýasy, göwrümlerde operasiýa geçirilýän wagty daňy we beýleki materiallarynyň galmazlygyna jogapkärdir. Şonuň üçin operasiýadan öň we soň ulanylýan materiallaryň sanyny takyk bilmeli Operasiýa geçirýän hirurgyň kömekçisi bolmadyk wagtynda, operasion şepagat uýasy oňa kömekleşmelidir.Tejribeli we hoşniýetli şepagat uýasy oňa kömekleşmelidir. Tejribeli we hoş niýetli şepagat uýasy hemişe hirurgyň ,adam janyny halas etmek üçin onuň ilkinji kömekçisi bolup durýar. Şony hiç haçan ýatdan çykarmaly däldir.

**Barlag soraglary .**

1. Hirurgiki medisina kömegi nämeden ybarat .
2. Hirurgiki bölümiň gurluşy .
3. Iriňli hirurgiýa bölüminde edilýän medisina kömegi.
4. Hirurgiki gurallaryň görnüş toparlary .
5. Ýaralary ilkinji hirurgiki taýdan işläp bejermek üçin haýsy gurallar topary gerek .
6. Umumy ulanylýan gurallar topary.
7. Garyn boşlugyndaky operasiýalarda ulanylýan gurallar .
8. Süňk operasiýasynda ulanylýan gurallar .
9. El- aýak operasiýasynda ulanylýan gurallar.
10. Dem alyş ýoluna konýula goýmak üçin ulanylýan gurallar.

11. Döş kapasasyndaky we ondaky organlardaky operasiýalarda ulanylýan gurallar.
12. Kelle beýnidäki operasiýalarda gerek bolan topary.
13. Peşew bölüp çykaryş synalardaky operasiýalarda gerek bolan gurallar.
14. Operasion şepagat uýasynyň işiniň aýratynlyklary.
15. Operasion şepagat uýasynyň borjy.
16. Operasion blogyny ýokançsyzlandyrmagyň düzgünlerini berjaý etmeklikde operasion şepagat uýasynyň roly.

## Operasiýadan öňki we soňky döwürler.
## Syrkawlara gözegçilik etmegiň esaslary.
## Operasiýadan öňki döwür we syrkawy operasiýa taýýarlamagyň esasy düzgünleri.

Operasiýadan öňki döwür diýilip, syrkawyň keselhana gelenden soň, tä operasiýa başlanjak wagtyna çenli aralyga aýdylýar. Bu döwür özüçe iki bölekden duryar:

1.Kesel anyklaýyş döwri. Bu döwürde syrkawy gowy barlap, onuň keselini anyklaýarlar we operasiýany geçirip boljagyny hem-de bolmajagyny kesgitleýärler.

2.Operasiýanyň öň ýanyndaky döwür. Bu döwür kesele we syrkawa bagly bolup, onuň dowamlygy birnäçe minutdan günlere çekip biler.

Operasiýadan öňki döwrüň esasy meselesi –operasiýanyň howplylygyny peseltmekdir.Bu diýdigimiz synalaryň we ulgamlaryň işlerini kadalaşdyryp, boljak operasion ýaranyň beterleşmezligini gazanmakdyr. Eger haýsy hem bolsa bir synada ýa-da sistemada näsazlyk bolsa, onda lukman şony kadalaşdyrmak üçin, ýörite dermanlary ulanmaklygyny görkezýär.Lukmanyň görkezmelerini şepagat uýasy öz wagtynda ýerine ýetirip durmalydyr.

Dem alyş synalaryň barlananda, hiç hili sowuklama keseliniň alamatlary bolmaly däl.Mundan başga-da operasiýa gitjek syrkawlaryň döş kapasasy rentgen şöhlesiniň kömegi bilen barlanmalydyr.

Iýmit siňdiriş synalary.Operasiýadan öň syrkaw hökmany suratda näsag dişlerini bejertmelidir.Eger-de aşgazanda,aşgazan asty mäziň ýa-da öt haltadan bir kesel tapylsa, ony bejermeli.

Peşew bölip çykaryş we jyns synalary.Agzalan synalaryň kesellerini kesgitlemek üçin labaratoriki barlaglary geçirmeli.

Operasiýa mahalynda gan akyşy güýçlenmezligi üçin, gyz-gelinlerde „aýbaşy“ gidip durka operasiýa geçirmek bolmaýar.

Gan we gan aýlanyş synalary.Operasiýadan öňki döwürde diňe umumy barlag geçirmän, eýsem ganyň akyş tizligini, onuň lagtalanyşyny, pulsyny we ganyň basyşyny barlamaly.Eger ganyň lagtalanyşy kadaly bolmasa,onda syrkaw operasiýa wagtynda köp gan ýitirmegi mümkin,eger-de tersine bolsa onda operasiýadan soňky döwürde gan damarlarynda tromblaryň(ganyň lagtalanmagy netijesinde) emele gelmegi mümkin.

Nerw ulgamy.Käbir syrkawlar boljak operasiýadan gorkup tolgunýarlar we ejir çekýärler.Şeýle ýagdaýda medisina işgärleriniň esasy meselesi olary rahatlandyrmakdan we operasiýanyň gowy geçirjekdigini ynandyrmakdan durýar.

Deri örtügiň.Deri örtüginde hiç hili iriňli ýaralar bolmaly däl.Eger deri örtüginde ýara ýüze çyksa onda hökmany suratda ony bejermeli.Syrkaw operasiýadan öň gigiýeniki wannada ýuwunyp,operasiýa boljak güni bolsa,oprasiýa geçiriljek meýdanyň saçdyr-tüý örtügini päki bilen aýyrmaly.

## Ýaşy uly we garry syrkawlaryň operasiýa taýýarlanyşynyň aýratynlyklary.

Olaryň operasiýa taýýarlanyşy prinsipleri beýlekiler bilen birmeňzeş. ýöne beýleki syrkawlara seredeniňde,olary örän mylaýym ýagdaýda taýýarlamaly. Olaryň nerw ulgamy gowşak bolýar,şonuň üçin hem olar bilen gürleşende örän mylakatly bolmaly.Ýaşy uly we garry syrkawlarda ýürekde,gan aýlanyşda üýtgemeler bolmagy mümkin. Şeýle bolsa olary barlag netijesinde ýüze çykaryp, bejeriş işlerini geçirmeli.

Garry syrkawlarda iç gatmalar bolýar,bu bolsa operasiýany gowy netijede geçmegine päsgel berýär.Şonuň üçin hem operasiýadan öňki döwürde olara kleçatka baý iýmitler hem-de turşy süýt önümlerini (gatyk) bermeli.Bulardan başga-da olarda arassalaýyş klizmalaryny geçirip durmaly.

## Ysgynsyz syrkawlary operasiýa taýýarlamagyň aýratynlyklary

Ysgynsyz, köp wagtlap keselden ejir çeken syrkawlarda operasiýa taýýarlanyş pursaty örän giňişleýin we ähmiýetli geçirmeli.Sebäbi ysgynsyz ýagdaýda operasiýa edilse,operasiýadan soňky döwürde her hili beterleşmeleriň bolmagy mümkin.Şeýle ýagdaýdaky syrkawlara witamine baý bolan iýmitleri bermeli.Özbaşdak iýmitlenip bilmeýän syrkawlary klizmleriň üsti bilen iýmitlendirmeli.

## Çagalary operasiýa taýýarlamagyň aýratynlyklary.

Syrkaw çagalary bejermekde, olary operasiýa taýýarlamakda mylakatly sözler bilen taýýarlananda, olaryň tiz sagalmagy gazanylýar.Operasiýa geçirilmezden öň çaganyň ýakyn hossarlaryndan ýazgy görnüşinde olaryň operasiýa razylygyny almak zerurdyr.Operasiýa taýýarlanyş pursaty syrkawyň ýaşyna we keseline baglydyr.

## Gaýragoýulmasyz operasiýa taýýarlanyş işi

Bu ýagdaý aýratyn hem ýiti hirurgiki kesellerde bolup, känbir goşmaça barlag işlerini geçirmän, kliniki alamatlar netijesinde keseli kesgitlep,doly däl arassalaýyş işlerini geçirip, syrkawda operasiýa geçirýärler.

## Operasiýadan soňky döwür.

Operasiýa gutarandan soň,syrkaw keselhanadan çykyp,onuň işe ukyplylygy dikelýänçe aralyga operasiýadan soňky döwür diýilýär.Bu döwrüň uzaklygy syrkawyň ýaşyna, kesele,operasiýanyň çylşyrymlylygyna bagly bolup, birnäçe günlerden aýlara çekip biler.Bu döwürde syrkawlaryň tiz sagalyp gitmegine orta medisina işgärleriniň roly gaty uludyr.Olar öz wagtynda

lukmanyň görkezmelerini ýerine ýetirip, syrkawlara mylakatly gözegçilik etseler,operasiýadan soňky döwür gysgalyp, syrkawlar tiz sagalyp giderler.

## Operasiýa geçirilýän otagyndan syrkawy alyp gaýtmak

Operasiýadan soň, syrkawy operasiýadan soňky palata,anestiziologyň ýa-da anestizist şepagat uýasynyň ýolbaşçylygynda alnyp gaýdylmaly.Syrkaw alnyp gaýdylanda örän usullyk bilen, hiç hili goşmaça şikes ýetirmän, ýöriteleşdirilen göterijilerde (nosilkalarda) sürüjilerde (katalkalarda) getirilýär.Syrkaw nädogry getirilende şikes ýeten syrkawa goşmaça şikes ýetip, onda şok ýagdaýy döräp biler, şeýle hem gan akmasynyň güýjemegi süňk bölekleriniň, ýeriniň üýtgemegi mümkin.Syrkawy usullyk bilen ele alyp,ony usullyk bilen krowadyň üstünde ýatyryp goýýarlar.

## Palatanyň we syrkawyň düşeginiň taýýarlanylyşy.

Soňky wagtlarda uly çylşyrymly operasiýalardan soň , syrkawlary 2-4 günläp reanimasion (janlandyryş) bölüminde saklaýarlar . Soňra syrkawyň ýagdaýyna seredip , operasiýadan soňky ýa-da umumy otaglara syrkawy ýerleşdirýärler.

otaglarda merkezleşdirilen kislarod beriji serişdeler – enjamlar , gurallar , apparatlar hemde dermanlar bolmaly . Ýokarda sanalanlar syrkawlara gaýragoýulmaz kömegi bermek üçin gerekdir ,syrkawyň ýatjak ýerini öňinden taýýarlaýarlar ýorgan – düşek daşlary, şeýle hem ýassyk daşlary täzeläp, olary ýylatmaly.Köplenç operasiýadan soň, syrkawlar derlegen bolýarlar , şonuň üçin hem olaryň eşiklerini tiz-tizden çalşyp durmaly bolýar. Içki geýimler çalşylanda ilki bilen köýneginiň arka tarapyndan ýokary galdyrylyp , kellesiniň üsti bilen ony döş tarapa geçirýärler ,soňra bolsa öňlerini çykarýarlar . Eger-de syrkawyň haýsy hem bolsa bir eli näsag bolsa , onda ilki bilen sag eliniň ýeňini çykaryp , soňra bolsa näsag eliniň ýeňini çykarýarlar .Geýdirende bolsa, ýokardakylary tersine ýerine ýetirýärler .Düşek daşlar kirlände , hapalananda olary öz wagtynda çalşyp durmaly .Çalyşanda ,ilki bilen syrkawy bir gapdala agdaryp , kirli , hapalanan düşek daşlary syrkawyň arkasyna degýänçe ýygnamaly , ygnalan ýere bolsa arassa düşek daş ýazyp , syrkawy beýleki gapdala agdaryp, köne daşlygy taşlap, täzesini ýazmaly .Düşek daş çalşylanda hiç hili büdür –südür bolmaly däl. Sebäbi olaryň syrkawyň teninde ýatgy ýarasynyň döremegi sebäp bolmagy mümkin .Ýatgy ýarasynyň döremezligi üçin syrkawyň teniniň düşege degip duran ýerine rezin tegelekleri goýýarlar.Ondan başgada (syrkawyň ýagdaýy mümkinçilik berse )syrkawlary tiz-tizden (günde 3-4 gezek) ýerlerinde öwürip durmaly , bu bolsa gan aýlanmagynyň bozulmagynyň öňüni alýar .

## Syrkawlara gözegçilik etmek .

Syrkawlara gözegçilik etmekde şepagat uýasynyň roly gaty ulydyr.Syrkawlary operasiýadan soňky otagyna şepagat uýalary berkidilýär . Şepagat uýalary wagtly –wagtynda syrkawlaryň pulsyny , dem alşyny ,gan basyşyny ,bedeniniň gyzgynyny , içen we çykaran (peşew arkaly) sowuklyklarynyň mukdaryny barlap , olary her 30-60 min ýazga gaçirip durmaly .

Syrkawyň arzyny diňlemek gaty zerurdyr.

Operasiýadan soňky döwürlerde her hili beterleşmelerini bolmagy mümkin. Şol beterleşmeler bolmaz ýaly syrkawa umumylaýyn seretmek.

Ýürek- gan damar sistemasy.Ýürek gan damar ulgamyna işleýişini pulsa, gan basyşyny galybersede deriň örtüginiň reňkine seredip bilse bolýar. Eger-de ýokarkylarda üýtgeşmeler bolsa, ol hakda hökmany lukmana habar ýetirmeli.

Dem alyş ulgamlary operasiýadan soňky döwürlerde dem alyş ugamlarynda, syrkawda her hili beterleşmeleriň bolmagy mümkin.Göwrümlerde operasiýa geçirilenden soň syrkaw doly ýagdaýda dem alyp bilmeýär.Sebäbi birinjiden kesilen ýeri agyrýar, ikinjiden hem syrkaw çykgynsyz ýagdaýda ýatmaly bolýar . Bularyň hemmesi hem öýken keseline getirmegi mümkin.Beterleşmeleriň öňüni almak üçin syrkawlara operasiýanyň ulylygyna,onuň çylşyrymlylygyna hem-de haýsy ýerde geçirilendigine garap, olara dem alyş maşklaryny mikroplara garşy dermanlar, massaž, wagtly – wagtynda çyglnan kislarod ,şeýle hem gakyrynar ýaly dermanlary görkezýärler.Ol görkezmeleri bolsa şepagat uýasy öz wagtynda ýerine ýetimelidir.



Syrkawyň ýarym oturan ýagdaýy



Syrkawyň rezin şaryny çişirişi

Iýmit siňdiriş ulgamy. Haýsy operasiýa syrkawda geçirilsede,iýmit siňdiriş ulgamlaryna täsir edýär.Täsiriň netijesinde aşakdaky ýaly alamatlaryň ýüze çykmagy ähtimaldyr.

Diliň guramagy.Ol bolup biler, haçanda syrkaw köp suwuklyk ýitirse ýa-da suw çalyşygy bozulsa.Şeýle ýagdaýlarda agyz boşlugyny suw bilen çaýkap,eger dodaklary ýarylan bolsa olara gliserin ýagyny çalmaly.Agyz boşlugy uzak wagtlap gurap galsa, agyz boşlugynyň nemli bardajygynyň we depme kesselleriniň ýüze çykmaklygy mümkin.

Gusmak, ögemek-köplenç ýagdaýda narkoz bilen baglanyşykly bolup, onda berilýän ilkinji kömek syrkawyň kellesini gapdala gyşardyp, onuň aşgazanyny ýuwmakdan ybaratdyr.

Içiň ýellenmegi (metiorizm)-munuň döremegine sebäbi, operasiýadan soň içegeleriň kadaly ýagdaýda işlemezligindendir.Içegeleriň işleýşini kadalaşdyrmak üçin aşakdaky çäreleri yzygiderli berjaý etmeli:

1.Syrkawyň ýagdaýyna seredip, ony wagtly- wagtynda ýerinden gorjap durmaly.Ýel çykar ýaly göni içegä rezinden ýasalan ölçykar goýmaly.Bu ýagdaýda 150-200ml 5% hlorly natriniň ergini bilen klizma edilýär.Şeýle hem deriniň aşagyna 0,05% 1-2 ml prozerin sanjylýar.

2.Agyr ýagdaýda Ognewiň klizmasyny edýärler(30ml gliserin ýagy,30 ml pereksli wodorodyň ergini,30 ml 10% hlorly natriniň ergini we 150 ml suw)

Içiň ýöreşmezligi (gatmagy).Içiň gatmazlygy üçin tiz aýaga galyp gitmeklik, gatyk, alma, iýmitlerden iýmitlenmek zerurdyr.Iç ýöremedik wagty arassalaýjy klizmalaryň kömegi bilen içegäni boşadýarlar.

Içiň geçmegi.Bu alamat inçe we ýogyn içegeler sowuklap çişseler we beýleki ýagdaýlarda bolup biler.Şeýle syrkawlara seretmeklik tiz-tizden olaryň artbujagyny ýuwup, bedenini süpürip we düşekleri çalşyryp durmagy talap edýär. Siýdik bölüp ulgamy.Bir gije-gündiziň dowamynda adam 1.5 litr golaý peşew bölüp çykarýar.Peşew özbaşdak çykmadyk ýagdaýynda,garnyň aşakky bölüminde gyzdyryjy goýmaly.Eger-de ýokarky çäre kömek etmedik ýagdaýynda,peşewi kateter bilen çykarmaly.

Nerw –psihiki ulgamy.Syrkawlaryň aýratynda operasiýadan soňky döwürde psihikasynyň gowy bolmagy wajypdyr.Nerw ulgamynyň işjeňliginin bozulmalary, lukmanlaryň görkezmelerini berk berjaý etmekden boýun towladýar.Şeýle ýagdaýda her hili beterleşmeleriň bolmagy mümkin.Şonuň üçin hem operasiýadan soňky döwürde dermanlar ulanylyp, şepagat uýalary syrkawlar bilen gürleşende mähirli, hoşamaý sözlemelidirler.

Daňylara gözegçilk etmek.Syrkawlar narkozdan oýananlaryndan soň nerw ulgamyny işjeňligi bozulmagy netijesinde olar bozgunlyk edip operasion ýaralaryň daňylaryny aýyrmaklary mümkin.Şeýle päsgelçilikler gan akmasyna we ýaralaryň iriňlemegine getirýär.Şepagat uýalary ýokardakylardan ägä bolup, v sähelçe ütgeşmelerde lukmanlara habar berip durmaly.Syrkawyň derisine(hamyna) seretmek.Syrkawlar düşekde köp galman ýatsalar, olarda ýatgy ýarasynyň döremegi mümkin. Ýatgy ýarasy dokumalaryň ölmegi netijesinde emele gelýän ýüzleý ýa-da çuň dörän ýaradyr.Munuň ýaly ýaranyň döremegi syrkawa erbet seredilendiginiň şaýadydyr.Olryň peýda bolmagyna düşegiň amatsyz ýazylmagy aşakda epin,düwün galmagy,düşegiň wagtly- wagtynda çalyşyrylmazlygy ýardam edýär.

Köýnegiň we prostynyň tikinleri,düwünleri,deriniň täret we peşew bilen hapalanan ýeriniň öz wagtynda ýuwulyp ardylmaýandygy sebäpli, agyr ýatan syrkawyň derisiniň suwjarmagyna (maserasiýa) ýardam edýär. Ýaltalykdan hamyň ölmegi-ýara dörmegi köplenç çatalbada, pilçede türrede, ökçede ýeňsede,ýagny ýumşak dokumalaryň süňk we düşek bilen gysylýan ýerlerinde bolýar.Şeýle ýaranyň has gowy profilaktikasy-olary dörедýän sebäpleri ýok edilmegine ybaratdyr

Ýatma zerarly ýara döreýjek ýerlerini kamfora spirtine,atyra, araga, naşatyr spirtiniň 0,25% erginine batyrylan has salfetkasy bilen azyndan günde 1-2 gezek sürtüşmeli we ýeňiljek massaž etmeli. Deriniň gyzaran ýerine (ýatgy ýaranyň ilkinji alamaty) günde 1-2 gezek kali permanganatyny erginini ýa-da ýaşyl brilantyň 1% spirtli erginini çalýarlar.Düşekde ýatan syrkawyň ýatyş ýagdaýyny yzygiderli üýtgedip durýarlar.

Syrkawlaryň iýmite operasiýanyň ulylygyna we çylşyrymlygyna bagly bolup, olaryň nähili iýmitlenmelidigine lukmanlar görkezme berýärler.

### Operasiýadan soňky döwürde ýüze çykaýjak beterleşmeler.

Operasiýadan soňky beterleşmeler irki (operasiýa gutaran dessine)we aradan birnäçe wagt geçenden soň ýüze çykyp biler.
Irki beterleşmelere ýüregiň durmagy, ýiti ýagdaýda dem ýetmezçilik, gan akma, öýkeniň sowuklap çişmegi we böwrekleriň işjeňliginiň ýetmezçligi degişlidir. Soňky beterleşmelere operasion ýaranyň iriňlemegi öýkeniň sowuklap, çişip, iriňlemegi, iriňleşen böwrek, bagyr we ýürek işjeňliginiň ýetmezçiligi degişlidir.

Gan akmasy haçan-da gan damardaky tikinler ýa-da operasiýada gutarnykly gan akmasy duruzylmadyk ýagdaýynda ýüze çykýar.Şeýle ýagdaýlarda gan akmasyny gutarnykly saklamaly we gemostatik( gany lagtalandyrýan) dermanlar sançmaly.Ýürek duýdansyz duranda we dem alyş kesilende ilkinji ölüm ýagdaýy emele gelýär.Eger dessine kömek berilmese(ýüregiň gönümel däl massažy we em eli usulda dem bermek), onda ony käbir halatlarda ölümden halas etmek başartmaýar.Şepagat uýalary lukmanlara garaşmazdan ýüregiň gönümel däl massažyny we emeli usulda dem bermegi başarmalydyrlar.Operasiýadan soňky döwürde öýkeniň sowuklap çişmegine syrkawyň operasion ýarasy (aýratyn hem göwredäki) narkoz sebäp bolýar.Syrkaw dem alan ýagdaýynda ýarasy agyryly bolýar, şonuň üçin syrkawlara profilaktiki maksady bilen, bakterialara garşy dermanlar sançmaly. Olara ulydan gowy dem alar ýaly,şeýle hem dem alyşa öýkeniň ähli bölümleri gatnaşar ýaly, olara kähalatlarda şar çişirmäni hödürleýärler. Şeýle hem olaryň arkasyna we döş kapasasyna bankalardyr-garçişnik (ýapylary) goýulýar.

Ýara iriňläp başlan wagty, operasion ýaranyň daş-töweregi gyzaryp çişýär. Bedeniň gyzgynlygy ýokary göterilip, operasion ýarada agyry güýçlenýär. Şeýle ýagdaýda ýaranyň tikinlerini söküp,bejermelidir.

**Barlag soraglary we ýumuşlar.**

1. Operasiýadan öňki döwür diýlip näme aýdylýar?
2. Gaýragoýulgysyz operasiýa syrkawlaryň taýýarlanylyşy.
3. Operasiýadan soňky döwrüň kesgitlemesi.
4. Operasiýadan soň syrkawlary palatalara eltmegiň usullary.
5. Operasiýadan soňky döwürde bolaýjak beterleşmeler.
6. Operasiadan soňky döwürdäki beterleşmeleriň öňüni almak üçin şepagat uýalarynyň roly.

1.Operasiýadan 5 sagat geçenden soň daňy gana ezilip, syrkawyň birden ysgyny gaçypdyr.

....... Barlanyp görülende: pulsy 120 urgy 1 minutda, ganyň basyşy 80-25ml simap sütüni boýunça.

Syrkawda nähili beterleşme ýüze çykypdyr?

Şeýle ýagdaýda şepagat uýasynyň işi nämeden ybarat?

2.Operasiýadan 5 gün geçenden soň,kesilen ýerde agyry peýda bolup, çişip başlapdyr.

Barlanyp görilende:operasion ýarany daş-töweregi çişip gyzarypdyr.Basylanda agryly.Syrkawyň bedeniniň gyzgynlygy 38, 8$^{o}$ C .

Syrkawda nähili beterleşme ýüze çykypdyr?

Şeýle ýagdaýda şepagat uýasynyň işi nämeden ybarat?

3.Aşgazandaky ýaranyň böwsülmegi zerarly geçirilen operasiýadan iki gün geçenden soň, syrkaw ýerinden turup, daňysyny aýyryp, şepagat uýasynyň duýduryşyna seretmän karidora çykjak boldy.

Syrkawa näme bolupdyr?Şeýle ýagdaýda şepagat uýasynyň işi nämeden ybarat?

# V.BAP.
# Agyrsyzlandyrma.

Agyrsyzlandyrmanyň taryhy we olar barada düşünje.

Gadymy Ýigipitde, Hytaýda,Gresiýada, Rimde agyrsyzlandyrma üçin mandragoryň köküni, belladonyň ekstraktony, neşe we şerap içgisini ulanypdyrlar.Bular organizmde içgi, derä sürtmek, şonuň ýaly hem klizma etmek görnüşinde ulanylypdyr.

1844-nji ýyllarda diş lukmany UELS agrysyzlandyrna serişde hökmünde azot zakisini, 1846-njy ýylda morton efiri,1847-nji ýylda N.I Perow 1848-nji ýylda Kawkazda, Salty obasynda uruş meýdanynda narkoz üçin efir ulanypdyr.

N.Pkrawkow 1902-nji ýylda wena damaryna goýberilen gedonal narkozyny ekspermental öwrenip,ulanmaklygy hödürläpdir.

S.P.Fedorow gedonal narkozyny 1910-nji ýylda keselhanada ulanypdyr.

Umumy agyrsyzlandyrma bilen bir hatarda ýerli agyrsyzlandyrmanyň usullarynyň üstünde alymlar köp işläpdir.

1879-njy ýylda öz alymy W.K. Anrew. Kokaniň agyrsyzlandyrna täsirini açypdyr.Ony ofolmalogiýada ýerli geçirijilik agyrsyzlandyrmada ulanypdyrlar.

Nowokain 1905-nji ýylda Eýhorn tarapyndan açylypdyr.Onuň 0,25% erginini A.W.Weşnewskiý tarapyndan ýerli agyrsyzlandyrmada ulanmaklygyň usuly işlenip düzilipdir.

Nemes hirurgy Ber. 1897-nji ýylda oňurga ýilik agyrsyzlandyrmany hödürläpdir.

Ýokardaky sanlardan başga-da narkozyň garaşyk we kombinirlenen görnüşleri bar Şu görnüşli agyrsyzlanmada maşsa relaksanatlary ulanylyp, myşsalar gowşadylýar, şeýle hem ol intubasiýa emeli dem alyş apparatlarynda geçirmekligine mümkinçilik döredýär.

Anesteziologiýa- bu medisina ylymlarynyň bir bölümi bolup ol agyry duýujylygy aýyrmaklygy öwredýän ylymdyr.

Reanimatalogiýa – Organizmdäki terminal döwründe bolup geçýän üýtgeşmeleri we bejermekligiň usullaryny öwredýän ylymdyr.

## Umumy agyrsyzlandyrma (narkoz)

Narkoz- Anestetik serişdeleriniň kömegi bilen merkezi nerw sistemany beýhuş edip agryny duýguny we reflekseri ýok etmek usulydyr.Narkozyň görnüşleri:Narkotik maddalaryň beriş ýollary boýunça ingalýasion we Ingalýasion däl agyrsyzlandyrmalara bölünýär.

Ingalýasion narkozda narkotiki serişdeler dem alyş ýolunyň üsti bilen berilýär.

Birnäçe toparlara bölünýär.

1.Arassa narkoz-diýe bir narkotik maddada berilýär.

2.Gatyşyk narkoz- yzygiderli birnäçe narkotik maddalar goýberilýär.(azot zakisi we efir).

3. Kombinirlenen narkoz- yzygiderli birnäçe narkotik maddalar berilýärýa-da wena gandamaryndan narkotik goýberilip beýleki preparat dem alyş ýolunyň üsti bilen berilýär.Ingalýasion narkoz.

Narkozyň bu görnüşinde narkotik maddalardan (efir ftoroton) ýa-da gazlarda ( zakis azot, siklopropan) dem almak arkaly amala aşyrylýar.Ingalýasion narkoz üçin şeýle narkotik maddalar ulanylýar:

1.Suwuk narkotik maddalar- efir,hloroform,hloretil,ftorotan, pentran trihloretilen)

2. Gaz şekilli-narkotikler-azot zakisi siklopropan,etilen.

Narkotik maddalaryň farmakalogiki täsiri doly öwrenilenok.Narkozyň täsirini öwredýän birnäçe teoralar bar.Alymlaryň çaklaýyşyna görä narkotiki maddalar merkezi beýni sistemasyny ysmazlyk täsirini berýär.

**Narkozyň döwürleri.**

Narkozyň geçiş döwründe onuň derejesi ulanylýar. Narkotiki maddalaryň görnüşine we konsentrasiýasyna bagly bolýar.

1.**Agrysyzlandyryjy döwür** 3-4 minut dowam edýär. Agry duýujylygy ýitýär.Görejiň ýagtylyk duýujylygy, gan basyşy we puls öz derejesinde saklanýar.

2.**Gyjynmany syzyş döwri-** dowamly bolup hereket, sözleýiş reaksiýalary ýokary bolýar.Gan basyşy ýokary pulsy çaltlaşýar.Bu derejede adam serhoş ýagdaýyny ýatladýar.

3.**Hirurgiki dereje (narkoz ukusy)** – bu derejede näsag doly uka gidýär we hirurg operasiýasyny geçirýär.

Buda 4 sany derejä bölünýär:

1.Näsag doly huşdan gidýär.Agryny duýmaýar, görejler kiçelýär, myşsalarda üýtgeşme ýok

2.Göreşler kiçi göz perdesiniň duýujylygy pes ýa-da bolmaýar.Myşsa myssalýar.

3.Bu derejede puls haýallaşýar gan basyşy peselýär, dem alyşy ýüzleý bolýar.Göziň hanasy giňelýär göz perdesiniň refleksi ýitýär,myşsa doly gowşaýar.

4. **Bu derejede dem alyşa gaty ýüzleý**,görej kiçelýär, görejiň ýagtylygy duýyjylygy ýitýär.Puls çaltlaşýar gan basyşy pese düşüp başlaýar. Narkozyň bu derejesi ölüm howpludyr. Operasiýa köplenç 4 derejäniň 1-2-3-nji derejelerinde geçirilýär.

5.**Oýanyş derejesi** narkozyň ählia alamatlary ýok bolup näsag oýanýar.

**Ingalýasion narkoz üçin ulanylýan maskalar we apparatlar.**

Häzirki wagtda köp maskalar hirurgiýa praktikasynda ulanylmaýar.Ýöne olaryň taryhy örän uludyr.Olara esmarkyň Ombrenada-Sadowenkonyň,Şimelbuşuň we Žeýaryň maskalary degişlidir.

Häzirki wagtda ýöriteleşdirlen narkoz apparatlary giňden ulanylýar.Narkoz apparady 4 sany esasy blokdan durýar – reduktory balondan, duzimetrden, bugaryjy we dem alyjy sistemasyndan durýar. Kislarot balonyň daşy gök bolýar.Balondan gelýän kislorodyň ýa-da gazyň basyşyny azaltmak üçin oňa reduktor oturdylýar.Dozimetr pribory gazyň harçlanyşyny görkezýär.Bugardyjy pribor – sowuk narkotiki maddalar (efir, hloroform, ftoritan) üçin niýetlenendir.

Narkoz apparatynyň dem alyş sistemasy, apparatdan syrkawa kislorot we narkotiki maddany eltip üpjin etmekden durýar. Apparatyň kömegi bilen narkoz bermeklik 4 shemanyň birinde geçirilýär.

1.Açyk kontur- syrkaw narkotik maddasyny we atmosfera howasyndan dem alyp demi atmosfera çykarýar.

2.Ýarym açyk kontury – munda syrkaw narkotik maddasyndan we kislarotdan dem alyp demi atmosfera çykarýr

3.Ýarym ýapyk kontury – munda syrkaw demi narkotik maddasy we kislorody apparadyň üsti bilen alyp demi bölekleýin atmosfera we apparatdan dem alyş sistemasyna çykarýar

4.Ýapyk kontur- çykarylan dem doly dem alyş haltasyn berilýär soňra bolsa atsarbeniň üsti bilen ýene-de syrkawa berilýär.

Ingalýasion narkozynyň syrkawda beterleşme döretmegiň sebäpleri

Beterleşme 2 topara bölünýär

1.Narkoz geçirlip duran wagty syrkawyň agyrlaşmagy narkoz apparatynyň näsazlygy we syrkawuň ýagdaýynyň agyr bolmagy bilen baglanşyklydyr.Şeýle ýagdaýda bogulmaklyk. Ýüregiň we dem alşyň durmagy mümkin

2.Narkozdan soňky döwürde keseliň agyrlaşmagy – öýken atelektazasy. Bronhitler. Bagryň yiti sary distrofiýasy, böwrekde oliguriýa we albuminuriýa, nerw damarlary gysylyp ysmaz ýüze çykmagy mümkin.

Şu aşakdaky kesellerde ingalýasion narkoz bermek bolmaýar:

1.Ýiti öýken çişme (pnewmoniýa) keselinden
2.Bagryň işleýşiniň bozulmagynda (gepotit)
3.Böwregiň işleýşiniň bozulmagynda (ýiti nefrit)
4. Agyr derejedäki gan azlykda we kaheksiýada
5.Ýürek damar kesellerinde (gan basyşy ýokary bolanda)

## Syrkawy narkoza taýýarlamak .

Syrkawy narkoza taýýarlamak- syrkawa ummumy operasia taýýarlamaklyga goşulýar.Operasiýadan öň anesteziolok premedikasiýa etmeklige görkezme berýär. Premedikasiýanyň maksady- syrkawy rahatlandyrmak we narkozyň geçişini gowulandyrmadan ybaratdyr.Premedikasiýada (fenobarbital) agry aýryjylar (promidol,amnapol) antigistaminler (dimedrol,pipolfen) ulanylýar.Narkoz stolynda endotrahial (trahiýanyň içinden goýberilýän) turbajyklar, agyz giňeldiji, dil tutyjy gurallar howa geçiriji turbajyklar, gaýçy, larengoskop. Ýokançsyzlandyrylan hasa şarjagazlar, hasa salfetkalar, gerekli dermanlar bolmaly.

## Narkozyň maska usulynda geçirilişiniň tehnikasy

Bu usulda efir, hloroforum peýdalanylýar. Syrkawuň pratezi bar bolsa aýyrmaly. Ýanyk almazlyk üçin burna,çekge . eňege wazelin ýagy çalynýar.Narkotik madda siňdirlen maskany ýuwaşlyk bilen syrkawyň agzyna burnuna berkidilýär.Narkotik maddanyň ýitgisini azaltmak üçin platensA bilen maskany berk ýapýarlar.Maskanyň ýokarsynda narkotik maddany damdyrýarlar. Syrkowyň dem alyşyny gowy eder ýaly wagtal wagtal maskany ýokary galdyryp

durmaly ýa-da maskanyň aşagyna kislorod ýassyjygynyň turbajygyny sokup kislorod berip durmaly.

### Apparat –maska narkozynyň geçiriliş tehnikasy.

Syrkawuň ýüzüne rezin maskany berkidip ilki maska syrkaw öwrenişer ýaly kislorod berilýär, Soňra ýuwaşlyk bilen narkotik maddany (efir) kiçi konsentrasiýasyndan uly konsentrasiýasyndan çenli galdyrýarlar.Narkoz ukusynda anesteziýanyň gelişi azaldylýar.

### Ýokarky usulyň ýetmezçiligi.

1.Narkotik serişdeleriniň çykdaýjylygy
2.Syrkawy emeli dem alyş apparatyny geçirmek kyn.
3.Daş-töweregiň narkotik madda köp derejede ýaýraýar.

### Intubasion narkozyň geçirilişini tehnikasy.

Ilki syrkawy maska usulynda a-da wena gan damaryna geksenal,tiopenal goýberilip ugradylýar.

Skelet myşsasyny gowşatmak üçin mioreleksantlardan (diplasin, ditilen) sanjy edilýär. Syrkawyň kellesini yzyna gaňyryp, agzyny açyp laringoskopyň kömegi bilen intubasion turbajygy traheýa sokulýar.Intubasion turbajygyň manžetine howa goýberilýär,ýa-da agyz boşlugy bintiň kömegi bilen tomponirlenýär.Agyzdan daşary çykyp duran turbajygy narkoz apparatyna birleşdirip narkoz berilip başlanylýar.Soňra dolandyrylýan dem alyşa geçirilýär.Narkoz gutarandan soň syrkawda özbaşdak dem alyş başlanan soň turbajygy aýyrmaly.



Rezin maskanyň kömegi bilen ingalýasion bihuşynyň geçirişi



Kekirdegiň intubirlenilişi

### Intubasion narkozyň artykmaçlygy.

1.Dem alyş ýollarynyň ýapylmagyndan goraýar.(dil we del bedenjiklerden)
2.Narkotik maddany öz dozasynda berip onuň çykdaýjylygyny azaltýar.
3.Operasiýa wagtynda gaz çalyşygy bozulsa ony dolandyrýan dem alyşa geçirmek mümkin.
4.Daş-töwerege narkotiki maddanyň ýaýramagy az.
5.Organizmiň esasy funksiýalaryna gözegçilik edip ony dolandyryp bolýar.

### Intubasion narkozyň ýetmezçiligi.

1.Ýerine ýetirilmesi çylşyrymly.
2.Agzyň we damagyň ýukajyk nemli bardasyna şikes ýetmrgi mümkin

3.Intubasion narkozy diňe anesteziologik geçirmeli.

**Ingalýasion däl narkoz.**

Bu usulda göni içegä,garyn boşlugyna,wena gan damaryna myşsanyň içine narkotiki madda goýberilýär. Wena gan damaryna narkoz goýbermek üçin:barbitur, tiokislotasyna we şerap ulanylýar.Wena gan damar narkozynda geksenal,tiopental natriý oksibutirat natri ulanylýar.Köplenç ýagdaýda gerekli erginleriň konsentrasiýa operasiýanyň öň ýanynda taýýarlanylýar.narkozyň dowamlygyny saklamak üçin wagtal wagtal taýýarlanan narkotik maddadan wena gan damaryna goýberilip durulýar.

**Gatyşyk we kombinirlenen narkozyň geçiriş usullary.**

1. Arassa narkozda diňe bir narkotik madda ulanylýar.(efir)
2. Gatyşyk narkozda birnäçe narkotik maddalar bir gezekde berilýär.
3. Kombinirlenen narhozda yzygiderli birnäçe narkotik maddalar berilýär ýa-da wena gan damaryna narkotik goýberilip beýleki apparat dem alyş ýolynyň üsti bilen berilýär.

**Emeli gipotermiýa.**

Emeli usul bilen bedeniň gyzgynyny fiziki serişdeleriň kömegi – sowuk suw bilen , sowuk gany wena gan damaryna goýbermek we farmakalogiki serişdeleriň üsti bilen amala aşyrylýar .

Gipotermiýa organizmiň kislaroda baýlygy peselýär . Bu kesele - beýnide we ýürek operasiýalarynda gaty möhüm bolup durýar. Gipotermiýa aşakdaky toparlara bölünýär .

1.Ýüzleý gipotermiýa-30$^{o}$ çenli
2.Aram gipotermiýa- 28$^{o}$ çenli
3. Çuňňur gipotermiýa -25$^{o}$-dan aşak.

Organizmde emeli usul bilen bedeniň gyzgynlygy pese düşürilende,kombinintlenen narkoz syrkawa berilýär.

**Ýerli agyrsyzlandyrma we onuň görnüşleri.**

Bu dürli serişdeleriň kömegi bilen (nowokain, sowkain, dikain we ş.m.) syrkawy düşünjesimde galdyryp,bölekleýin dokumalaryň duýgusyny (agyrsyny) aýyrmak usulydyr.

Ýerli agyrsyzlandyrmada dikain,nowakain, sowkain, anestizil, ksikain, trimikain,piromekain ulanylýar.

**Ýerli agyrsyzlandyrmanyň görnüşleri.**

1.Sürtmek arkaly agyrsyzlandyrmak.Munuň üçin 0,25-3% dikain ergini, seýrek ýagdaýda 1-10% kokain gidrohloridiniň ergini, 0,1% sowkainiň erginini,5-10% nowakainiň ergini ulanylýar.Agyrsyzlandyrmany tampony görkezilen ergine ezip nemli barda çalmak ýa-da damdyrmak arkaly amala aşyrylýar.

2.Infiltrasion agyrsyzlandyrma.Bu metod operasion meýdanyň ählidokuma gatlagyny agyrsyzlandyryjy ergini siňdirmekden durýar.Agyrsyzlandyrmanyň bu usuly A.W.Wişnewski tarapyndan gaýtadan işlenilip hödürlenipdir.Bu

metodda, ilki bilen kiçi iňňe bilen agyrsyzlandyryjy ergini deriniň içine, soňra uzyn we ýogyn iňňe bilen çuň ýerleşen dokumalara goýberilýär.

3.Gutulaýyn (fultýar) agyrsyzlandyrm, bu usul A.W. Wişnewsk tarapyndan işlenilip hödürlenipdir.Bu usul köplenç el-aýak operasiýalarynda ulanylýar.Daňylan žgutyň ki ýa-da üç nokatdan myşsa we fasial guta nowakain ergini goýberilýär. Nowakain ergini nerwler bilen galtaşy, agyrsyzlandyryş efektini berýär.

4.Geçirijilik agyrsyzlandyrma.Nowakain ergini göni nerw ýa-da onuň daş-töweregine goýberilýär.Munuň üçin 1-2% 10-20ml nowakain ergini ulanylýar.Bu usul barmakda geçirilýän operasiýada (Lýukaşewskiniň usuly) giňden ulanylýar.

5.Wena we arteriýa agyrsyzlandyrmasy.Agyrsyzlandyrmanyň bu görnüşi el-aýak operasiýalarynda giňden ulanylýar.Bu usulda el ýa-da aýaga žgut goýlup,0,5-1 nowakainiň ergini wena damarynyň goýberilýär.Arteriýa gan damaryna nowakainiň ergini uly basyşda goýberilýär

6.Süňk agyrsyzlandyrmasy.Agyrsyzlandyrmanyň bu görnüşi el-aýak operasiýalarynda giňden ulanylýar.Operasiýa ediljek ele ýa-da aýaga žgut goýlup, soňra süňküň içine 0,25% 50-100 ml nowakain ergini goýberilýär.(ökçe, bilek,topuk süňkleri).

7.Sowuklandyryş agyrsyzlandyrmasy.Hloretiliň erginini operasiýa geçiriljek ýere syçratmak( sepmek arkaly) bu usul amala aşyrylýar.Bu agyrsyzlandyrma deriniň ýüzinde ýerleşen iriňli göwrümleri kesmekde, şeýle hem sport praktikasynda sportsmenler meýdanda ýapyk şikes alan ýagdaýlarynda ulanylýar.

8.Oňurga-ýilik agyrsyzlandyrmasy. Bu agyrsyzlandyrma aýak, garyn boşlugyndaky organlarda, uralogiýada, ginekalogiýada giňden ulanylýar.

Oňurga – ýilik punksiýasyny geçirmezden öň, syrkawy öňe egip oturdyp ýa-da gapdala ýatyryp oňurga sütünini maksimal öňe egmeli.Derini spirt we ýod bilen arassalap, 0,5% 3-5ml. nowakain bilen agyrsyzlandyrmaly.Nowakain ergini II we III ýa –da IV bil oňurgasynyň aralygyna goýberilýär.( nowakain 5% 2 ml sowkainiň 1% ergininden 0,5%-1ml goýberilýär).



Ýerli agyrsyzlandyrma



Bil – oňurga agyrsyzlandyrmasy

**Anestezist şepagat uýasynyň işiniň aýratynlyklary**.

1. Anestezis şepagat uýasynyň borjuna aşakdakylar girýär.
2. Şepagat uýasy anesteziologyň görkezmelerini doly berjaý etmeli.
3. Agyrsyzlandyryjy apparatlary, gurallary , dermanlary narkotik serişdeleri we kislorody narkoza taýýarlamaly.
4. Narkozdan soň apparatlary arassalap we gurallary arassalap ýokançsyzlandyrmaly.
5. Syrkawy öz wagtynda operasion stolyna ýerleşdirilmegine gözegçilik etmeli.
6. Anestiziologa narkozyň bütin dowamlylygynda kömekleşip durmaly.

7. Operasiýa wagtynda (narkozda), syrkawyň pulsyny, dem alyşyny gan basyşyny we beýlekileri ýazga (karta) geçirmeli.
8. Operasiýadan soň, syrkawyň otagyň geçirilmegini gözegçilik etmeli.
Anestezist şepagat uýasy anesteziologdan soragsyz hiç ýere gitmeli däl.
9. Agyrysyzlandyryjy dermanlary wagtynda dermanhanadan almaly hem-de ulananlaryny çykdaýjy etmek üçin hasabatyny alyp barmaly.

10. Gerek bolan ýagdaýda syrkawyny maska narkozyny berip, ony emeli dem berip apparatyna çatmagy başarmaly.
11. Anestezist Şepagat uýasy anesteziolokdan soragsyz hiç ýerik gitmeli däl.

## Barlag soraglary

1. Umumy we ýerli agyrsyzlandyrma diýlip näme aýdylýar?
2. Ingalýasion narkozynda ulanylýan anestetikler.
3. Narkozyň stadiýasy we derejeleri.
4. Narkoz maskalarynyň we apparatlaryň görnüşleri.
5. Ingalýasion narkozyň syrkawda beterleşme döretmeginiň sebäpleri.
6. Narkoz stolynda hökmany bolmaly zatlar.
7. Intubasion narkozyň maska narkozyndan arykmaçlygy.
8. Ingalýasion narkozyň görnüşleri.
9. Ýerli agyrsyzlandyrmanyň görnüşleri.
10. Oňurga –ýilik agyrsyzlandyrmasy.
11. Anestezist şepagat uýasynyň borçlary.

## Ýumuşlar

1.Syrkawda intubasion narkozy bilen aşgazanda operasiýa geçirilýär.Syrkawyň dem alyş ýoluna turbajygyň üsti bilen efir we kislarod berilýär.Birdenkä deri örtügi agaryp, gan basyşy 80-60 mm . sim. sütüni bounça, pulsy 120 urgy 1min.Göreç giňelýär, ýagtylygy duýuşy ýok.Dem alyşy ýüzleý.
Syrkawda näme boldy?
Şu ýagdaýda ilkinji kömek nömeden ybarat?

2.Syrkaw 32 ýaşynda.Awtoawariýa netijesinde, çep but süňki ýapyk ýagdaýda döwülýär.Tiz kömege gelen lukman döwülen ýeriň ýokarsyndan we aşagyndan 2-3 nokatdan 0,25% nowakainiň 250ml töweregi erginini goýbermeli. Şu ýerde lukman agyrsyzlandyrmany haýsy görnüşini ýerine ýetiripdir?

3.Tiz kömek maşyny bilen keselhananyň kabul ediş bölümine getirilip 5 ýaşly çaga „ýiti opendisit“ diagnozy goýuldy.Syrkawy gyssagly ýagdaýda operasiýa etmeli.
Şu ýagdaýda agyrsyzlandyrmanyň haýsy usulyny hirurgyň ulanmagy mümkin.

VI.BAP.

## Gan akmasy.

Adamyň gan damarlary boýunça takmyndan 3-5 litr töweregi gan aýlanýar.Ganyň mukdary azalanda gan basyşy peselýär, kelle- beýniniň, ýüregiň we beýleki synalaryň kislarod bilen üpjün edilişi bozulýar.

Gan akmasy diýilende,şikes ýeten gan damarlaryndan ganyň çykmasyna düşünilýär.

## Gan akmasynyň sebäpleri.

Gan akmasy gan damaryna şiks ýetende, gan damarlarynyň gatlaklaryny iriňli ýara ereden ýagdaýynda, şeýle hem ganyň himiki düzümi üýtgän halatlarynda ýüze çykýar.

## Gan akmasynyň görnüşleri we alamatlary.

Şikes ýeten gan damarynyň häsiýetlerine we görnüşlerine baglylykda arterial , wena , kapilýar we parenhimatoz gan akmasy diýip tapawutlandyrýarlar,

**Arterial gan akmasy** has howplydyr,munda gysga wagtyň içinde organizmden köp mukdarda gan gidýär. Arterial gan akmasynyň alamaty akýan ganyň re
ňkiniň gyrmyzy bolmagyndan ,onuň çüwdürim ýaly akmagyndan ybaratdyr .

**Wena gan akmasy** arterial gan akmasyndan tapawutlylykda reňki garamtyl-gyzyl bolan ganyň dyngysyz akmagy bilen häsiýetlendirilýär.
Munda aç-açan çüwdürim bolmaýar , şeýle hem bolsa adam az wagtyň içinde köp gan ýitirip biler. Kapillýar gan akmasy deriniň ownujak damarynyň , deriasty ýag gatlagynyň we myşsalaryň zaýalanmagy netijesinde emele gelýär.Kapillýar gan akmasy mahalynda ýaranyň tutuş üsti ganap durýar.

Parenhimatoz gan akmasy içgi organlaryň : bagyr, dalak, böwrek, öýken zaýalanan mahaly we olara şikes ýetende ýüze çykýar. Bu gan akmasy kapillýar gan akmasyna meňzeşdir, ýöne ondan howpludyr.Içgi synalara ýapyk şikes ýeten mahaly dörän parenhimatoz gan akmasyny kesgitlemek kyn bolýar. Bu bolsa az wagtda ilkinji kömegi uzaklaşdyrýar.Köplenç ýagdaýda bu gan akmasyny adamyň daşky görnüşi boýunça kesgitlemek bolýar. Onuň reňki agarýar,şepbeşik suwuk der çykýar, dem alyşy ýüzleý bolýar puls çaltlaşyp gowşaýar.

Gan akmasy damarlara şikes ýeten badyna emele gelse ,oňa ilkinji , birnäçe wagt geçenden soň emele gelse,oňa ikinji gan akmasy diýilýär.
Gan akýan ýerine görä gan akmasy daşky we içki gan akmasyna bölünýär.

Daşky gan akmasy mahalynda gan deri örtüginiň ýarasy arkaly we görünýän nemli bardajyklar arkaly ýa-da boşluklardan daşa akýar.
Içki gan akmasy mahalynda gan dokumalara,synalara we boşluklara akýar we oňa gan inme diýip atlandyrylýar dokuma gan inme mahaly çiş emele getirip (gan öýme) ol soňa baka ýuwaş-ýuwaşdan sorulyp siňip başlaýar.

Köp gan ýitmede syrkawlaryň dem alyşy, ýüregi kislarod ýetmezçiliginden durup galýar.Gan ýitme aýratyn hem ýaşyna ýetmedik çagalara we garrylara uly täsir edip,ölüm howplydyr.Aýal-gyzlar gan akmasyny ýeňil geçirýärler,sebäbi olar kesgitli wagtyň dowamynda gan ýitirip (aýbaşy),oňa uýgunlaşýarlar.

## Gan akmasyny saklamagyň usullary.

Gan akmaynyň görnüşlerini we ilkinji medisina kömegi berilýän mahalynda bar bolan serişdelere baglylykda ony **wagtlaýynça** we **gutarnykly** gan saklamagy amala aşyrylýar.

Şikes ýeten gan damaryny süňke barmak bilen gysmak,žgut ýa-da towlanan daňyny daňmak bilen el- aýagy bogunda maksimal epmek we ýazmak ýagdaýynda saklamak bilen daşky arterial gan akmasyny wagtlaýynça saklamaklyk gazanylýar. Daşky wena we kapillýar gan akmasyny wagtlaýynça saklamak ýarany gysyjy zyýansyzlandyrylan daňy bilen daňmak arkaly we bedeniň şikes ýeten ýerini göwrä görä ýokarrak galdyryp goýmak bilen geçirilýär.

Arterial gan akmasyny wagtlaýynça saklamagyň iň amaty we çalt – şikes ýeten ýeriň ýokary ýanyndan arteriany barmaklar bilen gysmaklykdyr.Arteriany süňke golaý ýerinden ýa-da süňküň üstünden geçýän ýerinden gysýarlar.

Kelledäki ýaradan gan akanda aşaky äň arteriýasyny gulak rakowinasynyň öň ýanyndan üekge süňküni bir barmak bilen gysýarlar.

Ýüzdäki ýaradan gan akanda aşaky äň arteriýasyny aşaky äňiň gyrasyna bir barmak bilen gysýarlar.

Umumy uky arteriýasyny onuň şikes ýeten ýeriniň aşagyndan ,bogazy gapdaly bilen boýnuň ýokarsyndan gysýarlar.Soňra arteriýanyň şikes ýeten ýerine bintden dykyz walik, salfetka ýa-da pamyk goýyp ,ony gysyjy daňy bilen daňýarlar.

Çigin bogny ,çiginiň ýokarky üçden biri ýa-da bykyn ýaralanyp gan akanda ýaýjyk asty artriany ýaýjyk süňkiniň ýokarsyndaky çukurjykda gapyrga gysmaly.

Ýara çiginiň ortaky ýa-da aşakky üçünji böleginde ýerleşende goltugyň aşagyndaky aeteriýany çigin süňküniň başlanýan ýerine gysýarlar, bir barmak bilen çigi bogunynyň ýokarky üstine daýanyp, beýleki barmaklar bilen arteriýany gysýarlar.



Wagtlaýynça gan akmany duruzmagyň usullary



Çigin arteriýasyny iki başly myşsa tarapdan egniň iç tarapyndan süňkine gysýarlar.

Penjäniň arteriýasyna şikes ýetende bilek arteriýasyny goşardaky degişli süňke gysýarlar.

Daban ýaralananda dabanyň tylyndaky degişli arteriýa süňkine gysmak bolýar, soňra dabana gysyjy daňy daňmaly.El-aýaklaryň arterial damarlaryna şikes ýetende gan akmasy wagtlaýynça saklamagyň esasy usuly-žguty daňmaklykda.Žgut bilen budu, gan akýan ýeriniň ýokarky ýanynda ýara golaý ýerden,geýimiň ýa-da bintden edilen ýumşak içligiň daşyndan derini gapjamaz ýaly daňýarlar.Dokumalar has gaty gysylsa el-aýaklaryň nerwiň damarjyklaryna köp derejede zeper ýetirýär. Eger žgut ulanylsa, onuň daňylan wagtyny, sagadyny minudyny ýazga belleýärler,ony görnüp duran ýa-da žgutyň şagynda goýýarlar.

Žgut bilen daňylan el-aýaklary ýyly saklamaly,aýratyn hem gyş aýlary, ýöne gyzdyryjy goýmaly däl. Žgutdan aşakky bölegi ysmaz bolup galmaz ýaly,žguty gyş aýlarynda 1 sagatdan, ýaz aýlarynda 1 sagat 30min köp saklamak bolmýar.Eger bellenen wagt geçen bolsa, ond žguty aýyryp damary barmaklar bilen basyp 5-10 min žguty gowşadyp durmaly we soňra öňki daňylan ýeriň ýene-de daňmaly .Towly daňylaryň kömegi bilen gan akmasyny saklamak üçin ýüpjagazy towlanan ýaglygy matanyň bir zolagyny peýdalanýarlar.
Wena we kapillýar gan akmasy mahalynda gysyjy daňy bilen daňýarlar.Gany akýan ýarany zyýansyzlandyrylan bint bilen 3-4 gat edip ýapýarlar.Daňyny bint bilen çekip daňýarlar.Gutarnykly gan akmasyny hirurgiýa bölümlerinde düzgüne laýyk ýagdaýda aşyrýarlar.

## Gutarnykly gan akmasyny saklamagyň birnäçe usullary bar

1.**Fizki usuly**-bu usulda buz ulanmak, elektrik togy bilen uly bolmadyk, gan damary köýdürmek şeýle hem natriý hloryň 60-90% gyzgynlyga çenli gyzdyrylan erginini peýdalanmak hirurgiki praktikasynda giňden ýaýrandyr.
2.**Biologiki usuly**- bu usulda gan akýan ýerinde gemostastik gan duruzyjy(gupkalar , fibrin plýonkalary) ulanylýar.Olardan başga-da gan damarlaryna täze taýýarlanylan gan we ganyň düziminde elementi bolan (gemofobin, fibrinogen) erginleri goýberýärler.
3.**Mehaniki usuly**-bu sulda şikes ýeten gan damary daňmak ýa-da uzynlygyna tikmek arkaly we damary biri-biri bilen tikin arkaly sepleşdirmek ýaly usullar bilen amala aşyrýarlar.
4.**Himiki usuly** – bu usulda gan damarlaryny daraldýan(adrenalin,suprareniň) hem-de ganyň düzimini goýulaşdyrýan-(lagtalandyrýan) pereksli wodorod, amina kapron kislotasy,wikasol, hlorly kalsiniň erginleri dermanlary ulanýarlar.

## Gemofilin

Bu kesel dogabitdi bolup, ol adam bedenine sähelçe şikes ýetende, ganyň lagtalanmak prosesiniň pese düşmegi netijesinde gan akmasy bilen häsiýetlenýär.Şeýle ýagdaýda gan akmasyny duruzmak gaty kynlaşýar.
Gemofiliýanyň 3 görnüşi(A,B,C,) bolup olaryň her haýsynyň aýratyn häsieti bardyr.
Gemofiliýany A görnüşinde gemofiliýa garşy globulin , plazmany, beýleki görnüşlerinde täze taýýarlanan sitratly gany, eritrosittar massasyny fibrinogeni, witaminler C we P rutini we hlorid kalsini peýdalananda gowy netije berýär.

## Obmorok (bihulyk)

**Bihuşlyk-** bu beýni gan damarynyň gysga wagtlaýyn gysylmagy netijesinde wagytlaýyn huşuny ýitirmek .
Onuň sebäpleri- gaty agyry, gan ýitirme, ysgynsyzlyk bolup biler.
Şeýle ýagdaý birden huşy ýitirmek, deri we nemli bardajyklarynyň reňkiniň agarmagy we ýüzleý dem alyş bilen häsiýetlendirilýär.
Bejermek. Adam huşuny ýitirende, ilki bilen onuň sebäbini anyklamaly.

Ony arkan ýatyryp, kellesini aýaklaryndan pes edip( şeýle ýagdaý kelläni gandan gowy üpjün edýär) we naşatyr spirtini ysgatmaly.Agyr ýagdaýlardaa emeli usul bilen dem berýärler, 1ml 20% kofeiniň,1 ml 1% lobeliniň ýa-da sititonyň erginlerini sançýarlar.

## Kollaps.

Bu ýagdaý gan basyşynyň we aýlanyş ganyň mukdaryny pese düşmegi bilen häsiýetlendirilýär.Onuň sebäpleri güýçli agyry, köp mukdarda gan ýetirilýäm birden ýatan ýerinden turmak (ortostatiki kollaps), birden tiz wagtyň içinde garyn ýa-da plewral boşlugyndan köp mukdarda suwuklyk çykarmak we beýlekiler bolup biler.

Kliniki alamatlary ysgynsyzlyk, gögerme, sowuk der ,gan basyşynyö pese düşmegi, we ýüzleý dem alma bilen häsiýetlendirilýär.

Bejerme. Ilki bilen sebäbini anyklap,soňra 0,5 ml 0,1 % adrenaliniň erginini , 1 ml 5% efedriniň 0,5 ml 1% lobeliniň ergini sançmaly .

Agyr ýagdaýlarda kislarod berip 1 ml 1% mezatonyň erginini,1-2 ml 0,2% noradrenaliniň erginini sançmaly.

## Trawmatiki şok .

**Trawmatiki şok** –agyr şikes etmeleriň ýaşaýyş üçin howply gaýra üzülmesidir ol bolsa merkezi nerw sistemalarynyň gan aýlanyşygyynyň , madda çalşygynyň we beýleki ýaşaýyş üçin möhüm funksiýalarynyň (işiniň) bozulmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Bedene bir gezek ýa-da gaýtdan şikes ýetmesi şogyň sebäbi bolup biler. Gan köp giden mahaly, gyş aýlary bolsa ýaraly düşende, şok ýagdaýy köp bolýar.Şogyýň alamatlarynyň wagtyna baglylykda , ol ilkinji we ikinji bolup biler.Ikinji şok şikes ýeten adam transporta mündürilip äkidilende ýa-da döwük erbet berkidilende, oňa kömek berlende ,oňa kömek berlenden soň ýa-da operasiýadan soňky döwürde hem bolup biler.

Trowmatiki şogyň ösüşinde iki sany fazany : **erektil** we **torpid fazasy** tapawutlandyrýarlar.Oýanyş şikes alan badyna ,agyryly gyjyndyryjylara jogap hökmünde ösüp başlaýar. Şonuň ýaly bolanda şikes ýeten adam ynjylyksyzlandyrýar , agyrdan azap çekýär,gyýgyrýar, kömek berilmegini haýyş edýär.Bu gysga wagtlaýyndyr ,ilkinji medisina kömegi berlende-de bilinmezligi mümkin.Onuň ýany bilen merkezi nerw sistemasynyň päsgellenmesi bolup geçýär we ýaşaýyş üçin möhüm funksiýalar döreýär. Bu fazada şikes ýeten adam pösgellenen ýaly bolýar, kömek berilmegini haýyş etmeýär , doly huşunda bolsa-da daş töweregindäki zatlara biperwaý garaýar,bedeni sowaýar ,ýüzi solýar ,pulsy pes demi zordan alýar.

Şogyň oňüni almagyň esasy çäreleri: agyryny aýyrmak ýa-da gowşatmak, gan akmasyny saklamak ,şikes ýeten adamyň gaty üşemeginiň öňini almak we beýleki ilkinji medisina kömegini bermegiň tärleini we göterip äkidmegi emaý bilen ýerine etirmek .Şok ýagdaýyndaky şikes ýeten adama ilkinji medisina kömegi berilýän wagty ilki bilen , ýaşaýyş üçin howply bolan gan akmasyny saklaýarlar , agra garşy derman goýberýärler ,döwük ýeri bolsa transport immobilizasiýasyny geçirýärler, sowukdan goraýarlar .

Agyryny aýyrmak üçin köplenç nowakainiň erdinini ulanýarlar .Morfini we oňa meňzeşleri şogyň III-IV-nji derejelerinde ulanmak bolmaýar, sebäbi ol ganyň basyşyny pese düşürip,dem alyşa zyýan ýetirýär. Köp mukdarda gan ýitirilse ,damara gan we ganyň ornuny tutjak şoga garşy(poliglýukin,sinkol )erginker goýberilýär.Agyr ýagdaýlarda gany ,erginleri diňe wena gan damaryndan goýbermän eýsem arteriýa gan damaryndan goýberýärler .Ýürek gan damarlary sistemasynyň işini gowylaşdyrmak üçin 2-5ml 20%-li kamforanyň erginini ,1-2ml efedriniň erginini ,1-2ml 0,2%-li noradrenaliniň we 1ml 1% -li mezatonuň erginleri sanjylýar we goýberilýär. Agyr ýagdaýlar-da endokrin we madda çalşygynyň işlerini gowylandyrmak üçin 20-40ml 40% glýukozanyň erginini , 100-200 mg kortizonyň ýa-da gidrokortizonyň erginleri,20-100mlg orednizalonyň ergini ulanylýar.Dem alyş bozulanda emeli usul bilen kislarod berýärler .

Şikes ýeten adamyň üstüni örtüp,ilkinji nobatda döwük – ýenjik punktyny seresaplylyk bilen getirýärler.

## Barlag soraglary

1. Gan akmasyny kesgitlemesi we onuň görnüşleri.
2. Gan akmasyny wagtlaýynça saklamagyň usullary.
3. Gan akmasyny gutarnykly saklamagyň usullary.
4. Şikes ýeten wena gan damaryna howa girse ol ölüm howpludyr.
5. Gemofiliýa keseli we onuň görnüşleri.
6. Obmork we şol ýagdaýda ilkinji medisina kömegi nämeden ybatat
7. Kollaps we onda berilýän ilkinji medisina kömegi.
8. Trawmatiki şok näme we onuň gidişine haýsy fazalaryny tapawutlandyrýarlar.
9. Trawmatiki şogyň alamatlary we onuň agyrlyk derejeleri.
10. Şogyň öňüni almak üçin nähili çäreler görülýär.
11. Şok mahalynda berilýän ilkinji medisina kömegi nämeden ybarat .

## Ýumuşlar

1.48-ýaşly syrkaw aýal, 3-sagat mundan öň çep gapdalyna ýykylyp öziniň ysgynsyzlygyna,başy aýlanyp gözüniň garaňkylanýandygyny lukmana arz edipdir.Barlanyp görülende çep bykynyň derisi synjyrylyp, daş-töweregi gögerip, çişipdir, gan basyşy 90-30-mm, sim, sütüni boýunça pulsy 110 urgy 1- min , ýüzüniň reňki agarypdyr.

Syrkawa näme bolupdyr?

Şu ýagdaýda likinji kömegi nämeden ybarat.

2.Keselhanada aşgazan ýaraly syrkawda kofe reňkli gaýtarma ýüze çykýar.

Bu haýsy beterleşme.Şu ýagdaýda ilkinji kömek nämeden ybarat.

3. 6 ýaşly çaga otlunyň aşagyna düşüpdir.Çagany 30 min soň(hiç hili kömek bermän) keselhana getiripdirler.Barlanyp görülende çep aýagy ýokary 1/3 böleginden çapylan.Garyn boşlugyndaky organlara şikes ýetenligini subut edýän alamatlar ýok.Çaga huşunda, ýöne gaty susty pes, şeýle hem ýagdaýy agyr.Endamy gögümtil-Ak, pulsy 120 urgy 1min, ganyň basyşy 80/25mm, sim, sütüni boýunça.

Çaga näme bolupdyr?

Nähili ýalňyşlyklar goýberilipdir?

Şeýle ýagdaýda ilkinji medisina kömegi nämeden ybarat?

4.Syrkawyň wena gan damaryna 10% kalsiý hloridiniň ergini goýberilende,näsagyň gözüniň öňi garaňkyrap. Gulaklary şaňlapdyr.Deri örtigi agaryp ,sowuk der bilen örtülipdir.Dem alyşy ýüzleýden çalt-çalt .Pulsy gowşakdan çaltlaşan.Syrkaw huşuny ýitiripdir.

Syrkawa näme bolupdyr?

Şu ýagdaýda ilkinji medisina kömegi nämeden ybarat?

5.Syrkawyň garyn boşlugynda toplanan suwuklygy (astit) birden kän mukdarda daşary çykarylanda ol birden huşuny ýitirýär.

Syrkawa näme bolupdyr diýip pikir etmek mümkin?

Ilkinji kömek nämeden ybarat.

Keselhana işde çep aýagyna uly agaç gaçanlygy zerarly şikeslini getirdiler. Şikesliniň deri örtügi agymtyl bolup,ýeňil päsgellenme bar.Dem alyşy ýüzleýden çaltlaşan, pulsy 110 urgy bir minutda.

Şu ýagdaýyň nähili häsiýetlendirýärsiňiz we şol ýagdaýda ilinji medisina kömegi nämeden ybarat.

## Gan goýbermek

Gany we gan çalyşyryjy suwuklyklary syrkawa goýbermeklik ulanylýar.

## Gany goýbermekligiň taryhy.

Sagdyn adamdan syrkaw adama gan goýbermeklik pikiri gadymdan bäri bolupdyr.Orta asyrda gan goýbermeklik synanyşygynda syrkawyň ölümi bilen gutarypdyr.Ilkinji gezek ganyň goýbermeklik Angilýada 1820-nji ýylda Blandelle we 1832-nji ýylda G.Wolfa başarypdyr.

1901-nji ýylda Landşteýnir ganyň 3 toparyny, 1907-nji ýylda Ýanski we 1910-njy ýylda B.Moss ganyň 4-nji toparyny açypdyr.

Bularyň hemmesi medisinada gabn goýbermeklikde ylma taýdan esas bolupdyr.

1919-njy ýylda Russiýada W.N.Şamow Fýodrowyň kinikasynda ilkinji gezek gan goýbermekligi üstünlikli geçiripdir.

1926-njy ýylda Moskwada dünýäde ilkinji bolup gan goýbermekligiň ylmy-barlag inistituty açylypdyr.

Gan goýbermeklik barada birnäçe görnüşli hirurglar özleriniň ylmy işlerinde hem ýazypdyr.Olara W.M.Şamow,N.N Elanskiý, S.I Spasokukoski, A.A Bogdasarow, S.S Ýudin we başgalar degişlidir. Häzir Türkmenistanyň we welaýat merkezinde, uly şäherlerinde gan goýbermek stansiýalary bar.

## Gan goýbermekligiň gullugy we donarlyk.

Donarlyk ganyň esasy çeşmesidir.Bu halk bähbitli ynsanýetçilik işidir.Köp adamlar gany mugtyna tabşyrýarlar.

„ Aktiw donarlar“,; hormatly donar“ nyşany orden we metdallar bilen sylaglanýarlar.

Biziň ýurdumyzda jynsyna seretmezden 18 ýaşdan 55 ýaşa çenli her-1 fiziki we psihiki taýdan sagdyn adam bolup biler.

## Donorlar şu aşakdaky barlaglary geçmeli

1. Gan we peşew barlaglary.

2. Ganyň gyzzyrma(malýariýa), merezel (sifilis) reaksiýa brlaglary.
3. Ganyň IDKEZ (spid) barlaglary.

Bulardan başga-da hökmany wenerolok, terapewt we beýleki lukmanlaryň konsultatsiýalaryndan geçmeli.

Donarlyk şu aşakdaky ýagdaýlarda bolup bilmez:

a. Ýokanç keseller – bruselýoz, inçe kesel, gyzzyrma keseli.
b. Howply çiş keseli.
c. Aşgazanda ýa-da öt haltasynda operasiýa geçirenler
d. Botkin keselini geçirenler.
e. Wenerologik keseller –merezel , spit.

Wagtlaýynça gan tabşyrmak aýallarda (göwreli), aýbaşy gelen döwründe bolmaýar.

Donordan 1 gezekde 250 ml, seýrek halatlarda 450ml gan almak mümkin. Ikinji gezek gany şol donordan 8 hepdeden almak bolýar.Ortaça donor 1 ýylda 5 gezege çenli gan tabşyryp bilýär.

## Ganyň toparlary

Adamyň ganynyň topary bölünmekligi eritrositden agglýutinogen A weB, ganyň syworotkasynda agglýutiniň L we B barlygyndadyr.

1-nj topar-o (I) eritrositde agglýutinogenler ýok.

2-nji topar-A (II)eritrositde agglýutinogen A, syworotkada agglýutinin bar.

3-nji topar-B (III) eritrositde agglýutinden B, sywortkasynda L bar.

4-nji topar-AB(IV) eritrositde agglýutinde A we B bar, syworotkada aglýutinler ýok.

Agglýutinden A- nyň iki sany görnüşi bar.

$A^1$-95% we $A^2$-5%ýagdaýda duş gelipdir.

Şunuň bilen baglanyşykly ganyň 6 sany topary bar. Ýagni 2-nji we 4-nji toparlar ýene-de 2 sany toparjyklary döredýärler.

O(i), A (li),we B (III), A, B (IV).

Praktiki maksat üçin ganyň 4 topary bar. Ýöne agglýutinogen A iki sany başga görnüşiniň barlygyny göz öňünde tutup syrkawlara A(II) toparyň ganyny goýbermeli bolanda, gany özara ylalaşyk reaksiýalaryny Üns berip barlamaly.

Gan goýberilen wagty donoryň goberilýän ganynyň eritrositdäki agglýutinogenleri bilen resipiýentiň eritrositleriniň agglýutinagenleriň arasynda agglýutinasiýa reaksiýasy geçmeýär sebäbi goýberilen gan köp derejede resipiýentiň gany bilen garylyp gidýär.

0(I) diňe öz toparyna meňzeş gany kabul edip biler. Gany şolbir-topara goýbermeklige çalşmaly.

A(II) toparyň ganyny diňe ikinji toparly resipiente goýberip bolýar.

B (III) toparyň ganyny diňe üçünji toparly resipiýente goýbermek bolýar.

AB(IV) toparyň ganyny diňe dördünji resipiýente goýberip bolýar.

## Ganyň toparyny kesgitlemek

Ganyň topary standart syrkawlaryň ýa-da standart eritrositleriň kömegi bilen kesgitlenilýär.

Ganyň toparyny standart sywortkalary bilen kesgitlemek usuly giňden ýaýraýar.Standart syworotkalar donorlaryň ganynyň degişli toparlaryndan taýýarlanylýar.Ganyň toparyny kesgitlemek şu tertipde geçirilýär:ak arassa gan toparynyň belgisi O(I), A (II) B (III) bolan tarelka, iki damjadan standart sywortkany öz degişli toparyň duşuna aýratyn pipetkalar bilen damdyrylýar.Barlag geçýän adamyň çep eliniň 4 barmagynyň ujuny spirt bilen arassalap iňňi bilen deşilýär.Arssa aýna taýajygy bilen iki damja gany tarelkadaky syworotkanyň golaýyna eltilýär.Gan sywortkadan az (1,10) bolmaly.Aýratyn aýna taýajyklary bilen gan we syworotka özara garyşdyrylýar.Soňra 5 min tarelkany yrap, agglýuttinasiýa reaksiýasyna n etmeli.Ýalan agglýutinasiýa reaksiýasyny aýyrmak üçin 1 damja 0,9% natriý hloridiniň ergini damdyrylýar:

1.Eger ähli jübüt damjalarda agglýutinasiýa ýok bolsa ,onda barlanylýan gan birinji topara o(I) degişli.

2.Eger birinji we üçünji toparyň syrkawlarynda agglýutinasiýa reaksiýasy geçip, ikinjitoparyň ryrkawlarynda agglýutinasuýa geçmese, onda ol ikinj A(II) degişli.

3. eger birinji we ikinji toparyň syrkawlarynda agglýutinasiýa reaksiýasy geşip, üçünji toparyň syrkawlarynda agglýutinasiýa geçmese, onda ol üçünji topara B(III) degişli.

4. Eger ähli üç toparyň syrkawlarynda agglýutinasiýa reaksiýasy geçse, onda ol dördünji topara AB (IV) degişli.

**Standart eritrositler bilen gany/ toparyny kesgitlemek .**

Resipiýentiň ganyndan taýýarlanan syworotkadan üç damjasyny farfor damjasyna damdyrylýar.

Syworotkalara iňňe bajygynyä kellesi ýaly möçberdäki damja standart eritrositlerden O(I),A(II),B(III),alnyp damdyrylýar.

**Barlagyň netijeleri.**

1.O(I)toparyň gany – O(I) eritrositleri bilen otrisatel reaksiýa A(II) weB(III) reaksiýa geçýär.

2.A(II) toparynyň gany –O(I)weA(II) eritrositleri bilen reaksiýa geçmeýär ,B(III) ,eritrositleri bilen reaksiýa položitel bolýar.

3. B(III)toparynyň gany O(I)weB(III)reritrositleri bilen reaksiýa geçmeýär.A(II) eritrositleri bilen reaksiýa položitel bolýar.

4. AB(IV) toparynyň gany –O(I) ,A(II), B(III) eritrositleri bilen agglýutinasiýa geçmeýär .A(IV) eritrositleri bilen reaksiýa položitel bolýar.

Ganyň toparyny kesgitlemek çin ýagty otag howasynyň temperaturasyny +18+20 bolmalyb. Ýokary we pes temperaturada panagglýutinasiýa (ýagny üç damja ganda agglýutinsiýa ) geçýär.

Gowşak syworotka ulanylanda ýalan agglýutinasiýa (psedoagglýtinasiýa) ýüze çykmgy mümkin .Ganyň topary kesgitlenende şühbe döredilende topary kesgitlemegi gaýtadan geçirmeli .

**Rezus faktorlar**

Adamyň eritrositlerinde aýratyn antigen madda ilkinji gezek Makakus – Rezus diýen maýmynda tapylypdyr.Şonuň üçin ony rezus faktor diýlipatlandyrylýar.Adamlaryň 85% rezus polažitel bolup 15% rezus otrisateldir. Rezus otrisatel resipiýentlere .rezus položitel gan goýberlende , ganyň düzüminde antitela (antirezusagglýutiniň)işlenip çykarylýar.Ilkinji gazek rezua položitel gan goýberilende agyr reaksiýalar bolup ölüm bilen gutarmagy mümkin .
Ganyň topary kesgitlenede hökmany rezus faktory hem kesgitlemeli .

**Ýönekeýleşdirilen ýa-da çaltlaşdyrylan usul.**

Petriniň çaşkasyna (okarajygyna )bäş damja şol gan toparynyň aptirezus syworotkasyny damdyrylýar.Oňa respiýeniň bir damja gany goşulýar we garyşdyrylýar . +43$^o$ +45$^o$ temperaturaly suwly banýada 10 min saklanylýar .

**Reaksiýanyň netijesi .**

1. Eger aglutinasiýa reaksiýasy geçse ,onda rezus bolýar .
2. Eger aglýutinasiýa reaksiýasy geçmse otrisatel bolýar .

**Ekspress usul**

Syrkawyň ganynyň rezus faktoryny barlamak üçin gany barmakdan kesgitlemegiň öň ýanynda alynýar . Tarelka syrkawyň familýasy ýazylyp onuň sag tarapyna bir damja (0,1)ml antirezus syworotkasy çep tarapyna bir damja (0,1ml) barlag syworotkasy damdyryolýar .Damjalaryň hersiniň golaýyna barlanylýan gandan bir damja damdyrylýar. Aýna taýajygy bilen olar garyşdyrylýar, tarelkany ýuwaşjadan çaýkamaly , 3-4 min fiziologiki erginden bir damjadan hersine damdyrylýar (ýalan aglýutinasiýany aýyrmak üçin) .Ýenede tarelkany çaýkap synagy dowam etdirmeli .

Reaksiýanyň netijesi:

1. Eger çep tarapdaky damjada aglýutinasiýa bolup, sagdakyda bolmasa onda barlanylýan gan rezus položitel .
2. Eger iki damjada hem (meňzeş reňkler galslar )aglýutinasiýa bolmasa onda barlanylýan gan rezus otrisatel bolýar .

**Rezus ylalaşygynyň geçirilişi .**

Petriniň çaşkasyna syrkawyň ganynyň syworotkasyndan 2-damja we donoryň ganyndan 1damja damdyrylyp çüýşe taýajygy bilen garyşdyrylýar . Soňra çaşka suwly wannada +45$^o$+46$^o$ temperaturada 10 minut saklanylýar .
Reaksiýanyň netijesi:

Eger aglýutinasiýa reaksiýasy geçmese onda resipientiň we donoryň ganlary rezus faktor boýunça ylalaşykly.

**Özbaşdak ylalaşygyň geçirilişi.**

Syrkawyň wena gan damaryndan 5ml gan alyp sitrat natriniň erginini oňa damdyryp, sentrifugda aýlandyrmaly ýa-da plazma emele gelýänçe goýmaly. Soňra plazmadan 1-2 damja donoryň ganyndan 1 damja alyp tarelka damdyrmaly we çüýşe taýajygy bilen garyşdyrmaly

Reaksiýanyň netijesi:

1. Eger aglýutinasiýa reaksiýasy geçse , onda donoryň we syrkawyň gany ylalaşmaýar.
2. Eger aglýutinasiýa reaksiýasy geçmese onda donoryň we syrkawyň gany ylalaşykly .

**Biologiýa ylalaşygyň geçirilişi.**

Syrkawyň wena gan damaryna üç gezek 25 ml her 3min arasynda gözegçilik edip goýbermeli .Eger syrkawda ylalaşyksyz bolup dem almasy kynlaşsa, bide agyry dörese gan basyşy aşak düşüp puls çaltlaşsa onda guýulýan donor gany ylalaşyksyz hasap ediýär.Ýokarky alamatlar ýüze çykmasa ganlar ylalaşykly .

**Ganyň konserwirlenişi we gan preparatlarynyň saklanylyşy.**

Gany almak we taýýarlamak gan goýberiliş stansiýalarynyň operasion otagynda septikanyň ähli düzgünlerini berjaý etmek arkaly amala aşyrylýar .Lukman we şepagat uýasy ellerine ýokançsyzlandyrylan operasion ellikleri geýýärler.Donora ýöriteleşdirilen egin-eşik geýdirip ony operasionstolynda ýatyrýarlar. Gan konserwantly çüýşejige alynýar .

Oňa ganyň topary , möçberi, alnan wagty , konsrwantyň gönüşi ,donoryňwe lukmanyň familiýasy görkezilen etiketka ýelmenilýär.Konserwirlenen gan sowadyjyda +4º+6º saklanylýar .5-6% sitrat natriniň ergininde konserwirlenen ganlar 25-30 güne çenli saklamak mümkin.

Eritrositli massa 7 günden 23 güne çenli konserwanta baglylykda ,leýkositli massa bolsa 48 sagaa çenli saklanylýar.Trombositli massa taýýarlanan güni ulanmaly.Suwuklyk görnüşindäki plazma 3-4 gün +4º saklanylýar .Gury plazma 5ýyla çenli saklanylýar .

**Ganyň aramlylygyny kesgitlemek**

Gan goýbermeklige ýaramly – plkzmasy dury ,deň ölçegli massa gatlagy bolup, olaryň arasynda görüp duran araçägi bolmaly .

Goýberiljek konsentrirlene ganyň pasport etiketkasy bolmaly. Gan hapalanan ,lagtalanan bolmaly däldir.

**Ganyň goýbermekliginiň usullary.**

Göni goýbermeklik usuly –gan donoryň wena damaryndan rsipientiň wenasyna ýöriteleşdirilen aparatlar bilen goýberilýär.Göni däl goýbermeklik usuly – gany donorlardan ýörite gaplara alyp,konserwirlenip ,gan goýbermeklik ýüze çykan halatlarynda geçirilýär.

**Gan goýbermekligiň usullary.**

1. Wena gan damaryna damjalaýyn ýa-da akymlaýyn görnüşde geçirýärler.
2. Arteriýa gan damaryna- gan apparatynyň üsti bilen uly basyş arkaly geçirilýär.
3. Süňkiň içine gan (ökçe, guýmaç süňklerine) goýberilýär.
4. Gany çalyşyp goýbermeklik- ilki syrkawyň wena gan damaryndan alnyp soňra donoryň gany goýberilýär
5. Gany gaýtaryp goýbermeklik- reifuziýa.Operasiýa wagtynda akan gany ýygnap, sitrat natriniň ergini bilen garyşdyrylyp 5-6 gatly hasadan geçirilip, syrkawyň özini goýberilýär(meselem: dalak ýyrtylanda)

6. Öliniň ganyny goýbermeklik –ýokanç kesel bilen kesellemedik, içgi organlary ýaralanmadyk ölilerden 1nji 6 sagadynda gan alynýar.Öliniň gany lagtalananok sebäbi onda fibrinagen ýok.Şonuň üçin konserwantsyz gan konserwirlenýär.

**Gany goýbermekligiň usullary**

Syrkawa gan goýbermek üçin onuň ganynyň toparyny rezusfaktoryny we rezus ulanşygyny donoryň gany bilen kesgitlemeli.
Gany syrkawa planlaşdyrylan tertipde geçiriljek bolsa ýeňiljek ertirliklerden soň goýbermeklik gaty amatly.Syrkawa gan goýbermekligiň öň ýanynda onuň siýdik haltasyny we içegesini boşatmaly.

**Flakondan gany goýbermeklik.**

Flakonyň rezin dykysyna llki kiçi iňňäni sokup sistema bilen birleşdirilýär.Ilkinji sokulan uzyn iňňe atmosfera howasynyň girmekligine mümkinçilik döredýär.Wena gan damaryny deşmek arkaly syrkawa gan goýberilýär.



Ganyň damja usuly bilen wena damarda goýberilişi

**Polietilen haltajygyndan gan goýbermeklik.**

Sistemanyň kiçi iňňesi ganly haltajygyň ýörite goýulan turbajygyna sokulýar.Beýleki turbajykdan atmosfera howasy girer ýaly uzyn iňňäni sokup, ştatiwe berkidilýär. Gany wena damaryna goýbermeklik üçin taýýar. Iki flakondan (ampula haltajyk) gany goýbermeklik syrkawa,köp möçberde gan goýbermeli bolanda şu usul ulanylýar.Munuň üçin iki flakonyň turbajygynyň arasyna birleşdiriji aýna uçlygy goýulýar. Eger-de 1-nji flakondaky gan gutarsa, 2-nji flakondaky gan goýberilip başlanýar.

**Gan goýberilen syrkawlara gözegilik etmek.**

Gan goýberlenden soň, syrkaw 2-3 sagatlap düşekde ýatmaly.Şepagat uýasy wagtly-wagtynda bedeniň temperaturasyny, gan basyşyny pulsyny ölçäp gözegçilik edip durmaly.

Syrkawyň temperaturasy ýokarlansa,üşedip başlasa, böwründe agyry bolsa ol lukmana habar bermeli we onuň görkezmesini berjaý etmeli.

Gan goýberilende ýüze çykýan ýalňyşlyk,howplylyk we beterleşme.

Gemotranfuzion şogy –ylalaşyksyz gan goýberilende ýüze çykýar.

**Alamaty:** umumy ysgynsyzlyk, ynjalyksyzlyk, böwürde we garyn boşlugynda agyry peýda bolýar,syrkawyň dem alyşy kynlaşýar, ýüzi gyzarýar, puls çaltlaşýar, gan basyşy aşaga düşýär. Soňra syrkaw huşundan gidýär.

**Bejerme:** şoga garşy çäre geçirmeli (paronefral, nowakain blokadasy, antigistamin, gormon agyrsyzlandyryjy, gan çalşyryjylar goýbermeli)we syrkawyň ganyna meňzeş topar gandan goýbermeli.

### Rezus boýunça ylalaşyksyz gany goýbermek.

Alamaty: edil ylalaşyksyz ganyň toparynyňka meňzeş. Käwagt reaksiýa soňrak ýüze çykmagy mümkin, Peşewde albuminuriýanyň, gematuriýanyň peýda bolmaklygy diagnozy doly kesgitlemege mümkinçilk döredýär.

Bejeriş çäreleri edil ylalaşyksyz ganyň toparynyňka meňzeş.

### Infizirlenen we hapalanan gany goýbermek.

Alamaty:birnäçe sagatdab soň güýçli üşetme bolup, gan basyşy peselýär.Ýýürek urgysy erbeteşýär.Deri we nemli barda gögerýär.Bejerme edil ylalaşyksyz ganyň toparynyňka meňzeş goşmaça antibiotikler sanjylýar.

### Anafilaktik şok

Alamaty:gan basyşy peselip ýürek urgysy çaltlanýar.Dem alyşy kynlaşýar.Deri örtigi we nemli barda agarýar.Bejeriş çärelerinde şoga garşy we antigistamin dermanlar ulanylar.

### Sitrat şogy

Köp möçberde sitrat natrili konserwirlenen gan goýberilende ýüze çykýar.Alamaty: syrkawda howsalalyk, damar çekme, ýürek agyry peýda bolýar. Gan basyşy peselýär.

Bejerme: wena gan damaryna 10% kalsi hloridi sanjym edilýär.

### Pirogen reaksiýalary

Diňe gan goýberilende däl eýsem gan çalşyryjy suwuklyklar goýberlende hem gana pirogen maddalaryň düşmegi netijesinde çykmagy mümkin.

Alamaty: syrkawyň gyzgyny ýokarlanýar, üşedýär,dem alyş kynlaşýar derä örgünler çykýar.

Profilaktikasy : gan goýbermeklikde ulanylýan sistemany, gaplary ýokançsyzlandyrmaly, dermanlaryň, ganlaryň möhletlerine seretmeli.

### Ýüregiň ýiti giňelmegi

Gany çalt goýbermelkligiň netijesinde ýüze çykýar.

Alamatlary:döş kapasasynda gysylan ýaly bolup, dem almasy kynlaşýar. Deri we nemli barda gögerýär.

### Howa emboliýasy.

Sistema düşen howa wena gan damary arkaly ýüregiň sag bölegine we öýkeniň gan damarlaryna barýar.

Alamaty:döş kapasasynda agyry, ynjalyksyzlyk dem almak kynlaşýar, deri we nemli barda gögerýär.Käwagty ýüregiň durmaklygy hem mümkin.

### Tromb emboliýasy.

Sistemadaky we iňňedäki lagtalanýan gan damary arkaly öýkeniň gan damaryna düşüp, infark emele gelmegi mümkin.

Alamaty: döş kapasasynda agyry, dem gysnma, gyzgynyň ýokary galmagy we gan çykarmak peýda bolýar.Eger tromby kelle beýniniň gan damaryna düşse, huşa getirmegi mümkin.

## Gany çalşyryjylar.

Olar şeýle toparlara bölünýär.

1. Şoga garşy ulanylýan preparatlar poliglýykin, gemobinil,ortamolekulýarly poliwinil,želatinol
2. Toksinleri zyýansyzlandyrmaga garşy ulanylýan preparatlar-gemodez, neogemadez,reopoliglýukin.
3. Parenteral iýmitlendirmek üçin ulanylýan preparatlar-gidroliziň L- 103, gidrolizat kazein,aminapiptid, omonokrowin,ýod emulýasy.
4. Duzuň kristalloi erginleri –disol,kwartosol,hlosol.Ringer-Lonkanyň ergini,0,85 natri hloridiniň ergini

**Barlag soraglary**

1. Donor haýsy ýagdaýda bolup bilmeýär?
2. Ganyň näçe topary bar?
3. Ganyň toparyny kesgitlemek üçin gerek bolan zatlar?
4. Ganyň toparyny kesgitlenende goýberilýän ýalňyşlyklar?
5. Rezus- faktory kesgitlemek usullary?
6. Rezus faktorlary kesgitlemek usullarynyň aýratynlyklary?
7. Gan we onuň preparatlarynyň saklanyşm möhletleri?
8. Ganyň ýaramlygyny kesgitlemek?
9. Ganyň goýbermekligiň usullary?
10. Gan goýberilenden soň, syrkawlara edilýän gözegçilik?
11. Gan goýberilende ýüze çykan ýalňyşlyklar?
12. Ganyň preperatlarynyň we gan çalşyryjylaryň görnüşleri?

# VII.BAP.
# Desmurgiýa

Desmurgiýa-bu daňylary, daňy materiallary we olardan peýdalanmagyň düzgünlerini öwrenýän ylymdyr.

## Daňy we daňy daňmak barada düşünje. Daňylaryň görnüşleri. Daňy daňmagyň düzgünleri.

Ýaralaryň hemmesine zyýansyzlandyrylan daňy daňylýar.Ýara daňy daňylýan prosesse daňy daňmak diýilýär.

Daňy materiallaryň ulanylyşyna göre, daňylar iki topara bölünýär:
1.**Ýumşak daňylary-** (plastyrly-şepbeşik,kleolly. Kosynka şekilli we bintli daňylar.)
2. **Gaty daňylar-** ( krahmally, gipsli daňylar).

Ýara zyýansyzlandyrylan daňy daňylanda emaý bilen çemelleşmek grek.Bdeniň daňy daňylan bölgi gymyldamaly däl.Binti sag eliňde tutup, çep eliňde bolsa daňyny saklamaly we bintiň aýlawynyň epinini ýazmaly.
Gysyjy daňy talap edilmeýän bolsa daňyny gan aýlanyşy bozulmaz ýaly gaty daňmaly däl.

Ilkinji daňy daňylmazdan ozal ýarany hapalaman we şikes ýeten adama azar bermän, ýarany açmaly.Ýaranyň häsiýetine we howanyň şertlerine, şeýle hem ýerli şertlere baglylykda daşky geýimi çykarýarlar ýa-da dikiniň ugry boýunça kesýärler.

Ilki bilen zeper ýeten ýeriň geýimini çykarýarlar. Ýylyň sowuk wagty üşemez ýaly, şeýle hem ilknji medisina kömeginiň gyssagly bermek zerur hallatlarynda şikesli adamlaryň diňe ýarasynyň daşyndaky geýimler ýyrtylyp aýrylýar.Geýimiň ýara ýapyşan ýerini çekip aýyrmak bolmaýar, ony gaýçy bilen kesip aýyrmaly ondan soň bolsa daňyny daňmaly. Çykarylan geýimleri tertipde: ilki bilen zeper ýeten ýeriniň geýimini, bolsa zeper ýetmedik ýerini geýimini geýdirýärler.

## Ýumşak daňylaryň görnüşleri.

Leýkoplaster (şebeşik) daňysy.Daňy iki bölekden ybarat: ýara degip durýan içgi daňy we ýarany berkidýän daşky daňy.daşky daňyny köplenç şepbeşik plaster bilen berkidilýärler.

Kleol daňysy. Kleol –bu sosnanyň spirtdäki we efirdäki smolasy. Ýara degişip durýan içgi daňynyň gyralaryna-derä kleol çalyp, hasa bölegine çekip, içgi daňynyň üstünden berkidilýärler we yzyndan basyp durýarlar.Hasa böleginiň ýelmeşmedik ýerlerini gaýçy bilen kesip aýyrýarlar.

Kolloid daňysy. Bu daňynyň ýokardakydan tapawudy,ondan kleol çalynman, eýsem spirtli efir goşulan Nitrokliçatka-nyň rgini çalynýar. Käbir ýagdaýlarda rezin kleýli BF-6 hem ulanylýar.Kosynka şekilli daňy, kelle döşe, çigne tirsege, dyza, bognuna, eliň penjesine we dabana, ýazma kosinka şekilli daňy diňe ýapyk şikes ýetmedikde,eýsem ýaralanmada hem ulanylýar eger kosynka zyýansyzlandyrmak bolsa, onda ilki bilen ýarany zyýansyzlandyrylan bint bilen daňýarlar, soňra bolsa kosynka berkidýärler.

## Daňy materiallary we olardan peýdalanmagyň düzgünleri.

Daňy materiallary gigroskopik bolmalydyr ýagny ýaradan gany we iriňi özüne siňdirýän çalt guraýan, aňsat ýokançsyzlandyrylan bolmalydyr.

Hasadan tabel daňy serişdeleri edilýär paketleri, dürli möçberdeki zyýansyzlandyrylan we zyýansyzlandyrylmadyk bintler ululy-kiçili salfetkalar we daňylar.

Operasion we daňy daňylan otaglarda hasadan ýa-da kiçirek salfetkalardan şarikli tamponlary, turundalary, zolaglary taýýarlaýarlar. Olar bolsa daňy daňylanda we operasiýa geçirilende ulanýarlar indiwudial daňy paketi pamyk hasadan edilen iki sany ýassyjyklardan we uzyn bintden durýar.Ýarajyklaryň biri bintiň ahyryna dikilgi,beýlekisi bolsa bint boýunça arkaýyn süýşüp biler.Senagat tarapyndan iki ýassyjakly paketlerde başga-da ,süýşmeýän bir ýassyjakly paketlerde öndürilýär.Paketiň ýassyjaklary we binti zyýansyzlandyrlan pergament kagyza dolanandyr, paketiň daşky gaby rezinli matadan edilen.

Daňy materiallaryň şunuň ýaly iki gat gaplanmagy onuň zyýansyzlygyny ähtibarly saklamagy üpjün edýär,paketa iňňebajyk salýarlar.Daşky gabygynda paketden peýdalanmagyň düzgüni görkezilendir.

Bint- bu düýrülgi ýagdaýdaky hasa zolagydyr.

Zyýansyzlandyrylan bintler pergament kagyzda germtik gaplanandyr .

Zyýansyzlandyrylan salfetkalar –bu hasanyň dört burçly boöleklerinden birnäçe gat edilip goýlan we 20sany dan pergament kagyza berk gaplanan salfetkalardyr.Uly salfetkalaryň ulylygy 70x 68 sm, kiçileriniň- 68x35 sm bolýar.

Zyýansyzlandyrylan kiçi daňy 14 sm we uzynlygy 7 metr bolan bitden we bintiň ujyna tikilgi 56x29 sm ululykda pamyk hasa ýassyjyklaryň birinden ybarat.Zyýansyzlandyrylan uly daňynyň 65x45 sm ululykda ýassyjygy bolýar, oňa 6 sany mata zolagy (berklemek üçin) tikilgidir daňy we uly ýaralary we ýangy daňmak üçin peýdalanýar.

Tabel daňy serişdeleri bolmasa onda gol asty serişdeleri ulanylýar, aýratyn hem maştaforowçylap daňmaklyk amatly we tygşytlydyr.Bu usulda ujy dilkaw kesilen dürli ululykdaky böleklerini ulanyp daňýarlar.Ýara ilki bilen zyýansyzlandyrylan binti ýa-da salfetkany goýýarlar, soňra bolsa matanyň bölegini goýup, bagyjyk bilen berkidýärler.

## Bintli daňylary daňmagyň usullary

Ýaranyň düşen ýerine baglylykda bintli daňylary daňmaklygyň köp görnüşleri bar.

Depe ýeňse, aşakky äň, ýaralanda, kellä daňy nokta görnüşinde daňylýar.Binti 2-3 gezek kelläniň daşyndan aýlap berkidip, soňra ýeňse, boýna we eňege aýlaýarlar, soňra eňegiň aşakky depäniň üsti bilen birnäçe gezek dikligine aýlaýarlar.Ondan soňra binti ýeňsä getirip ony aýlapo berkidýärler.Eňege daňy daňylan mahaly eňegiň we boýnuň daşyndan goşmaça aýlamaly, soňra dikligine aýlap kelläniň daşyndan berkitmeli.

## Nogta görnüşindäki daňy

Bir göze daňy daňmagy kelläniň daşyndan berkidiji aýlaw etmekden başlanýar.Soňra binti sag gulagyň ýeňsesinde sag göze ýa-da çep gulagyň arkasyndan çep göze getirilýär.Ondan soňra bintiň bir aýlawyny gözüň üsti bilen geçirýärler.

Iki göze daňy daňmaklyk sag we çep göze goýulýan iki daňynyň utgaşmasyndan ybaratdyr.

Ýeňse 8 şekilli daňy daňylýar.Ony kelläniň daşyna aýlap berkidýärler.Urny maňlaýy we eňegi sapan şekilli daňylar bilen daňýarlar.ýaranyň üstüne zyýansyzlandyrylan salfetkanyň bölegini goýmaly.

Kelläniň saçly ýerine aýyrmak çepe Gipokratyň we Niapolita daňylary daňylýar





Ýumşak sargylaryň goýluş usuly

Döşe spiral we atanak şekilli daňylar daňylýar.Spiral şekilli daňy üçin uzynlygy 1 metre golaý bintiň ujyny çöşleýärler,ýagynynyň aşak ýüzinden başlap, binti spiral şekilinde döş kapasasy sagdan çepe saraýarlar, soňra goltugyň aşagy bilen aýlap, binti sag egniň arkaly sallanyp duran boş ujy bilen daňýarlar.Döş atanak şekilli daňy daňylanda binti aşakdan berkidip 2-3 gezek aýlap daňýarlar.Soňra ýagyrnysyndan sagdan çepe berkidiji aýlaw bilen aşakdan öňe ýene-de döş kapasasyndan daşyndan aýlap daňýarlar.
Soňky aýlanan bintiň ujyny iňňebajyk berkidýärler.Garyn ýarlanan mahaly ýokardan aşaklygyna sarag, spiral şekilli daňy daňýarlar.

Ilki bilen garnyň daşyndan berkidiji 2-3 aýlaw edýärler, soňra bolsa binti buduň gapdaly we öňi bilen geçirýärler,buduň daşy bilen we gasygyň üsti arkaly daşyny aýlap daňýarlar, buduň daşy bilen we gasygyň üsti arkaly aýlap daňýarlar.Bintiň aýlawyny şol tertipde gaýtalap, ýarany ýapýarlar we bintiň ujyny garnyň üstünde berkidýärler, gasyk ýaralananda T şekilli ýa-da kosinka şekilli daňylary daňýarlar.T şekilli daňyny bintiň bir böleginden edilen guşagyň kömegi bilen ýa-da zyýansyzlandyrylan bint bilen ýapýarlar, we guşagyň öňünden hem yzyndan berkidýärler eli adata spiral, sümmül we atanak şekili bilen daňýarlar.Barmaklary sümmül şekilli daňy daňylanda goşaryň daşyndan aýlamak bilen başlaýarlar soňra bintli penjäniň arkasy bilen barmaklaryň ujyna çenli we tersine penjäni arkasyna aýlaw etmek bilen binti goşara berkidip daňýarlar..

Eliň aýasy ýa-da penjäniň arka tarapy ýaralananda goşaryň arka tarapyndan aýlap, eliň aýasynyň üsti bilen atanak şekilli daňy daňylýar.

Eger we çigine binti aşakdan ýokarlygyna spiral şekilli sarap ony gerek erinde epleýärler.

Tirsek bognuna daňy daňylanda döş boýunça goltugyň sag tarapyndan başlanýar we ýaranyň üsti bilen goltugyň aşagyndan ignä goltugyň sagdyn

tarapyndan arkaly arka saralýar. Bognuň hem ýerine ýapýança bintiň aýlawyny gaýtalaýarlar.Bintiň ujy ňňebajyk bilen berkidýärler ökçe daňy daňylanda binti ilki bilen onyň has öňe çykyp duran ýerini soňra gezekli gezegine ilkinji aýlawyň ýokarsyndan we aşagyndan saralýar ony berkitmek üçin bolsa bint sekiz şekilli daňy daňylýar. Bintiň berkidij ilkinji aýlawyna topygyň ýokarsyndan soňra aýagyň daraklygyny aşagyndan we dabanyň daşyndan aýlaýarlar soňra bolsa dabanyň arka tarapyndan topygyň ýokarsyndan geçirýärler bintiň ujyny topygyň ýokarsyndan aýlap berkidýärler.

Bilege we çigine daňylýan daňyny dyz çanagynyň üstinden aýlap soňra bolsa ýokarsyndan aýlap uçlary çukurjykda daňylýar.

**Gaty daňylara –gips, krahmal, plasmaslar degişli**.

Gips sargysy- köplenç döwük-ýenjiklerde, ortapediýada, süňk kesellerini bejermekde ulanylýar. Gips sargysynda ýörite inli bintler we gips uny ulanylýar.Gips ak reňkli un bolup, suw bilen garyşdyrylanda bulamak şekilli massa bolup tiz gataýar. Gips uny özüne çygy çalt çekýär.Bu bolsa onuň hilini erbetleşdirýär.Şonuň üçin ol ýapyk gaplarda saklanmalydyr.

**Gips sargynyň taýýarlanylyşy**

Gips sargysy ýörite gips goýulýan otagda geçirilýär.

Otagda bolmaly enjamlar:

1. Iş stoly.
2. Näsag ýatar ýaly kuşetka
3. Gips uny salynýan gap
4. Apparat Ilizarow
5. El çekiji, syrçaly legen.
6. Iş öňlügi, bir gezek ulanylýan ellik
7. Gipsi açyjy gural. Gips kesiji gural.

Gips daňysy inli bintlerden taýýarlanylýar. Binti gips stolunyň üstüne ýazyp, gips ununy üstüne dökmeli, eliň bilen tekiz ýaýratmaly.Gerek wagty ulanar ýaly togalap, ýygnap goýmaly.

Gips sargysy dürli görnüňşde : aýlaw görnüşinde, penjire şekilli, langet, köpri görnişinde koksid görnüşde bolýar.

**Gips ununyň hilini barlamak**.

1.Gips uny suw bilen deň derejede alnyp ,garyşdyrylýar.Alnan madda 6-7 minutdan gataýar.Gatan gips basylanda tekizden döwülse ,onda onuň hiliniň gowydygy ,eger owransa onda hiliniň pesdigini aňladýar.

2.Gips ununy eliň aýasyna alyp gysylsa ,eger hili gowy bolsa eliň aýasy açylandan soň dargap gitse onda hili gowy , egerde topbak bolup dursa onda hili pes bolýar.

**Gips sargysynyň goýluş usuly.**

Gips sargysyny goýmazdan öň näsagyň zeper alan agzasyny ýerli agyrsyzlandyrma etmeli .Näsag agry duýmaly däl.Näsag rahat oturmaly ýa-da

ýatmaly.Gips longetalaryny ýyly suwly legene sokup ezmeli, soňra ony suwdan çykarmaly, gysyp artyk suwuny aýyrmaly.Gips goýulýan goluň distal tarapyndan( ujundan) sargy goýup başlamaly we 2-2 bogny gymyldamaz ýaly daňy goýmaly.Sargy goýulýan ýerini emaý bilen sypalamaly we sargyny ýylmanaklamaly.Sargyny tene oňaýly we owadan goýmaly.Sargyda gödek epin, çümýän ýeri bolmaly däl. Sargy gaty gysmaly däl we holpuk bolmaly däl.Gips ele goýulan bolsa, ony boýundan ýaglyk bilen asmaly, gips goýulan soň iki günläp gözegçilik etmeli: sargy eli gaty gyssa, daňyny kesip gowşatmaly; holpuk bolsa – täzeden goýmaly .Sargyň daşyna döwügiň shemasyny çekmeli, goýulan wagtyny ýazmaly we gips goýan lukman goluny çekmeli.

## Barlag soraglary:

1. Daňy daňynyň görnüşleri.
2. Daňy materiallary we onyň görnüşleri.
3. Daňy materiallar ýetmezçilik edende haýsy gol asty materiallary Zyýansyzlandyrylan daňylaryň daňmagynyň esasy düzgünleri.
4. Daňy otagynda işleýän şepagat uýasynyň borçlary.

VIII.BAP.

## Şikeslenme

Şikeslenme diýlip? Organizme bir wagtda daşarky sebäpleriň täsir etmegi netijesinde (mehaniki, fiziki faktorlar) synalarda, dokumalarda anatomiki bitewiliginiň, fiziologiki funksiýalaryň bozulmagyna we organizme ýerli hem-de umumy reaksiýalaryň emele gelmegine aýdylýar.

Şikesleri barlamagyň aýratynlygy.Trawmatalohiki terminler.

Döwük ýenjik bölüminde işleýän şepagat uýlary şikeslileri barlamagyň aýratynlyklaryny bilmeli.

Bogunlarda hereketiň göwrümini barlamak ýa-da hasaplamak üçin ýörite gural-burç ölçegler ulanylýar tirsek bognunda hereket göwrümi 180$^{o}$ , injik- daban bognunda bolsa 90- dyr.

Bogunlarda hereket bozulmasynyň derejeleri şeýle kesgitlenýär.

1. Ankiloz- bogunda hereketiň ýoklugy
2. Rigidnost- munda bogunda yrgyldyly hereket 5$^{o}$ c- dan geçmeýär.
3. Kontraktura-bogunda çäklendirilen hereket bolýar.

Bulardan baga bogunlarda çenden –aşa hereket birleşdiriji apparatlar üzülende ýa-da süýnende bolýar.

Bogun ýok ýerinde emele gelýän herekete patalogiki hereket diýilýär.Bu süňkler, döwülende we ýalan bogunda emele gelýär.

Aýaklryň we elleriň uzynlygyny ölçemek ,şeýle hem göwrümini hasaplamak üçin metr lentasy peýdalanylýar.

### Keltelmäniň we uzalmanyň görnüşleri.

1. Hakykat uzalma ýa-da keltelme.

Keltelme- süňk döwülüp biten ýagdaýynda,süňk ösüşden galan wagtynda duş gelýär.

Uzalma –inçe kesel bilen kesellenmeginde ýüze çykýar.

2. Proeksion keltelme ýa-da uzalma kontrakturanyň ýa-da ankilozyň netijesinde döreýär.
3. Dislokasion keltelme ýa-da uzalma.Bu bogunda süňkleriň çykmagynda duş gelýär.

Myşsalaryň güýjüni kesgitlemek gaty möhümdir. Myşsanyň güýjüni kesgitlemek üçin dinamometr prebory ulanylýar.

### Şikeslenme toparlara bölünişi

1. Şikeslenmäniň şertine seredilip şeýle toparlara bölünýär.

1) Önümçilik bilen baglanyşyksyz şikeslenme. Olara(ýollarda, köçelerde we sportda şikes ýetmeler degişlidir.
2) Önümçilik bilen baglanyşykly şikeslenme ( önümçilik we oba hojalyk şikeslenmeleri).
3) Bilkaslaýyn şikes ýetmeklik ( harby we başgalar).

II.Şikeslendirýän faktorlaryň görnüşi boýunça şikeslenmeler aşakdaky toparlara bölünýär.

1).Mehaniki

2) Terniki
3) Himiki
4) Şöhleler netijesinde şikes ýetmeler.
III. Şikeslenmäniň häsiýeti boýunça aşakdaky toparlara bölünýär.
1. Ýapyk ( deri örtigi we nemli barda zeper ýetmedik ýagdaýynda) şikeslenme.
2. Açyk şikeslenme( deri we nmli barda zeper ýeten wagty.)
3. Göwrüme geçýän şikeslenme.
4. Ýönekeý şikeslenme (diňe haýsy hem bolsa bir dokuma şikes ýetýär).
5. Gatyşyk şikeslenme ( birnäçe organlara şikes ýetme)

**Şikeslenmeler wagty boýunça aşakdaky toparlara bölünýär.**

1.Ýiti şikeslenme (sebäp täsir eden badyna ýüze çykýar)
2.Könelişen şikeslenme( şikeslenmä getirýän sebäp birnäçe gezek täsir edenden soň ýüze çykýa)

**Şikeslenmäniň öňüni almaklyk**

Şikeslenmäniň öňüni almaklyk aşakdaky çärelerden durýar:
1. Ýol hereketleriniň düzgünlerini berk berjaý etmeklik.
2. Işi guramaçylykly guramak we tehniki taýdan howpsyzlygyň düzgünlerini berjaý etmek.

**Şikeslenmede ilkinji medisina kömeginiň guralyşy**:

Ilkinji medisina kömegi şikeslenmede aşakdakylardan ybarat.
1. Şikes ýetirýän faktorlary aýyrmaly.
2. Wagtlaýynça gany saklamaly.
3.Agyrsyzlandyrmaly.
4. Zyýansyzlandyrylan daňyny daňmaly.
5.Şikesliniň şikes ýeten ýeri gymyldamaz ýaly edip berkitmeli.
6.Ýürek we dem alyş ulgamlarynyň işini gowulandyrar ýaly dermanlar ulanmaly.
7.Serasaplylyk bilen keselhana getirmeli.

**Trawmatalogiki kömegiň guralyşy.**

Her bir önümçilik kärhanalarynda, meýdan brigadalarynda we sport meýdançalarynda sanitar toparlary döredilip, olar şikeslilere ilkinji medisina kömegini bermekligi başarmaly.Medisina kömegini punktlarynda işleýän orta medisina işgärleri, etraplarda we şäherlerde döwük- ýenjik punktlarynda işleän lukmanlar hem berýärler.

Welaýat merkezlerinde ýöriteleşdirilen döwük- ýenjikleri bejerýän bölümler bolup, şikeslilere kwalifikasion medisina kömegi berilýär.

**Barlag soraglar.**

1. Şikeslenme diýp näme aýdylýar?
2. Bogunda hereket bozulmasynyň görnüşleri.
3.Şikeslenmäniň öňüni almak.
4.Şikeslenmede ilkinji medisina kömegi.

5.Trawmatalogiki kömeginiň guralyşy.

## Ýanyklar. Elektrik togundan şikeslenme we sowuk almaklyk.

Sowuk almaklyk organizmiň dokumalarynyň aşakky temperaturanyň täsir etmegi netijesinde dörän şikes ýetmeler bilen häsiýetlendirilýär.Köplenç el-aýagy sowuk alýar.Sowuk almaklyk hatda 0º -dan ýokary temperaturasynda bolup biler.Sowuk alnanda dokumalara şikes ýetme birbada bolmaýar, ilki bilen deri agaryp başlaýar we duýujylygy peselýär.Şikes ýetmäniň hakyky drejesini birnäçe günden soň kesgitläp bolýar.

Dokumalaryň şikes ýetmeleriniň çuňlugyna baglylykda sowuk almaklygyň 4 derejesi tapawutlandyrylýar.

Ýeňil derejede deri örtügi agaryp agyry ýüze çykýar, şeýle hem sowuk alnan ýeri gijeýär.

Orta agyrlykdaky derejede deriniň ýüzünde gabarçyklar emele gelýär.Agyr derejede deriniň ähli gatlaklary ölýär.

Iň agyr derejede diňe deriniň gatlaklary ölmän eýsem çuň ýerleşen dokumalar.(myşsalar, süňk)ölýär .

### Ilkinji medisina kömegi

Şikeslini ýyly jaýa salýarlar, eger şonuň ýaly mümkinçilik ýok bolsa onda ony ýerinden sowukdan goraýarlar.Geýimini we aýakgabyny mümkin bolsa gurysy bilen çalyşýarlar.Eger dokumalarda heniz üýtgeşiklik ýüze çykmadyk bolsa, onda sowuk alan ýere spirt, atyr sürtýärler we massaž edýärler.Şikeslä gyzgyn çaý, kofe berýärler.Eger mümkinçilik bolsa ony gyzgyn suwly wanna (20º-37º) salyp, mylaýym massaž etmeli.Şikeslä agyrsyzlandyryjy dermanlardan sanjym etmeli.Sowuk alnan ýeri gar bilen sürtmek bolmaýar, sebäbi maýdajyk buzjagazlaryň derä şikes ýetirmegi mümkin.Şikes ýeten ýer organizime mikroplaryň aralaşmagyna mümkinçilik döredýär.

Bejergisi: birinji derejede ilkinji kömek ýeterlikdir.Ikinji derejede gabarjyklary aýyryp,oňa antiseptiki serişdeker bilen aseptiki daňylar goýulýar.5-7 günden soň fizio-terapewtik bejergiler geçirilýär.Üçünji – dördünji derejelerde ölen dokumalary kesip aýyrýarlar( nekrektomiýa)

Umumy bejerme witamine baý bolan iýmitler we witaminler sanjylýar. Mundan başga infeksiýa garşy göreşmek üçin antibiotikler hem ulanýarlar. Intoksikasiýany peseltmek üçin gan we düzüminde ganyň elementleri bolan preparatlary hem-de ornuny tutaýjak sowuklyklary peýdalanylýar.

### Elektrik togyndan şikeslenme

Elektrik togy merkezi nerw sistemasyna täsir edýär.Ýeňil şikes ýetende gysga wagtlaýyn huşundan gidýär.Agyr şikes ýetende huşundan gitme, dem alyş we ýürek işleýşi peselýär.Elektrik togy täsir edende ýerli şikes ýetme mümkin.

## Ilkinji medisina kömegi

Elektrik togy uran adamy ilki bilen tokdan aýyrmaly.Agyr şikeslini (huşundan giden) arkan ýatyryp, oňa reanimasion çäreleri geçirýärler( emeli usulda dem bermek we ýürege göni däl massaž etmek)Bedeniň elektrik togy uran ýerinde zyýansyzlandyrylan daňy daňýarlar.Görkezmesi boýunça ýürek we dem alyş gowulaşdyrýan analeptiklerden sanjymlar edýärler.

## Barlag soraglary

1.Ýanyk näme we onuň görnüşleri?
2.Ýanygyň derejeleri.
3. Ýanan şikeslere nähili gözegçilik edilýär.
4.Sowuk almaklyk we onuň sebäpleri.
5. Sowuk almada ilkinji medisina kömegi
6.Elektrik togundan şikeslenene ilkinji medisina kömegini bermek.

IX.Bap

**Hirurgiýa infeksiýasy**.

Ýerli iriňli keseller.

Hirurgiýa infeksiýasy – bu iriňli sowuklama keseli bolup esasy bejergi operasiýanyň usuly bilen bejerilýär. Hirurgiýa infeksiýasynyň sebäbi mikroplardyr.Olar uly iki topara bölünýär:

1. Aeroblar: bu topara stafilakoklar, streptokoklar ,nemmokoklar, iriň emele getiriji taýajyklar girýär.Bu mikroplar kislarodyň bar ýagdaýynda ösýärler, köpelýärler, iriň emele getirýärler we hirurgiki infeksiýa emele getiriji keselleri döredýärler.
2. Aneoroblar: bu toparyň mikroplry kislarodsyz ýagdaýlarda , ösýärler , köpelýärler.lar aneroplar iriň emele getirýänlere, aneroplar iriň emele getirmeýänlere bölünýär.

Ýerli iriňli infeksiýasy.

Çyban – gyl köki bilen onuň daş –töweregindäki dokumalaryň ýiti iriňli sowuklap çişmesidir.

Alamaty : Deriniň ýüzünde, gylyň düýbünde , kiçijik iriňli düwürtüjik emele gelýär.Döwürtek agryly derisi gyzaryp çişen wagtyň geçmegi bilen hadysa iriňleýär.Näsagyň umumy ýagdaýy kanagatly.Ýüze we kelle çykan çywany gysmak bolmaýar , bu agry geçýär minin gidiň bolmagy mümkin .

Bejergi : Ilki onuň töweregindäki gyllary saçy emaý bilen aýyrmaly.Spirt ýa-da ýod çalyp mikroplardan arassalamaly.Wişnewskiniň melhemi bilen ýapgy etmeli.

Dokuzdonly(karbunkul) gyl kökleriniň we ýag mäzleriniň ýiti iriňli sowuklap çişmesi.Ol dokumalaryň ölmegine getirýär.

Bu kesel gyartaşanlarda , süýji keseli bilen kesellän syrkawlarda , gan aýlanyşygy peselenlerde ýygy – ýygydan duşýar.Dokyzdonly adamyň ýeňsesinde, arkasynda, otyrýerinde uýlygynda kän gabat gelýär.

Alamaty: 3-4 sany gyl kökünüň daşynda agryly gatylyk emele gelip , gögümtil gyzyl çiş döreýär.Soňa baka onuň töweregindäki agryly gatylykda gyl kökleri iriňläp, deşilip , daşaryk goýy –ýaşyl iriň akyp durýar.Deşikler birleşip bitmesi kyn ýara emele gelýär.

Syrkawyň ýagdaýy agyrlaşýar ýüzüniň nury öçýär, ýürek urgusy çaltlanýar, beden gyzgynlygy ýokarlanýar, ukysy gaçýar , işdäsi tutulyp ýüregi bulanar.Keseliň beterleşmegi syrkawyň janyna howp salýar.(miningit , sepsis).

Bejergi: ilki bilen dokuzdonlygyň 10-15 sm daş –töweregindäki gyly we saçy emaý bilen syrmaly, spirt bilen arassalap onuň daş- töweregini penisiliniň erginini sançmaly.

Witaminoterapiýa, antibiotikiterapiýa melhemlerden ýapgy etmeli .Egerde konserwatiw bejergi peýda bermese onda operasiýa usuly bilen bejermeli.

Abses- iriň dokumalarda ýa-da synalarda çäklendirilen toplumdyr. Abses sanjym edilen ýerde däl bedenjikleriň we okuň degen ýerinde döremegi mümkin .

Alamaty: deriniň aşagynda çäklendirilen gatylyk emele gelýär.Soňa baka agyryly gatylyk ýumşap , iriňleşip deriniň ýüzi gyzaryp çişýär, eli bilen basylyp görlende iriňli ojagyň ortasynda mülkildi alamat peýda bolýar.Abses içki synalarda ýerleşen bolsa, syrkawyň ýagdaýy ,erbetleşýär, bedeniň gyzgyny ýokarlanýar, üşüdýär, ýürek urgysy çaltlanýar, dem almasy kynlaşýar.

Bejergisi: hadysanyň ýaňy başlan wagty antibiotikler sulfanilamid preparatlary ulanylýar.Iriňlemede operatiw usuly bilen bejerýärler.

**Limfangoit-** bu limfa damarlaryň sowuklap çişmesidir .Bu köplenç iriňli proseslериň beterleşmeginiň netijesinde ýüze çykýar.(dokuzdonly, çyban )esasan hem ýüzleý ýerleşen damarlary keselleýär.

Alamaty: iriňli ýaradan limfa damarlary ugry boýunça gaty we agyrly, deride açyk gyzyl zolak gidýär.

Syrkawyň gyzgyny ýokarlanyp, üşedýär, kellesi agyrýar.Ganda lekositoz.

Bejermesi. Limfangoitiň bejergisi ilkinji iriňli prosesleri bejermekden durýar.

**Limfaadenit-**bu limfa mäzleriniň sowuklap çişmesidir.limfa mäzlerine iriňli ýaralardan (çyban dokuzdonly) mikroorganizmler we toksinleriň düşmegi netijesinde döreýär.

Alamaty: deriniň astynda köp sanly noýba şekilli yzaly gaty düwünler döreýär.Olar iriňleşende ýeri gyzaryp çişýär.
Syrkawyň gyzgyny ýokarlanýar, tapdan düşýär.

Bejermesi:syrkawa antibiotikler (ampisilin,ampioks) we sulfanilamid (sulfademizin,sulfademotaksin) dermanlary maz ýapgylary ulanylýar.Iriňleşen limfa mäzleri operatiw usulda bejerilýär.

**Beze (roža)**-bu deriniň hemme gatlagynyň we nemli bardasynyň ýiti sowuklap çişmesidir.
Streptokokkiler nemli barda derä şikes ýeten ýerinde seýrek limfa we gan damarlarynyň üsti bilen düşýär.

Alamaty: kesel ýiti başlanýar.Beden gyzgyny ýokarlanýar, üşedýär.Syrkaw tapdan düşýär.
Beze ýüze,kellä, seýrek göwrä, el-aýaklara çykýar.
Bezäniň birnäçe görnüşi bar:

1. Eritematoz görnüşi deri birden gyzaryp çişýär.
2. Bullýoz görnüşi iriňli gabarjyklar deri ýüzünde peýda bolýar.
3. Flegmanoz we gangrenoz görnüşlerinde dokumalar ölýärler.

Bejerme: bu kesel bilen kesselän syrkawlary aýratyn otaglarda bejerýärler.Syrkawa antibiotikler, sulfanilamidler,fizioterapiýa, melhemleri çalmak ulanylýar.

## Panarisi- okuma.

Okuma diýip barmagyň dokumalarynyň iriňli agyrmagyna aýdylýar.

Sebäpleri-daşky gurşawdan barmagyň dokumasyna stafilakoklaryň we beýleki mikroplaryň, deriniň sypjyrylmasynda, tiken çümende we beýleki mikrotrawmalarda düşmegi netijesinde ýüze çykýar.
Okumanyň toparlara bölünişi.

1. Dyrnak asty okuma
2. dyrnakdüýbi okuma-panorihiý
3. Deri okumasy

4. Deriasty okumasy
5. Siňňir okumasy
6. Bogun okumasy
7. Süňk okumasy.
8. Pandaktilit- barmagyň hemme dokumasyny iriňli agyrmagy.

Alamatlary:ýerli agyry barmak çişýär, ýerli dokumanyň gyzarmagy we ýerli gyzgynlygyň ýokarlanmagy pes mukdarda bolýar.Agyrly barmak, köplenç ýarym egilen ýagdaýda bolýar.Barmagy göneltseň agyry güýçlenýär.

Umumy alamatlary: gyzgynyň ýokarlanmagy kelle agyry ýürek urgusynyň tizlenmegi, ganda leýkositoz we EÇT-niň ýokarlanmagy.

Keseli takyklamak üçin rentgenograma barlagyny geçirmeli.

Bejergisi: Konserwatiw usuly bilen: okuma ýaňy başlanda, agyrly barmagy 70º c spirtli çüýşejige sokmaly we 10 min saklamaly.Margansowkanyň gowşak ergini bilen ýyly wannyjyk etmeli.Barmaga 30% -li dimeksid + 1ml deksametazon +1 ml gentamitsin ergini bilen daňy etmeli.Eger-de konserwatiw usul kömek etmese operatiw usul bilen bejermeli.

X.Bap

## Ýiti mahsus däl anaerob infeksiýalary

**Gazly gangrena :** bu keseli klostridiýleriň köp görnüşi döredýär.Klostiridiň ekzotoksini dokumalary öldürýär, dokumada nemli çiş we gaz emele getirýär.Dokumada gaz düwmejikleri bolýar.

**Keseliň umumy alamatlary:**ýagdaýy agyr, diliniň üsti guran, pulsy çaltlaşan.Ganda eritrositleriň sany azalýar,gemoglobin peselýär, Eritrosidleriň çökme tizligi ýokarlanýar.

Ýerli alamatlary.

1. Ýaradan çüýrän bedäniň ysy gelýär.
2. Ýaradan etiň ýuwundy suwy ýaly suwuklyk bölünip çykýar.
3. Ýaraň gyrasyndaky myşsalar gaýnadylan eti ýadyňa salýar,gyzylymtyl çal reňkde bolýar.
4. Agyrly el, aýak tiz çişýär ony ýüplük halka alamaty bilen anyklap bolýar.Ýagny agyrla aýaga ýüplükden gowşak halka daňylýar.Bir sagatdan soň ýüplük halkasy deriniň içine çümýär.Sebäbi çiş bar.
5. Ýaranyň içinde myşsalaryň arasynda gaz döwmejikler bolýar.Deriniň üstünden barmak bilen basanda gaz döwmejikleriň ýarylyşy duýulýar.

Bejergisi: antibiotikiterapiýa oksigenasiýa bejergi geçirmeli.Näsagy kislorada baý bolan otaglarda bejermeli.Eger konserwatiw bejergi netije bermese onde operasiýanyň üsti bilen bejerilýär.

## Ýiti mahsus anaerob infeksiýalary

**Bürme keseli**: diýip, bürme taýajyklarynyň ýara,sypjyryga düşüp döredýän infeksion keseline aýdylýar.Bürme keselinde myşsalarda jana howply kloniki we toniki tutgaý gönüşli ýygrylmalar bolýar.

Bürme taýajyklary saprofit ( zeleliksiz ) ýagdaýda goýnuň , sygyryň , adamyň içegesinde ýaşaýarlar.Haýwanlaryň tezegi bilen daşarky gurşawa, ýere düşýärler. Bürme taýajyklary daşky gurşawdan deridäki sypjyrma, ýara düşýärler, ol ýerde köpelýärler we endama ýaýraýarler .

Keseliň klinikasy.Keseliň gizlin geçiş döwründe ony anyklamak kyn.Näsagda kelle agry , bitaplyk ,umumy gowşaklyk derlegenlik bolýar.Araň töweregindäki myşsalar gataýarlar, soňra olar titräp we sandyrap bürülýärler, çekdirilip agyrýarlar.Näsagyň bili agyrýar , çörek iýende eňekdäki çeýneýji myşsalar tiz ýadaýar.Kesele mahsus alamatlar bolýar:

1. Loren- Epşteýniň alamaty – syrkawa agzyny çalarak açdyrmaly, onuň dulugyndaky çeýneýji myşsalara barmak bilen kakyp görmeli.Şonda näsagyň agzy birden ýumulýar.

2. Ýaraň töweregindäki myşsalara barmak bilen kakyp görmeli , şonda olar ýygrylýarlar we gataýarlar.

3. Trizm alamaty- çeýneýji myşsalaryň güýçli ýygrylmagy sebäpli , keselli agzyny açyp bilmeýär.Onuň agzyna çemçe sokup , zordan açyp bolýar.

4.Sardoniki ýygrylma- ýüzüň mimiki myşsalarynyň ýygrylmagy sebäpli maňlaýda we duluklarda çuň ýygyrtlar emele gelýär we keselli kineli ýylgyrýan ýaly bolup görünýär.

5. Opistotonos – keseliň iň mahsus alamaty .Näsag arkan ýatanda , diňe ýeňsesi bilen ökjesi ýere degýär, göwresi ýaý ýaly egrelip howada durýar.

Keseliň gaýra üzülmeleri: myşsalaryň üzülmegi ; süňküň döwülmegi; bronhuň we öýkeniň iriňli agyrmagy ; asfiksia .

Bejerlişi: syrkawa umumy bejergi geçirilýär.Kesellini asuda we garaňkyladylan otagda ýerleşdirmeli.

Kloniki we toniki tutgaýyň garşysyna uky derman içirmeli .Neýropleptik derman erginlerini sançmaly.Narkotiki analgetikleri ulanmaly, rahatalandyryjy dermanlary bermeli.

**Bürmäniň öňüni alyş çäresi .Bezredkanyň usuly boýunça sanjym etmek.**

Gyssagly öňini almak üçin öň bürme keseline garşy sanjym edilen uly adamlara we çagalara alan şikesine garamazdan 0.5 ml bürme anakoksini sanjym edilýär. Her bir medisina işgäri goýberiljek syworotka bedeniň duýujylygynyň barlag geçirip bilmeli.

Şprise aýratyn 1:1000 eredilen syworotkadan 0.1 ml alnyp goşaryň iç tarapyna deriniň içine sanjym edilýär.30 minutdan soň sanjym ýeri barlanyp görilýär.Sanjylan ýerde dörän gyzarma diametri 0.9 sm –dan uly bolsa onda sanjym etmeli däl.Deriniň gyzaran diametri 0.9 sm- dan kiçi bolsa onda sanjym geçirilýär.Ýagny eredilmedik syworotkadan 0.1 ml alynyp çiginiň daş ýüzüne deriniň aşagyna sanjym edilýär we 30 min dowamynda gözegçilik etmeli, eger netije položitel bolsa onda galan syworotkanyň hemmesini gapma –garşy eliň çiginiň daş ýüzüne etiň içine sançmaly.

XI.Bap

## Hirurgiki mahsus infeksiýalar

Süňk inçe keseli.

Süňk inçe keseline- turba şekilli süňkleriň, dyz çanak bognunyň, but bognunyň, oňurga sütün inçe keseller degişlidir.Mikobakteriýa bedene dem alyş ýoly, şikes ýeten deri we nemli bardanyň üsti bilen geçip synalarda we dokumalarda inçe kesel çeşmesini döredýär.Limfa düwünlerdäki inçe kesel 90% ne golaý keselleýär.Ilki olaryň ulalyp dargamagy we eremekligi mümkin .Soňra obses emele gelip bitmesi kyn iriň akyp duran ýara öwrülýär.Süňk bogun inçe keselleri köplenç çagalarda duş gelýär.Mikobakteriýalar oňurga sütünine ilkinji ojakdan gemotagen ýollary bilen aralaşýar we spondilit inçe keselini döredýär. Dyz bogun inçe keseline – **gonit**, but bogundaky inçe keseline - **koksit** diýilýär.

Alamaty : buduň inçe keseliniň duýdansyz başlangyjy bolup, ýuwaşlyk bilen könelişen görnüşine geçýär.Syrkawda hemişelik agry bolup, bogun çişýär, el-aýak jansyzlanýar.Deride emele gelen deşiklerden iriň akyp durýar.Süňk inçe keseliniň agyr görnüşlerinde süňkiň gyşarmagy, giňelmegi , patalogiki düwümler, çykyklar bolmagy mümkin .



Bil – oňurga inçekeseli



Bogun inçekeseli

Oňurga sütün inçe keseli edil süňk inçe keseline meňzeşdir. Esasy aýratynlygy zaýalanan oňuganyň töwereginde myşsa dartylyp, küýki görnüşinde egrelip (deformirlenip) durýar. Keseliň çäklendirilen we ýeňil götnüşlerinde syrkawyň umumy ýagdaýy az üýtgeýär. Kesel rentden barlaglarynyň üsti bilen anyklanylýar.Gan barlagynda leýkositler köpelýär.

Bejergi: syrkawlar ýöriteleşdirilen sanatoriýalarda we dispanserlerde bejerilýär.Olary gowy naharlandyryp açyk howada gezdirýärler.Olada gün wannasy, ultra melewşe şöhlelendirilişi geçirilýär.Derman serişdelerden : АСК Ftiwazit, streptomisin , kanamisin we beýlekiler ulanylýar.Spondilitde zaýalanan göwre bölümi gips krowatjygynda , aýak bogunlaryň inçe keselinde koksit , gips daňylary ulanylýar.

Süňk bogun inçe keseliniň öňini alyş çäreleri:

1. Sosial öňini alyş çäreleri – ýaşaýyş medeni dynç alyş gowylandyrmak , sporty ösdürmek , tebigaty goramakdan durýar.
2. Keseliň öňini alyş çäreleri – tapylan näsaglary bejermekden durýar.
3. Mahsus däl öňini alyş çäreleri- syrkawy ýöriteleşdirilen bejeriş edaralaryna iberilýär.Her syrkawda öziniň aýratyň gap- çanagy bolmaly.

**Ýerli iriňli ýokanç keselli syrkawlara gözegçilik etmek**

Syrkawyň bedeniniň goraýyş güýjini dikeltmek üçin witaminleşdirilen iýmit bermeli. Otaglary ýeljiredip durmaly. Daňy gurandan soň, otagy ýygnaşdyryp, kwars şöhlelendiriş işi geçirmeli.

### Umumy iriňli ýokanç keselli syrkawlara gözegçilik etmek.

Otaglary arassa saklap, ýeljiredip durmaly. Syrkawda ýatyr ýarasynyň öňüni almak üçin olary tiz-tizden öwrüp durmaly. Komfrora spirdini çalyp massaž etmeli.

**Gazly gangrenalarda näsaglara garaşyk etmek.** Syrkawy aýratyn otagda ýerleşdirip, rahatlyk döretmeli. Oňa gözegçilikedýän medisina işgäleri ol ýerde aýratyn halat we hirurgiki gurallaryny ulanmaly.Ulanylan daňy materiallaryny ýakyp ýok etmeli .Syrkawyň egin- eşikleri aýratyn awtoklawda ýokançsyzlndyrylýar.

### Bürme keseli bilen kesellän syrkawlara gözegçilik etmek .

Syrkawy aýratyn ýiti ýagtylygy bolmadyk otaglarda ýerleşdirilýär, otaglarda asudalyk bolmaly, şeýle ýagdaý döredilmese damar çekme tutgysy başlanmagy mümkin .Sykawlar zond arkaly iýmitlendirilýär.

### Süňk, bogun inçe kesellerine gözegçilik etmek.

Syrkawlaryň köpisi çagalardyr .Olar dermanlary kabul etmekde her hili ýollar bilen boýun gaçyrýarlar.Şeýlr syrkawlara drman paýlananda şepagat uýalary olaryň derrew içmekligini talap etmelidir.Syrkawlar köp wagtlap mejbury ýagdaýda gips daňysynda ýatmaly bolýarlar, şonuň üçin hem ýatyr ýaralaryň döremezliginiň öňini alyş üärelerini geçirmeli.Syrkawlara witamine baý bolan iýmitleri iýdirip, arassa howadan dem aldyrmaly.

### Barlag soraglary:

1. Çywan alamatlary.
2. Dokuzdonlynyň bejerilişi.
3. Abses alamatlary .
4. Beze keseliniň alamatlary.
5. Limfadenit we limfagoidiň alamatlary.
6. Gazly gangrenanyň alamatlary.
7. Bürme keseliniň öňini alyş çäreleri.
8. Süňk we bogun inçe kesellere gözegçilik etmek.

XII.Bap.

## Çiş keselleri.

**Çiş diýip-** öýjükleriň üznüksiz patalogik köpelmegine aýdylýar. Çişlere tumor, neorlazma, blastoma, onkoma, hem diýilýär.Çişleri aňlatmak üçin agzalarynyň laatynça adynyň yzyna –„ oma“ goşulmasy goşulýar.Meselem: mioma, fibroma , lipoma, handroma, osteoma , newroma, adenoma, adenokarsionma, angioma we ş.m. Käbir çişleriň aýratyn atlary bar. Meselem: kanser(s-r) –rak - howply çiş; Bütin dünýä saglygy goraýyş guaramasynyň hasabyna görä dünýä her ýyl 5 mln adam howply çişden ölýär.Çişleri öwredýän ylma ankalogiýa diýilýär.Kada dokumalar neoplazma dokumasyna öwrülenden soň olr örän çalt we üznüksiz köpelýärler .Neoplazma öýjükleri we dokumasy kada dokumalardan morfologiki, biohimiki , funksianal , we genetik häsiýetleri bilen tapawutlanýarlar.Neoplazma dokumasy keseliň endamyna zäherli bolan maddalary bölüp çykarýar , kesellide rak intoksiksiýsy, bolýar.we näsag kaheksiýa çenli horlanýar.Çişler iki topara bölünýär: howply çişler we howply däl çişler.Howply çiş keselinde ilki bada kliniki alamatlary az geçýär we kesel öte geçýär.Keseli giç anyklanylsa onda hassa degişli medisina kömegi edip bolmaýar.

**Çiş kesselleriniň döremeginiň sebäpleri:**

1. Dowamly könelişen keseller geçip bilýär.
2. Dürli nerwo - psihiki dartgynlyklar.
3. Zyýanly endikler( çilim çekmek , nas atmak,).
4. Bedende gormonal bozulmalar.

**Alamatlary:** näsagda güýçli çydamsyz agry işdäsiniň peselmegi, ýürek bulanma , horlanma , ýüze çykýar.Keseli anyklamak üçin rentgen barlaglary, ultrases barlaglary, kompýuter tamografiýa, radionuklit barlaglary, morfologiýa barlaglary (biopsiýa) netijesini anyklaýarlar.

### Howly däl çişiň howply çiş kesellerinde esasy tapawutlary

| Howply çiş keselleri | Howply däl çiş keselleri |
|---|---|
| Öýjükler adaty däl | Morfologik aplaziýa pes bolýar. |
| Çiş araçägi aýdyň däl, kapsulasy ýok. | Çiş oýtum görnüşinde togalak, daşy ýylmanak kapsulasy bar. |
| Operasiýasy kynlyk bilen geçýär. | Operasiýada ýeňillik bilen aýrylýar. |
| Näsagda zäherlenme alamatlary güýçli. | Näsagda zäherlenme alamaty ýok. |
| Koheksiýa çenli horlanýar. | Koheksiýa çenli horlanmaýar. |
| Synalara metastaz berýär. | Synalara metastaz bolmaýar. |
| Konserwatiw bejerginiň netijesi pes. | Konserwatiw bejergi netijeli. |
| Agyry çydamsyz. | Agyry güýçli däl. |
| Kesel ölümiň sebäbi bolýar. | Kesel ölümiň sebäbi bolmaýar. |

**Bejergisi :** häzirki wagtda howply çiöşleriň bejermegiň binäçe usullary bar.

1. Şöhle usul bilen bejermek- howply çişlere rentgen şöhleleri bilen täsir edilýär rak dokumasy şöhläniň täsiri astynda ölýär.Keseliň ýaşy uzalýar.
2. Himio terapewtik bejergi – bu usulda kesellini sitostatik dermanlaryň kömegi bilen bejerilýär.
3. Kesellä umumy bejergi geçirilýär( gan , plazma guýmak) .
4. Operatiw usul bilen bejermek: radikal, palliatiw operasiýalary geçirilär.

**Çiş kesellilere gözegçilik etmegiň aýratynlyklary.**

Çiş keselleri bilen kesellän syrkawlara gözegçilik etmegiň öz aýratynklary bar.Orta medisina işgäri syrkawdan onuň keselini gizlemelidir“ Rak“, „ Sarkoma“ dien terminlerini“Ýara „“Gtylyk“ diýen ýaly sözler bilen çalyşmaly.Syrkawlarda howply çiş keseli bolsada olr keselinden gutuljakdyklaryna ynandyrmaly.Agyr ýatan näsaglary aýratyn otaglarda ýatyrmaly .Syrkawlara degişli resminamalaryny el ýeter ýaly ýerde goýmaly däl.Operasiýadan soňky döwürde edilmeli gözegçilik, beýleki hirurgiki operasiýalardan soňky döwürdäki gözegçilik bilen deňdir.

XIII.Bap.

## Dokumalaryň ölmekligi, gan-damar keselleri, ýaralar. Ýara agzy (swiş)

### Dokumalaryň ölmegi (nekroz)

Öýjükleriň, dokumalaryň ýa-da synalaryň gan aýlanyşygynyň we iýmitlenişiniň bozulmagy dokumalayň ölmegine( nekroza) getirýär.Bularyň döremegine daşky we içk faktorlar sebäp bolup bilerler.

Daşky faktorlar

1.Şikeslenmek netijesinde myşsalaryň, nerwleriň we gan damarlarynyň zaýalanmagy.
2.Dokumalaryň uzak wagtlap žgut ýa-da gips daňysy bilen gysylmagy.
3.Ingi derwezesi bilen organlaryň gysylmagy.
4.Himiki we termiki täsirler.

**Içki faktorlar**.

1.Gan damarlarynyň embol we tromblar bilen dykylmagy ýa-da daralyp bitmegi (endarteriit, ateroskleroz)
2.Zäherli toksinleriň täsiri netijesinde.

### Dokumalaryň ölmekliginiň görnüşleri

### Gangrena

Bu nekrozyň bir görnüşi bolup, uly gan damarlaryny geçirijiligi bozulan halatlarynda ýüze çykýar.Gangrena gury we çygly gangrenalara bölünýär.

Gury gangrena- arteriýa gan üpjünçüliginiň ýuwaş-ýuwaşdan kesilmegi netijesinde dokumalar gatap guraýar.Ölen we sagdyn dokumalaryň arasynda demakrasion çyzyk peýda bolýar.

Çygly gangrena- arteriýa we wena gan aýlanyşygy bozulmagy netijesinde peýda bolýar.Dokumalar çişýär, garamtyl, gök tegmiller we gabarjyklar peýda bolýar. Infeksiýanyň düşmegi bilen kesel beterleşip porsaýar.

Alamaty: syrkawyň umumy ýagdaýy agyrlaşýar şikes ýeten el-aýak agraýar, gan basyşy peselýär, pulsy gowşak we çalt, gyzgyny ýokarlanyp dili guraýar.
Seredilipgörülende el- aýak çişen we sowuk bolýar.Puls bildirmeýär.Syrkaw hereketsiz bolýar.

Bejergisi: ölen dokumalary operatiw usul bilen kesip aýyrýarlar.Çygly gangrenanyň ölen dokumalaryny ýod bilen gaýtadan işläp gabarjyklary kesip, soňra ýarany açyk usulda guratmaly.
Syrkawlara gan we gan çalşyjylar goýberilýär.Infeksiýa garşy antibiotikleri ýüregi kuwatlandyrar ýaly dermanlar ulanylýar.

### Obliterirleýji endarteriit we Ateroskleroz

Obliterirleýji endarteriit – bu arteriýa gan damarlarynyň patalogik ýapylmagydyr.Bu kesel aýratyn hem aýaklarda köp duş gelýär.Oňa çilm çekmeklik, aýagy sowuklatmak, psihiki şikeslenmeler sebäp bolup biler. Obliterirleýji ateroskleroz- umumy aterosklerozly syrkawyň aýagynyň uly

arteriýa gan damarlarynyň birleşdiriji dokumalarynyň ösmegi netijesinde ýüze çykýar.

Alamaty:iki keseliň alamatlary hem meňzeş.Ilki syrkawyň aýagy sowap, gurşup agraýar.Ýörände agry güýçlenip, dynç alanda ol aýrylyp gidýär(arakesmeli dowam edýän agsamaklyk).

Seredip görlende deri örtügi ak, hamy düşüp dyrnagy döwülen. Elläp görlende aýagy sowuk, daban we injik arteriýasynda pulsy bildirenok,aterosklerozda bolsa but arteriýasynda hem puls bildirmeýär , syrkawyň dabanynyň birinji barmagynda ýarajyk peýda bolup,soňa baka ulalyp gangrena keseline getirmegi mümkin .

Bejerlişi: syrkaw gan damaryny giňeltýän ,olaryň gysylmagyny aýyrýan dermanlar we witaminler, antibiotikler berilýär.Bu keselde barokemera hem gowy netije berýär.Operatiw usuly bilen gan damarlaryndan tromby aýyrýarlar, goşmaça gan –damar anastomozyny döredýäler.Egerde gangrena keseli başlansa,onda ony operatiw usul bilen bejerýärler.

**Wena gan damarlarynyň warikoz giňelmesi .**

Bu aýagyň deriasty gan damarlarynyň halta ýa-da silindir görnüşinde giňelmegidir. Kesel endokrin we nerw ulgamynyň gan damarlary sazlaşdyrmak işi bozulanda ýüze çykýar. Keseliň döremegine uzak wagtlap dik durup işlemeklik, göwrelilik sebäp bolmagy mümkin .

Alamaty : syrkawyň aýagynda agry , çiş, ýadawlyk we deri asty gan damarlary giňelip,görnüp durýar.Aýakda myşsa çekmesi mümkin .Deri ýukalýar he-de tegmilleşýär.Kesel ekzema we uzak wagtlap bitmeýän ýara görnüşinde beterleşmegi mümkin.

Bejergisi: konserwatiw bejerme elastiki jorap we daňy daňmaklyk maslahat berilýär. Uly bolmadyk giňelen damarlara sklerozirleýji derman(warikosit, trombowar)goýberilýär.Operatiw bejergi çuň ýerleşen wenanyň geçirijiligi gowy bolan halatynda geçirilýär.

**Ýaralar**

Ýara- bu deriniň ýa-da nemli bardanyň ýetmezçiligi bolup ,dokumalaryň ölmegi netijesinde emele gelip bitmesi kyn bolýan keseldir .

Bu obliterirleýji endarteritiň anterosklerozyň, mehaniki şikeslenmäniň ýanygyň beterleşmelerine soň emele gelýär. Ýarany köpelişen mahsus infeksiýa ( inçe kesel kömelekler) hem döredip biler.Ýara köplenç injikde we dabanda duş gelýär.

Bejermek: ilki ýaranyň sebäbini bilip şony bejermeli.Ýara mazly ýapgylar ýapylýar barokamera ulanylýar.Emma netije bermese onda ol operatiw usulda bejerilýär.

**Ýara agzy (swiş)**

Ýara agzy- bu giň ýerleşen dokumalaryndan, synalardan we boşluklardan gelýän kanal bolup, göwräniň daşyna çykmagy,( daşky ýara agzy) ýa-da bir synanyň içine açylmagydyr.( içki ýara agzy)

Ýara agzy gelip çyşy boýunça – dogabitdi (göbek , peşew halta ýara agyzlary) edinme , flerrmona , ostemielit ýara agyzlary bolýar. Emeli ýara gazy hirurglara tarapyndan hem käbir operasiýalardan soň döreýär.
Meselem ,aşgazana gastrostomanyň ,peşew halta sistomanyň goýalmagy .Ýara agzy zondyň,kontrast dermanlary (ýodolipol,kardiotrast,sergozin) goýberip rentgen apparatynyň kömegi bilen kegitlenýär.

## Gan damar keselli syrkawlara gözegçilik etmekligiň aýratynlyklry

### Gan damara keselli syrkawlara gözegçilik etmek .

Syrkawlara çilim çekmezligi aýagyny arassa we ýyly saklamany maslahat berilýär.Syrkawlar el-aýagynyň şikeslenmeginden ägä bolmaly ,ýogsam onuň ýara bolmagyna getirmegi mümkin.

Wena gan damarynyň warikoz giňelmesi bolan syrkawlaraöz wagtynda elastiki daňylary we joraplary ulanmak maslahat berilýär.Şeýle syrkawlar uzak wagt dik durup işlemeli däl.

### Emeli ýara agzy bolan syrkawlara gözegçilik etmek .

Gastromaly ,sistomaly we şuňa meňzeşli ýara agyzly syrkawlaryň derisi (trupkanyň daş-töweregi) gyjanmaz we zaýalanmazýaly ony kaliý permanganatynyň ergini bilen arassalap soňra galyň Lassaryň ýa-da sink mazini çalmaly.

### Barlag soraglary.

1. Dokumalaryň ölmekliginiň sebäpleri.
2. Dury we çygly gangrenanyň aýratynlyklary .
3. Obliterirleýji endartritiň alamatlary .
4. Wena gan damarynyň warikoz giňelmesiniň bejerlişi.
5. Ýara agzynyň görnüşleri.
6. Emeli ýara agyzlary bolan syrkawlara gözegçilik etmeginiň aýratynlyklary.

XIV.Bap.

## Hususy hirurgiýa.

Kelläniň ,ýüzüň ,agyz boşlygynyň şikeslenmegi we olryň keselleri.

Kelläniň we ýüzüň ýumşak dokumalarynyň şikeslenmegi.

Agyrtma : kelläniň we ýüzüň ýumşak dokumalaryna kütek predmet bilen urlanda agyrtma ýüze çykýar .

Alamaty : urulan ýere agry çiş , gögümtil tegmil peýda bolýar .

Bejerme : rahatlyk döredip urulan ýere buz goýulýar, şeýle hem gysylyp daňylýar.

Ýaralar: ýara köplenç ýiti predmetler degilende peýda bolýar.

Alamaty:alynan ýarada agry gan akma beýleki ýaralara garanda güýçli bolýar.

Ilkinji medisina kömegi: gany wagtlaýynça saklap ýokançsyzlandyrylan daňy daňmaly, agyrsyzlandyrylyp keselhana ibermeli.

Bejerme :operatiw usulda ýaradan gaýtadan işläp bejerýärler.

### Ýüzüň süňkleriniň we süňk bogunlarynyň şikeslenmegi.

### Burun süňkiniň döwülmesi.

Şu şikeslenme göni urguda ýüze çykýar .

Alamaty: güýçli agry gan akmasy we burunda deformasiýa bolýar. Diagnozyny rentgen barlagynyň kömegi esasynda takyklaýarlar.

Ilkinji medisina kömegi: burundan akýan gany wagtlaýynça saklap, agyrsyzlandyryjy dermanlardan sanjym edilýär, gyssagly keselhana iberilýär.

Bejerme:Döwülen burun süňkini lukman seredýär.Gany saklamak üçin burun boşlugy öňünden we yzyndan tamponlanylýar.Agyrsyzlandyryjy dermanlar we antibiotikler ulanylýar.

### Äňleriň döwülmegi

Döwülme äň süňkinde 70-80% ýokary äňde 15-20% duş gelýär.Döwülmeler urgy netijesinde ýüze çyýar .

Alamaty: deformasiýa , patalogiki hereket , agry peýda bolýar .

Rentginalogiki barlag döwülmäniň ýerleşen ýeri , möçberinde kesgilemek ähmiýetlidir.

Ilkinji medisina kömegi : agyrsyzlandyryjy dermanlardan sanjym edilip şina(entiniň ,libergiň )berkidilýär.

Bejerme: süňkleriň seýiklemekden we agyz boşlugyna gözegçilik etmekden ybarat .Agyz boşlugyny antiseptiki erginler bilen arassalap durmaly.

### Aşakgy äňiň çykygy.

Çyky urgynyň , agzyňy giň açyp gülmekligiň we şuňa meňzeş ýagdaýlarynyň netijesinde ýüze çykýar.

Alamaty: iki taraplaýyn çykyda agyz ýarym açyk we ony ýapmaklyk mümkin bolmaýar. Aşaky äň öňe gidýär bir taraplaýyn çykykda aşaky äň sagdyn tarapa gyşarýar.

Bejerme :agyrsyzlandyryp çykygy ýerine salmakdan ybarat.

## Kelle beýniniň ýapyk şikeslenmesi.

Muňa kelle beýniniň çaýkanmagy,agyrtmasy we onuň gysylmagy degişlidir.Bu şikeslenme köplenç kellä göni urgy ýa-da kelläniň üstüne ýykylma netijesinde ýüze çykýar.

## Kelle beýniniň çaýkanmagy .

Bu näsazlyk kelleniň şikeslenmelerinde köp duş gelýär.

Munda kelle süňkleri döwülmeýär,gysga wagt täsir edýän urgy beýnini we onuň suwuklygyny herekete getirýär. Bu bolsa gysga wagtlaýyn damarlaryň gysylmagyna beýniniň we onuň bardasynyň çişmegine, nokat görnüşli gan iňmegine getirýär.

Alamaty:Syrkaw birnäçe minutdan birnäçe sagada çenli huşuny ýitirýär.Ol özüne näme bolandygyny ýadyndan çykarýar(rentgen amnozinoziýasy) soňra syrkaw gaýtarýar,ýüzüniň reňki agaryp, ýürek urgusy haýallaşýar,dem alyşy ýüzleý bolýar.Syrkawda kelle agrynyň, baş aýlanmany we gulagyna ses eşidilmeginiň bolmagy mümkin.

Oňurga ýilik punksiýasynda suwuklygynda patalogik üýtgeşiklik ýok.

Bejerme: düşek režiminde 2-3 hepdeläp ýatmaly.Neýralogik ,antigistamin, witaminler, peşew bölüp çykaryjy dermanlar ulanylýar.Syrkawlara suwy az içmekligi maslahat bermeli.

## Kelle beýni agyrtmasy .

Beýni dokumalarynda marfalogiki üýtgeşikler( beýni maddalarynyň ýenjilmegi,üzülmegi, gan inmegi )bolup geçýär.

Alamaty : Huşy ýitirme uzak wagtlaýyn dowam edýär.Retrigat amniziýasy has aýdyň görünýär.Bedeniň gyzgyny ýokarlanýar.Ganda lekisotoz,oňurga ýiliginde eritrositler peýda bolýar.Kelle beýni agyrtmasynda merkezi alamatlar ýagny ysmaz, potalogiki refleks peýda bolýar.

Bejerme: bejergi edil beýni çaýkalmasyndaky ýaly geçirilýär.Egerde organizmiň möhüm synalarynda işi bozulanda (dem alyş ýürek )syrkaw emeli dem alyş apparatynda gçirilýär.

## Kelle beýnisiniň gysylmagy .

Beýniniň gan toplumy ýa-da süňk döwüklere gysýar.

Alamaty:Şikes ýetip kellä beýni gan toplumy bilen gysylýan wagtyna çenli aralyga ýagty aralyk diýilýär.Şu aralykda syrkaw aljyraýar kelle agrysy barha güýçlenip syrkaw gaýtaryp başlaýar.Dem alyşy bozulýar , ýürek urgusy haýallap, gan basyşy peselip syrkaw huşundan gidýär.
Oňurga ýilik suwuklygyndan eritrositler köp möçberde bolýar .

Bejergi: Operatiw usulda geçirilýär.

## Kelle gutusynyň döwülmegi.

Bu şikeslenme göni urgy almsak netijesinde ýüze çykýar. Kelle gutusynyň döwülmegi jaýryk owunjyk we dokumalarynyň zeperlenmesi görnüşinde duş gelýär.

Kelle gutunuň açyk döwüginde kelledäki ýarasyna ilkinji hirurgiki arassalaýyş işini geçirmek we aseptiki daňy goýmak we seresaplylyk bilen barlag arkaly kliniki kesgitlemesi goýulýar.

Kelle gutusynyň ýapyk döwüginde näsagda ýerli agry , kelle süňkünde deformasiýa we patalogiki hereketler bolýar .Kelle süňküniň döwülmesini rentgenografiki barlaglar netijesinde kesgitläp bolýar.

Bejergi :Açyk döwülmede operatiw usul bilen bejerilýär.Ýapyk döwülmede edil beýni çaýkanmasy ýaly bejerilýär.

**Kelle gutusynyň düýbüniň döwülmegi.**

Bu şikeslenme ýokardan kelläniň üstüne ýa-da aýagyň üstüne ýykylmaklygy netijesinde duş gelýär.

Alamaty: Kelle süňküniň öňdäki çukurjagazyna şikes ýetende näsagyň gözüniň daş-töwereginde( äýnek almaty) gan öýme emele gelýär ,burnundan,gulagyndan gan akma ýüze çykýar.Ortaky we yzky çukurjagazlara şikes ýetende gan öýme damagyň daş –töwereginde bolýar .Kä wagtlar oňurga ýilik suwuklygynyň burnundan we gulagyndan akmagy mümkin.Kellä süňkleriniň döwülmesi ýüz, göz hereketlendiriji refleklslere hem şikes ýetýär.

Bejergi: edil beýni çaýkanmasyndaky ýaly, infeksiýanyň öňüni almak üçin antibiotikler ulanylyar.Oňurga ýilik punksiýasy diagnostikada we bejermede ähmiýeti uludyr.

**Agyz boşlugynyň keselleri.**

1.Ýaraly stomatit.Bu agyz boşlugynyň nemli bardasynyň sowuklap çişmegi esasynda ýüze çykýar ýara keseli.Ýara döredijiler nemli bardanyň şikeslenen ýerinden organizimine aralaşýar.

Alamaty: dişiň eti çişip gögümtil gyzyl reňkde bolýar.Näsagyň agzyndan erbet ys gelýär. Bedeniň gyzgyny ýokarlanýar.

Bejergi : agzyň içini perekisli wodorodyň ergini bilen ýuwulýar.Ýaranyň üsti hasa tampony bilen guradylyp siňkhloridiniň 8% ergini, kümüş nitradynyň 5-13% ergini bilen ýakylýar.

Bejergi: antibiotik we sulfanilamid dermanlary ulanylýar.Syrkawlara çilim çekmek, diş çotkasyny ulanmak maslahat berilmeýär.

2.Parotit ( depme) bu gulagyň ýanyndaky mäziň sowuklap çişmesidir.Bu kesel tapdan düşen syrkawlarda, uly möçberli aşgazan- içege operasiýalaryndan soň,Howply çiş kesel bilen keselleýänlerde has köp duş gelýär.Mikroorganizmler agyz boşlugyndan tüýkülik mäzlerine aralyşyp ony keselledýär.

Alamaty: çeýnände,gürleşende agyry duýulýar we agyz çäklendirilen möçberde açylýar.Bedeniň gyzgyny ýokarlanýar.Seredip görülende çiş we gatylyk duýulýar.

Bejergi: gyzdyryjy ýapylr, antibiotikler, kontrikal trasilol ulanylýar.Hadysa iriňleşen ýagdaýynda operatiw usul bilen bejerilýär.

**Kelläniň ýüziň we agyz boşlugynyň keselleri bilen kesellän syrkawlara we şikeslilere gözegçilik etmegiň aýratynlyklary.**

Agyz boşlugynyň keselleri bilen kesellän syrkawlara gözegçilik edilende olaryň agzyna ýygnan suwuklygy, gany iriňi ýuwudmaz ýaly ony ýarym oturan ýagdaýynda oturtmaly.Eline tüýkürer ýaly gapjagaz bermeli.Naharlanandan soň dişiniň arasynda galan etiň we iýmit böleklerini aýyrmaly.Agzyny antiseptiki erginleri bilen ýuwmaly.Äň süňkleri döwülen syrkawlary sowuklyk görnüşindäki naharlar bilen aýaratyn gaplarda rezin turbajyklaryny geýdirip naharlamaly.Kelle beýnisi şikeslene syrkawlara ilki bilen rahatlyk döretmeli.Kelle beýnisinde operasiýa geçiren syrkawyň psihikasynyň üýtgemegi we howsalalykly hereket etmegi mümkin beterleşmeleriň öňüni almak üçin şepagat uýasy lukmanyň görkezmesini berk berjaý etmeli.

**Barlag soraglary**

1. Agyrtmanyň alamatlary.
2. Burun süňki dögülmesinde ilkinj medisina kömeg
3. Kelle beýnisiniň çaýkanmagynyň we agyrtmasynyň aýratynlyklary.
4. Kelle beýnisiniň gysylmasynyň bejerilişi.
5. Ýaraly stomatitiň alamatlary.

## Boýun, traheýanyň, gyzyl ödegiň şikeslenmesi we onuň keselleri

### Boýnuň ýaralanmagy

Boýun sowuk ( pyçak, päki) we atyjy gurallar (ok snarýad) bilen ýaralanyp biler.

Alamaty: traheýa ýaralananda dem alyş bölekleýin ýaranyň üsti bilen amala aşyrylýar.Gyzyl ödek ýaralananda agyry emele gelýär.Suw we iýmit ýudulanda ýaralanan ýerde daşaryk akmagy mümkin.Arterial gan damary ýaralananda gan çalt akyp ölüm bilen gutarmagy mümkin wena gan damary ýaralananda howa damara düşüp howa emoliýasy döremegi mümkin.

Ilkinji medisina kömegi bermek gany wagtlaýynça saklap agyrsyzlandyryjy dermanlardan sanjym etmeli.Ýokançsyzlandyrylan daňyny daňyp keselhana ibermeli.

Bejergi: boýnuň ýaralanmalary operatiw usul bilen bejerilýär.

### Galkan şekilli mäziň keselleri.

Alkym çişme (zob) bu galkan görnüşli mäziň durkunyň ulalmagy.

**Alkym çişmäniň görnüşleri we olaryň sebäpleri.**

1. Endemiki alkym çişme –kesgitli geografik zonalarda esasan hem-de daglyk ýurtlarda duş gelýär.( Uralda, Demirgazyk kawkazda munuň sebäbi ýod ýetmezçiliginiň ýüze çykmagy we sanitar gigiýena şertleriniň erbet bozulmaklygy bilen düşündirilýär.
2. Epidemiki alkym çişme- bu esasan hem adamlaryň köp ýygnalan ýerlerinde, witamn ýetmezçiliginde we içilýän suwuň erbetleşmeginiň netijesinde ýüze çykýar.
3. Sporodikin alkym çişme- bu endokrin sistemasynyň punksiýasynyň bozulmagy netijesinde ýüze çykýar.

Alkym çişme gurluşy boýunça: ýaýgyn, döwün şekilli we gatyşykly görnüşinde bolýar.

**Alkym çişme ululygyna baglylykda bäş derejä bölünýär.**

1. Dereje: el bilen basyp görlende mäziň zolagy bildirilýär.
2. Dereje: ulalan mäz göze görnüp durýar.
3. Dereje: mäz ulalyp, aýdyň görünýär. (ýogun bogun)
4. Dereje: mäziň möçberi ulalyp, boýnuň formasyny üýtgedýär.
5. Dereje: mäziň ululygy uly möçberde bolýar.

Alamaty: Alkym çişme traheýanyň gyssa syrkawyň bogulmagy mümkin, gyzylödek gysylsa ýutmak kyýynlaşýar.Eger nerwi damarlary gysylsa ses gyryk çykýar käwagt doly ýitýär.

Keseliň öňini alyş çäreleri-ilata ýodlaşdyrylan duz bermekden hem-de sanitar- gigiýena şertlerini gowylandyrmak durýar.

Bejerme:Konsirwatiw terapiýada syrkawlarda ýodly dermanlar berilýär.( od kali ody, şereşewskiniň tabletkasy). Konserwatiw bejerme netije bermedik ýagdaýynda operatiw usulda bejerilýär.

**Bazedowyň keseli (tireotoksikoz)**

Bu psihiki şikeslenme bilen baglanyşykly bolup onuň döremegine infeksiýa ýa-da endokrin funksiýalarynyň bozukmagy hem täsir edip bilýär.

Alamaty: syrkawda ysgynsyzlyk, ýadawlyk derlemeklik, el titremeklik, çaltlaşan ýürek urgy (tahikardiýa), gaharjaňlyk, bahanasyz ýere aglamaklyk we horlanmak ýaly alamatlar ýüze çykýar.

Bu kesel häsiýetli birnäçe göz alamatlary bar ekzogtalyň ( göz almasynyň öňe çykmaklygy), ştel waganyň alamaty ( gözi seýrek gyrpmaklyk) melihowyň alamaty( gaharjaň garaýyş).

Bejerme: Konserwatiw bejergide syrkawa rahatlyk we ýodyň dermanlary (lýugolyň ergini, Şerişewskiniň tabletkalary) ýürek dermanlary, rahatlandyryjy derman serişdeler berilýär.

Emler kömek etmedik wagtynda operatiw usulda bejerilýär.

**Galkan şekilli mäziň howply çiş keseli.**

Bu essan hem aýallarda köp duş gelýär.Kesel operatiw usulda bejerilýär.

Alamaty:Mäzde gaty agyrly düwünler peýda boýundaky limfa mäzlerine,öýkene howply çişiň ýaýramagy mümkin.Galkan şekilli mäz skenirlenip görlende „ sowuk merkez“ belli bolýan howply çişde ýok bolýar.

Bejerme: Gistalogik barlagdan soň kesel anyklanylsa ol operatiw usul bilen bejerilýär. Operasiýadan soň goşmaça radioaktiw ýody ýa-da rentgenoteropiýa berilýär.

Del bedejikleriň dem alyş ýollaryna we gyzylödege adam naharlanan wagtynda gürlände, çagalar oýun bilen meşgul bolanda düşmegi mümkin.

Dem alyş ýollaryna del bedenjikler düşende güýçli üsgülewük ýüziniň reňki gögerip, boýnunyň damarlary çişýär, gözünden ýaş akýar.Birnäçe wagtdan soň üsgülewük aýrylýar ýöne del bedenjigiň süýşmegi bilen ýene-de üsgülewiň başlanmagy mümkin.Diagnozy kesgitlemekde laringoskopyň, brohaskopyň we rentgen apparatynyň ähmiýeti uludyr.Del bedenjikler gyzylödege düşende ýüze çykýan alamatlar başgaça bolýar.Gyzylödek del bedenjikleri hiç hili şikessiz

geçirip goýberýär,ýöne käwagt ýiti uçly bedenjikler (balyk süňki)gyzylödegiň diwaryna dürtülmegi mümkin.Syrkaw ýuwudynanda agry güýçlenýär,gaty iýmitler geçip bilmeýär (disfagiýa)

Bejerme: del bedenjikler, bronhoskopyň laringoskopyň, ezofagoskopyň kömegi bilen aýrylýar.Eger şu görkezilen usullar bilen aýyryp bolmasa onda operatiw usul ulanylýar.

**Bokurdagyň daralmagy we traheostamiýa barada düşünje.**

Bokurdagyň daralmagy( stenoz) ýiti sowuklamak proseslerinde bolýar.Ýiti daralma ýumşak dokumalaryň sowuklap çişmegi hem-de dokumalaryň ýarasy bitende emele gelýär.

Alamaty: Syrkawyň dem alyşy kynlaşýar.Agyr ýagdaýda bogulmanyň ölüme getirmegi mümkin.Ýiti bogulma ýüze çykanda syrkawa gyssagly traheostomiýa trupkasyny goýmaly.

**Traheostamiýa operasiýasynyň ýerine ýetiriliş usuly.**

Ýerli agryny aýyrmak bilen boýnuň we onuň aşagyndaky dokumalary kesip, soňra traheýanyň iki sany halkasy kesilýär.Trusonyň giňeldijisiniň kömegi bilen traheostomiki turbajyk goýulýar.Turbajyk dokumalary tikmeklik arkaly birleşdirilip goşmaça daňy bilen boýna berkidilýär.Syrkaw turbajyk arkaly dem alyp başlaýar.

**Gyzylödegiň howply çiş keseli.**

Kesel gyzylödegiň aşakky böleginde köp duş gelýär.Keseliň limfa we gan ýollarynyň üsti bilen içgi synalara ýaýramagy mümkin.

Alamaty: gyzylödekden iýmitiň geçmegi kynlaşýar.(disfogiýa).Ilki gaty soňra suwuklyk görnüşindäki iýmitler geçmeýär.Syrkawyň tüýküligi akýar, ol gaty tiz horlanýar.Diagnozy kesgitlemekde rentgen apparaty, ezofagoskop möhüm rol oýnaýar.

Bejermede:Operatiw usul ulanylýar.Operasiýa edip bolmaýan syrkawlaryň aşgazana gastrostoma goýulyp, şonuň bilen iýmitlenilýär.

**Gyzylödegiň ýanygy**

Bu bilmän ýa-da bilkastlaýyn aşgarlaryň, kislotalary we beýleki iýiji suwuklary içende bolýar.

Alamaty: agry agyz boşlugynda damakda,gyzylödekde bolup ol ýudulanda güýçlenýär.Agzyndan tüýkülik akyp gan gusýar.Syrkaw gaty aljyraňňy ýagdaýda bolýar.Seregilip görülende dodakda, agyz boşlugynda, dilde ýanygyň yzlary bildirýär.

Ilkinji medisina kömeginiň berlişi: içilen kislotanyň täsirine gowşatmak üçin natri gidrokorbanatynyň gowşak ergini içirilýär.Içilen aşgaryň täsirini gowşatmak üçin uksusyň gowşak ergini ýa-da limon kislotasy içirilýär.Ähli syrkawlara 0,5% nowakain ergini we ösümlik ýagy berilýär.

Agyrsyzlandyryjy dermanlardan sanjym edilip keselhana iberilýär.

Bejerme: Syrkawa antibiotikler, witaminler,agyrsyzlandyryjy dermanlar sanjym edilýär.Wena gan damaryna we gan çalşyryjylar goýberilýär.Gyzylödek

daralan ýerini bujuň kömegi bilen 7-14 gün aralygynda giňeldilýär.Konserwatiw bejergi netijesiz bolan ýagdaýynda operatiw usul ulanylýar.

**Boýna traheýa gyzyl ödege şikes ýeten we olaryň keselleri bilen kesellän syrkawlara gözegçilik etmegiň aýratynlyklary.**

Traheostomaly syrkawlara gözegçilik etmek.

Turbajygyň üti bilen traheýadan gelýän suwuklyk daňyny hapalamaz ýaly polietilen fartugy daňylýar.Trahistomanyň içki turbajygy günde birnäçe gezek alnyp arassalanyp ýenede ýerine goýmaly .Traheýadan gakylyk, tüýkülük , sorujy apparadyň kömegi bilen aýrylyp durulýar.

Gastrostomaly syrkawlara gözegçilik edilende stmanyň töwereginde aşgazan şiresiniň täsiri astynda deri örtügi mürşermez ýaly syrkaw her gezek iýmitlendirilenden soň gastrostomanyň daş- töweregini arassalamaly we Lassaryň mehemini çalmaly .Syrkawa guýgujyň kömegi bilen sowuklyk görnüşindäki naharlar bilen iýmitlendirmeli .

Gyzylödek operasýasyndan soňky döwürde syrkawlary iýmitlendirmek agyr düşýär.Lukmanlaryň görkezmesi boýunça 7 –nji günden başlap suwuklyk görnüşindäki naharlar berlip başlanýar.

Şepagat uýasy syrkawyň daňysyna, deri örtügüne gözegçilik etmelidir.

Galkan şekilli mäzde operasiýa geçirilenden soň syrkwlara ilki bilen rahatlyk döretmeli.Syrkawy ýarym oturan ýagdaýyna getirip kellesini öňe egip goýmaly.Bu bonuň öňdäki myşsasynyň gowşak ýagdaýda durmaklygyna getirýär.Syrkawy 2-3 günden başlap suwuklyk görnüşindäki iýmitlewr berilýär.

Operasiýadan soňky döwüde daňy gana ezilip başlasa hökman lukmana habar bermeli .

**Barlag soraglary.**

1. Boýun ýaralananda ilkinji medisina kömegi.
2. Akym çeşmäniň görnüşleri we sebäpleri.
3. Traheostomaly näsaglara gözegçilik etmek .
4. Gastrostomaly syrkawlara gözegçilik etmek.
5. Gyzylödek operasiýasyndan soňky döwürde näsaglara gözegçilik etmek.

**Döş kapasasynyň,ondaky synalaryň şikeslenmesi we olaryň keselleri.**

**G**apyrganyň döwülmegi- bu göni şikeslenmede ýa-da döş kapasasynyň gysylmagy netijesinde ýüze çykýar.

Alamaty: bir gapyrga döwülen ýagdaýynda ýerli agry duýulýar.Agry dem alanda üsgürende güýçlenýär, elläp görlende , deformasiýa duýulýar.Birnäçe gapyrga döwülende şikeslenen şogas düşýär. Eger öýken dokumasyna şikes ýetse onda emfizema ,gakylygynda gan , dem almanyň kynlaşmagy , ýürek urgusynyň çakltlaşmagy bolýar.

Döwükleri kesgitlemek üçin rentgen barlaglarynyň ähmiýeti uludyr.

Bejergisi: gapyrganyň döwülen ýerine 2 % li 5-10 ml nowakainiň ergini goýberilýär.Şeýle ýagdaýda antibiotikler , sulfanilamidler, we dem alyş maşklary geçirilýär.

## Ýaýjyk süňküniň çykygy.

Bu köplenç ýykylanda ýüze çykýar .

Alamaty : ýaýjyk süňküniň akromial tarapynda çykyk bolsa – deformasiýa bildirýär,çykyk döş tarapda bolsa onda ýaýjyk süňküň şol tarapy ýokarda durýar, gan öýme emele gelýär.Rentgen apparatyň kömegi bilen kesgitlenýär.

Bejergisi : çykyk ýerinde ýerli agyrsyzlandyrma etmek bilen çykygy ýerine salnyp gips daňylary goýulýar.Eger şeýle ýagdaýda çykygy saklap bolmasa onda operatiw usul ulanylýar.

## Ýaýjyk süňküniň döwülmegi .

Bu göni urgynyň ýa-da tirsege çiginiň üstüne ýykylanda emele gelýär.Döwük açyk we ýapyk görnüşinde bolup biler.Açyk döwülmede deriniň anatomiki bütewiliginiň bozulyp gan akmanyň ýaranyň töwereginde çiş, gyzarma ,plewranyň şikeslenmesi bolýar.Ýajyk süňküniň ýapyk döwüginde döwülen ýerde agry deformasiýa heregediniň çäklenmegi elläp görlende kripitasiýa duýulýar.Rentgen opparatlarynyň kömegi bilen döwük kesgitlenilýär.

Bejergisi : ilkinji kömekde ýerli agyrsyzlandyrma etmeli,we Dezo daňyny daňyp, hassahana ibermeli.

Döwülmäni bejermekde birnäçe usullar ulanylýar(Delbäniň usuly , sekiz şekilli daňy) şeýle usullar kömek etmedik mahalynda operatiw usul bilen bejerilýär.

## Döş kapasasynyň açyk şikeslenmesi

Bu sowuk we atyjy ýaraglaryň täsiri netijesinde ýüze çykýar. Şikeslenmede gemotoraks , pnewmatoroks we pnewmagemotoroks köp duş gelýär.

**Pnewmatoroks** - bu plewral boşlugyna howanyň ýygnanmagydyr.Onuň üç görnüşi bolýar:

1. Açyk pnewmatoraksda ýara kanaly açylyp, plewra boşlugyny daşky sreda bilen baglanyşdyrýar .

   Keseli her gezek dem alanda daşky gurşawdaky howa ýaranyň içi bilen plewra boşlugyna düşýär, demi çykaranda bolsa howqanyň bir bölegi ýara deşiginden daşyna çykýar,bir bölegi bolsa plewra boşlugynda ýygnanýar.Keseliň agyrlaşan gönüşinge ýüregiň ýerinden süýşmekligi bolýar. Bu ýagdaý kesellini rentgenaskopiýa edilende anyklanylýar .
2. Ýapyk pnewmatoraksda plewra boşlugy daşarky gurşawdan bir wagtlaýyn howa girende ýüze çykýar.Meselem kükrege pyçak urlan wagty plewra boşlygyna birwagtlaýyn howa girýär.Endamdan pyçak çykarylandan soň döş kapasasynyň diwarynyň ýumşak dokumalary ýara kanalyny berk ýapýar.Keselli dem alanda plewra boşlugyna howa girenok hem-de çykanok.
3. Klapanly pnewmatoraksda ýara kanalynyň üsti bilen howa plewra boşlugyna girýär, ýöne yzyna çykyp bilmeýär.Netijede plewra boşlugynda toplana howa deri astyna geçip , deri asty emfizemasyny döredýär.

   Klapanly pnewmatoraks bu keseliň iň agyr geçýän gşrnüşidir.Agry zerarly näsagyň plewropulmonal şoga düşmegi mümkin .

Alamaty: näsagyň ýagdaýy agyr.Demi çalt we ýüzleý alýar.Her gezek dem alanda ýaradaky agry güýçlenýär.Ýüzüniň reňki ak we gögümtil öwüşgüni bolýar, ýürek urgusy çalt , arterial basyşy peselýär.Döş kapasasynyň ýaraly tarapy dem almakda yza galýar.

Rentgen barlagynda plewra boşlugynda köp mukdarda howanyň bardygy , öýkeniň pyssaranlygy, onuň dem almaýanlygy anyklanylýar.

## Pnewmatoraksyň bejerilişi .

Zeperleneniň plewra boşlugyndaky howany punksiýa edip ýa-da drenirlemek usuly bilen aýrylýar.Punksiýa ýaýjyk süňküň orta çyzygy boýunça ikinji gapyrgadan ýogyn iňňe bilen edfilýär. Punksiýa ediljek ýeriň derisini , ýumşak dokumalaryň nowakainiň ergini bilen agyrsyzlandyrmaky .Soňra ýogyn iňňe bilen ikinji gapyrgasy deşilýäžr we plewra boşlugyndaky howa şprisiň kömegi bilen sorulup aýrylýar.Eger näsagyň plewra boşlugyna howa düşmekligi kesilmedik ýagdaýynda , torakotomiýa operasiýsy edilýär.

Gemotoraks öýkeniň ýaralanan bölegindäki we döş kapasasynyň şikes ýeten damarlaryndan plewra boşlugyna gan toplanmasydyr.Gan 1.5-3 litre çenli toplanyp biler. Toplana gana infeksiýa düşse , plewranyň empiema keselini döredip biler.

Alamaty : Syrkawyň kükreginde agry we agyrlyk duýulýar.Agry dem alanda, üsgürende güýçlenýär.Syrkawyň demi gysýar, üsgürýär, gakylygynda ganyň ýokundysy bolmagy mümkin.Arterial basyşy peselýär puls urgusy çaltlanýar.Gabn barlagynda gan azlyk alamatlary bolýar.Plewra boşlugynda ganyň bardygyny rentgen barlagynyň, kompýuter tamografiýasynyň we plewrar punksiýasynyň kömegi bilen anyklanylýar.Rentgen barlagynda plewra boşlugynda suwuklygyň bardygy , onuň üstüniň tekizligi, görüminiň 1/3 bölegine çenli pyssaranlygy we onuň dem almak ukybynyň peselenligi , ýüregiň ýerinden sýşenligi anyklanylýar.

## Gemotoraksyň bejerlişi.

Zeperleneniň plewra boşlugyndaky gany punksiýa edip , ýa-da drenirlemek usuly bilen aýrylýar.Punksiýa pilçe çyzygy boýunça ýedinji gapyrgadan ýogyn iňňe bilen deşilýär we plewra boşlugyndaky gan, howa, şprisiň kömegi bilen sordurylyp aýrylýar.

Punksiýa ediljek ýeriň derisini nowakain ergini bilen agyrsyzlandyrmaly . Plewra boşlugyndaky gan we howa köp bolsa ýa-da gan täzeden toplansa onda döşüň diwary troakaryň kömegi bilen deşilýär.Troakaryň içi bilen plewra boşlugyna Býulanyň usuly boýunça rezin drenaž bilen drenirlenýär.Eger-de plewra boşlugyna gan akmanyň durmadyk ýagdaýynda torakotomiýa operasiýasy edilýär.



Plewra boşlugynyň drenirlenilişi

## Plewranyň empiema keseli.

Bu keseliň döremegine plewranyň sowuklap çişmesi, öýkeniň iriňlemesi we şikeslenmeler sebäp bolup biler .

Alamaty : bedeniň gyzgyny 30-40 ýetip syrkawyň ýagdaýy agyrlaşýar. Gapyrgalaryň arasy giňelip basylanda gaty agraýar.Plewral boşlugyny punksiýa edilip görlende iriň alynýar.

Bejergisi : plewral punksiýasy arkaly bejerme kömek etmedik ýagdaýynda mepiemany dreirlemek arkaly bejerilýär.

## Öýkeniň iriňlemesi

Bu keselde dokumalaryň arasynda iriňli boşluklar emele gelýär.Keseliň döremegine öýkendäki gan öýme , dem alyş ýollaryna del bedenjikleriň düşmegine , şeýle hem beýleki sowuklap çişmeler sebäp bolup biler.

Alamaty : öýkeniň iriňlemesi iki fazadan durýar .Olaryň alamatlary biri-birinden tapawutlanýar.

Birinji fazasynda bedeniň gyzgyny ýokarlanyp, syrkaw üşedýär.Ol özüni ysgynsyz duýýar.Syrkawda gakylyksyz üsgülewük peýda bilýar. Ganda- leýkositoz ýokarlanýar.

Iriňlemäniň ilkinji fazasynda (iriňli boşlugyň ýarylmasy ), syrkaw üsgürende köp mukdarda iriňli gakylyk peýda bolýar.Bu fazada syrkawyň ýagdaýy birneme gowylaşýar. Bedeniniň gyzgyny pese düşýär.

Diagnozy kesgitlemekde rentgen apparatynyň ähmiýeti ulydyr.

Bejerme: başga konserwatiw usul boýunça ( antibiotikler , sulfanilamid dermanlar) bejeriýär.

Ikinji fazasynda bronhoskopyň kömegi bilen boşlukdaky iriňi sorup alýarla we bronhyň üsti bilen antibiotikler goýberýärler. Bulardan başgada intoksikasiýany aýyrmak üçin gan çalşyryjylar, wena gan damaryna goýberilýär.Organizmiň gorag - immunologiki funksiýasyny ýokarlandyrmak üçin stafilahok anatoksinini sançýarlar.

## Öýkeniň gangrena keseli

Bu keseliň döremegine sowuklap çişmeler , öýkeniň iriňlemgi sebäp bolup biler.Öýken iriňlemesinden tapawutlylykda,munda hadysa giň ýaýrandyr.

Alamaty : döş kapasasynda agry peýda bolup , syrkawyň agzyndan ýakymsyz ys gelýär.Auskultatiw usuly boýunça barlananda çygly hyžžyldy eşidilýär.

Bejergisi : syrkawa antibiotikler sanjylýar, bronhoskopyň kömegi bilen iriňi sorylyp aýrylýasr. Syrkawlary witamine baý bolan iýmitler bilen iýmitlendirmeli .Eger konserwatiw bejergi kömek etmedik ýagdaýynda onda operasiýa usuly boýuça bejerilýär.

## Öýkeniň rak keseli

Bu keseliň döremegine öýkeniň könelişen keselleri we konserogenler (tüsse , çilim sebäp bolup biler.

Alamaty : rak keselinde näsagda üsgülewük çydamsyz agry dem gysma , gan gatyşykly gakylyk peýda bolýar.Wagtyň geçmegi bilen syrkaw horlanar, işdäsi peselýär, agry bütin döş kapasasyna ýaýraýar.

Keseli kesgitlemekde rentgen apparatyna, sitologik,biopsiýa barlaglarynyň ähmiýeti ulydyr.

Bejergisi: konserwatiw usulynda himiýa terapewtik , şöhle arkaly bejergiler geçirilýär,şeýle hem radikal , palliatiw operasiýalary geçirilýär.

## Süýt mäziniň keselleri.

Mastit- bu göwsüň süýt mäzleriniň mikroplar zerarly iriňli agyrmagyna aýdylýar.Mastit ilkinji çaga dogurýan ýaş aýallarda kän gabat gelýär.

Mastidiň sebäbi:

1.Stafilakoklar we beýleki iriň dörediji miroplaryň süýt mäzlerine düşmegi we ol ýerde köpelmegidir

2.Süýdüň göwüsde dyňzamagy(laktostaz).we süýdüň uýamagy.

3.Göwsüň derisiniň sypjyrylmagy .

4. Bedeniň gowşaklygy we witaminleriň ýetmezçiligi.

5. Öýkeniň sowuklamasy .

Mikroplar süýt mäzine dört ýol bilen aralaşýarlar :

1. Ekzogen - mikroplaryň göwsüň derisinde emele gelen sypjyrmalaryň içi bilen düşmegi .
2. Endogen mikrop ojaklardaky( çürük diş ,) mikroplaryň limfa ýollaryň içi bilen göwsi aralaşmagy .(limfagen ýoly)
3. Iriňli ojaklardaky ( tanzilit )mikroplaryň gan damarlarynyň içi bilen göwsi aralaşmagy (gemotagen ýoly) .
4. Endamdaky mikroplaryň göwsüň emzijigine süýt ýollarynyň içine we süýt mäzlerine düşmegi.

**Keseliň geçişi .**

**1.** Seroza agryly mastit – bu keseliň başlangyjy.göwüsde süýt dyňzaýar, uýaýar, göws mäzinde seroza swuklyk toplanýar.Keseliň umumy we ýerli alamatlary bolýar , çaga emdirlende göwüsde agry peýda bolýar.Agryly göwüs ulalýar, tözlenýär.Göws el bilen barlananda, ol ýumşak bolýar, güýçli agry duýulýar.

Umumy alamatlar: kelle agry , gyzgyn ýokarlanda , ganda leýkositoz EÇT çökme tizligi ýokarlanýar.Ýagdaý iki gün dowam edýär.Bu tapgyrda göwüsdäki dyňzan süýdi sagyp aýyrmaly.Näsagyň göwsüne kamfora spirti bilen sargy etmeli , antibiotik içirmeli.Şeýle edilse keselli sagalýar.

**2.** Infiltratiw mastid- keseliň ikinji tapgyrynda göwüs mäzindäki seroza suwuklygy mäziň töweregindäki birleşdiriji dokumada geçýärwe gaty agryly infiltrat emele gelýär.Infiltratda iriň emele gelip ýetişenok.

Näsagyň ýagdaýy agyrlaşýar, göwüsdäki agry güýçlenýär, gyzgyny 39-40ºC ýetýär.Gijelerine üşidýär, agryly göwüs ulalýar ,onuň derisi gyzarýar.Eli bilen barlananda göwçsde agryly gaty döwün duýulýar,ol ýeriň gyzgynlygy ýokary bolýar. Agryly göwse 30% dimeksid + 1 ml deksametazon = 1 ml gentomisin ergini sargy goýulýar.

3.Abssedirlenen mastid-keseliň 3- nji tapgyrynda ,göwüs mäziniň infiltradyň ortasyndaky dokumalar ölýärler. Kesel agyr geçýär , pulsy çaltlanyp 90-a ýetýär.Agyry zerarly çagany emdirip bilenok.

Agryly göwsüň möçberi ulalýar, derisi gyzyl, goltugynyň aşagyndaky mäzleri ulalan(limfadenit) görnüşinde bolýar. Göwüsdäki iriňli ojagy anyklamagyň usullary:

1.Göwsi palpasiýa edilande agyryly gaty infiltradyň ortasynda mylkyldy duýulýar

2.Göwüsde iriň barlygy gümana bolsa , onda göwsi ultrasesiň(UZI) kömegi bilen barlamaly.Ehogrammada göwsüň parenhimasynyň iriňlän ýeri togalak geterogen, gipoehogen gara oýtum (zolak, togalak) görnüşinde bolýar.

3.Kähalatda iriňi takyklanmak üçin göwsüň agryly ýeriniň dokumasyny 0.25% nowakain ergini bilen agyrsyzlandyryp, ol ýeriniň dokunasyny ýogyn iňňe bilen sançmaly, punksiýa etmeli we iriňi sorduryp aýyrmaly.

4. Flegmanoz göwüs agyrsy- endamda umumy zäherlenmäniň we sepsisiň klinikalary ýüze çykýar:göwüsde güýçli sorkurdyly agry bolýar, gyzgyny 40$^{o}$ ýetýär, üşedýär, dodagy dili guraýar.Pulsy çaltlanyp 100-e ýetýär,arterial basyşy peselýär, ýüzüniň reňki ak bolyar, ysgyny gaçýar, agyry zerarly çagasyny emdirip bilenok.Ganda leýkositoz we EÇT has ýokarlanýar, eritrositler we gemoglabin azalýar.Agyrly göwüs çişip ulalýar, derisi gyzarýar, kä ýeri gögerýär, deri astyndaky wenalar egri bolup çişip görünip durýar.

5. Göwüs agyrynyň gangrenoz görnüşi- agyrly göwüs dokumasy ölýär, çüreýär, şonuň üçin göwüsiň reňki gara bolýar.Näsagyň ýagdaýy has agyrlaşýar.Göwüsde daş ýaly gaty düwün emele gelýär,wagtyň geçmegi bilen hroniki mastit, mastopatiýa we howply çiş keseline geçýär.

Göwüs agyrsynyň bejerilişi:Mastit iki usul bilen, konserwatiw we operatiw usullar bilen bejerilýär.Hökmany ýagdaýda umumy we ýerli bejergi geçirilýär.Göwüs agyrsynyň seror we infiltratiw görnüşleri konserwatiw usul bilen bejerilýär.Göwüse kamfora spirti bilen sargy etmeli, ony gysmaly däl, göwüs ýokary göterilip durar ýaly saralanda göwüsiň gan aýlanyşygy kadalaşýar.Näsaga gan, plazma guýulýar, immunoterapiýa geçirilýär, stafilakogyň garşysyna gammaglobulin ulanylýar.Antibiotikler (totosef, sefalaksin, sefazolin) sanjylýar.Wena damaryna 100ml klion goýberilýär, dezintoksikasion bejergi geçirilýär.Witamin toplumy sanjylýar.

Göwüs agyrynyň iriňli görnüşlerinde operasiýa usuly bilen bejerilýär.

1. agyrsyzlandyrmak üçin wena damar bihuşy amatly bolýar.Näsagyň wena damaryna 15 ml sombrewin goýberilýär, keselli 10-15 min bihuş ýagadaýda bolýar.

2.Göwüsdäki iriňli ojagy kesmek üçin dürli kesimler edilýär: radial kesim der asty we intrammar iriňli ojagy kesip aýyrmak üçin, iriň retromammar boşlukda göwisi ýokry galdyryp ýarym aý görnüşli Bradengaýeriň kesimi edilýär.

Operasiýadan soň ýerli bejergini iriňli ýaranyň bitiş fazalaryna göra geçirmeli. Soňky wagtlarda göwüsdäki iriňli ojak lazer skalpeliniň kömegi bilen sag dokumanyň çäginde kesilip aýrylýar we dikilýär. Lazer şöhlesi ýaradaky mikroplary öldürýär,gan akmany saklaýar, we onuň tiz bitmegine ýardam berýär.Näsagyň umumy ýagdaýy agyr bolsa ( sepsis) ony barokamerada

bejerseň netije gowy bolýar, ondan başga-da bejergide fiziopreseduralar (UWÇ, solýuks, ultrases lazer) örän netijeli bolar.

Göwüs agrynyň agyrlaşmalary-Lifangit we limfadenit, tromboflebit, sepsis, mastopatiýa, howply täze döremelere geçmegi.

## Göwsüň howply täze döremesi ( rak keseli)

Bu kesel 40-50 ýaşly aýallarda köp duş gelip onuň döremegine könelişen mastitler we süýt mäziniň howpsuz çiş keselleri sebäp bolup biler.

Alamaty: mäzde agyrsyz gaty düwün emele gelip, soňa baka proses deri örtügine –de täsir edýär, şeýle ýagdaýda deri örtügi limon gabygyna meňzeýär.Kähalatlarda göwsüň ujy çekilýär we ondan ganjymak suwuklyk akyp başlaýar. Wagtynda bejeriş işleri geçirilmese, şol ýerde gyralary gaty bolan ýara emele gelýär.Ýakyn ýerleşen ( goltugyň aşagyna, ýaýjygyň üstine we aşagyna) limfatiki düwünlere kesel ýaýraýar.

Keseli kesgitlemekde rentgen apparatynyň ähmiýeti uludyr.Ondan başga-da keseli has takyklamak üçin sitologiki barlag geçirýärler,mamagrafiýa edilýär.

Bejergi: bu keselde bejerme onuň derejesine baglydyr. Uly bolmadyk – ýaýramadyk çişlerde radikal bejergisini geçirip, şöhle bilen goşmaça bejerýärler.Olardan başga-da himiki we gormonal dermanlar giňden ulanylýar.Ötüşen çişlerde alamatlary ýok ediji simptomatik bejergi geçirýärler

## Döş kapasasynda we ondaky organlara şikes ýetende hem-de olaryň keselleri bilen kesellän syrkawlara gözegçilik etmegiň aýratynlyklary.

Döş kapasasynda operasiýa geçirilende köplenç ýagdaýlarda plewral boşlugyna drenaž trubkalaryny goýýarlar.Şol drenažlardan gan akyp başlanda şepagat uýasy lukmana habar bermelidir.

Öýken sowuklap çişmez ýaly syrkawlary oturdyp olardan gakyrmagyny talap etmeli.Operasiýadan 2-3 gün geçenden soň syrkawlaryň dem alyşy gowulaşar ýaly dem alyş maşklaryny geçirýärler.Şeýle niýet bilen olara rezin şarlaryny çişirmäge berýärler.

Howply täze döremelerde göwüs kesilip alynandansoň syrkawlar bilen örän mylakatly we hoşamaý gepleşmeli.Olara köplenç ýagdaýda maral tarapdan şikes ýetýär.Daňy çalşyrylanda syrkawa kesilen göwüsi görkezmejek bolup daňyny täzelemeli.Daňy goýulanda syrkawyň göwüs oýtumyny daňy materiallary bilen doldurup daňmaly.

Göwüs swuklap çişende onda süýt toplanmaz ýaly çäreleri geçirmelidir.Şepagat uýalary syrkawlara ol hakda mälim edip durmaly.Göwüs sallanyp durmaz ýaly olara ýaglykdan daňy goýulýar.

## Barlag soraglary

1. Döş kapasasynyň ýapyk şikeslenmeleri
2. Döş kapasasynyň açyk şikeslenmeleri
3. Öýken keselleri
4. Göwsüň keselleri
5. Döş kapasasyna we ondaky organlara şikes ýetende ilkinji kömegiň berilişi
6. Döş kapasasyndaky organlaryň keselleriniň bejerilişi
7. Döş kapasasyna we ondaky organlaryň şikes ýetenlere hem-de olaryň keselleri bilen kesellän syrkawlara gözegçilik etmegiň aýratynlyklary.

## Garyn diwarynyň garyn boşlugyndaky organlaryň şikeslenmesi we olaryň keselleri.

Garyn diwaryna şikeslenme göni urguda we agyr ýük göterende bolýar.Garyn diwaryna ýapyk şikeslenme we açyk şikeslenme bolýar.,Ýaralaryň garyn boşlugyna geçýänligi we geçmeýän görnüöleri bolýar.Içe geçýän ýara içki organlara zeper ýetirip biler.

Alamaty: ýapyk şikeslenmede ýerli agry we gan öýme bolýar.

Garyn diwary ýaralananda, ýaralanmanyň alamatlary ýüze çykýar.

Bejerme: ýapyk şikeslenmede syrkawlara rahatlyk döretmeli,1-nji gün buz goýýarlar, soňky günlerde toplanan gany sorup ýa-da operatiw usul bilen gany çykaryp, göwrümde arassalaýyş işi geçirilýär.Eger garyn diwarynyň içki gatlagyna zeper ýetende onda içgi organlaryň abatlygyny barlaýarlar

Garyn boşlugyndaky organlaryň şikeslenmesi: Garyna güýçli ýapyk şikes ýetende içki organlara zeper ýetýär.Içe geçýän ýaralanmadan bolsa hemişe içgi gan akmasy bolýar.

Alamaty: parenhimatoz organlar şikeslenende içgi gan akmasy alamatlary ýüze çykýar-garyn ýüzünde ýaýgyň agry duýulyp garyn myşsalary çekilip,Şetgin-Blýumgeriň alamaty ýüze çykýar.Bedeniň gyzgyny galyp,gandan leýkositler köpelýär.

Bejerme: Uly bolmadyk gan akmasynda konserwatiw usuly bilen bejergi geçirilýär-rahatlyk, garnyna buz goýmaklyk, gan saklaýjy dermanlary: kalsiý hloridi, wikasol, disinon, etamzilat natri, aminokapron kislotasy ulanylýar.Beýleki şikeslenmelerde syrkawy operatiw usul bilen bejerýärler.Bagyr ýyrtylanda dikýärler.Dalaga zeper ýetende köplenç ýagdaýda ony kesip aýyrýarlar.Aşgazana we içegelere zeper ýetende olary dikýärler, uly şikeslenmede bolsa kesip aýyrýarlar.

## „Ýiti garyn“ hakda düşünje

Ýiti garyn bu alamatlar toplumy bolup, ol garnyň içki gatlagy gyjyndyrylanda ýa-da brýuşinanyň sowuklap çişmesinde ýüze çykýar.Ol içki organlara zeper ýetende, aşgazandaky we oniki barmakdaky ýaralar böwsülende, şeýle hem mikroplar gan we limfa arkaly garyn boşlugyna aralaşyp, brýuşinanyň sowuklap çişmesinde bolýar.

Alamaty: garynda agry peýda bolup, garyn myşsalary çekilip durýar.Şetkin-Blýumbergiň alamaty ýüze çykýar,ýagny garny barmaklar bilen basyp birden aýyranda agry ýüze çykýar.Syrkawyň gusmagy we içi geçmegi mümkin.Bedeniň gyzgyny 39-40$^{o}$ýetýär.Ganda leýkositler köpelýär.Şeýle ýagdaýdaky syrkawlary wagt ýitirmän keselhana ýerleşdirmeli.Syrkawy diňe ýatyryp, göterijilerde alyp barmaly. Şular ýaly ýagdaýa düşen syrkawy agyrsyzlandyrmaly däl we olara lukman görkezme berýänçe antibiotikler sançmaly däl, olara iýmek- içmek, olaryň aşgazanyny ýuwmak bolmaýar.Ýokarky çäreleri diňe lukmanyň görkezmesi boýunça ýerine ýetirmeli.

Peritonitler-brýuşinanyň sowuklap çişmegine peritonit diýilýär.Onuň döremegine garyn boşlugyndaky ýiti keseller we ondaky şikeslenmeler sebäp bolup biler.

## Peritonitiň klasifikasiýasy.

1. Sebäpleri boýunça ýokançly we ýokançsyzlandyrylan.
2. Organizme aralaşan mikroblara görä.
3. Hadysanyň ýerleşişi boýunça, belli bir ýer ýa-da ýaýgyn ýagdaýdaý
4. Emele gelmeginiň sebäpleri boýunça( operasiýadan we şikeslenmeden soňky, boşlykly organlar böwsülende, gan üsti bilen emele gelýän peritonitler).

Ýaygyn peritonit – munda proses garyn boşlugy boyunça ýaýrap bryuşinanyň ähli ýeri sowuklap çişyär.

Alamaty: garynda agyry,ysgynsyzlyk we ýürek bulaşma yüze çykýar.Eger peritonit boşlukly organlardaky ýaralaryň böwsünmegi netijesinde ýüze çykýan bols,onda agyry pyçak sokulan ýaly görnüşde bolýar.Bedeniň gyzgyny ilki ýokary galýar, soňra bolsa pese düşýär.Puls çaltlaşyp gowşaýar.Gan basyşy pese düşýär.Dili gury we tutuk bolýar.Syrkawyň gusmagy mümkin.Garyn myşsalary çekilip Şetkin-Blýumergiň alamaty ýüze çykýar.Ganda leýkosioz göterilýär.Syrkawyň ýadaýy agyrlaşýar.

Bejerme: gyssagly ýagdaýda operatiw usuly bilen bejerilýär.Syrkawa antibiotikler, sulfanilamid preparatlary sanjylýar.Syrkawyň halyny gowulaşdyrmak üçin gan çalyşyjylar gan damarlaryna goýberilýär.

Belli bir ýerde ýüze çykan peritonit.Bu garyn diwary şikeslenende, gurçuk şekilli ösüntgi sowuklap ýaýramazlygyna organlaryň ýerleşişi we anatomiki gurluşlar sebäp bolýar.

Alamaty: agry myşsalaryň çekilmegi, bedeniň gyzgyny göterilýär, ganda leýkositler köpelýär.

Bejerme: operatiw usul bilen berilýär.

Garyndaky ingiler:olaryň içki we daşky görnüşleri bolup bilýär.Daşky bolanda içki synalaryň garyn diwarynyň gowşak ýerinden deri astyna çykmaklygyna aýdylýar.Içki ingiler diňe boşluklarda emele gelip olaryň alamatlary daşardan bildirmeýär.Daşky ingileriň dören ýerine oňa gaşyk, uýluk göbek, garnyň aýak çyzygyndaky we operasiýadan soňky ingiler degişlidir. Ingide ingi agzy, ingi haltajygy we haltajygyň iç goşy bolýar.

Alamaty: inginiň dören ýerinde çiş emele gelýär.Syrkaw ýatanda ingi ýitýär,eger ýitmese el bilen düzetjek bolanda düzetmese, onda oňa düzelmeýän ingi diýilýär.Syrkaw üsti bilen wagty ingini ulalyp agyrmagy mümkin.

Bejerme: operatiw usul bilen bejerilýär.Operasiýada ingi haltasyna kesip aýryp ingi agzyny tikýärler.

## Aşgazandaky we oniki barmak içegede ýara keseli.

Bu kesel esasan ýaş juwanlarda bolup aýallardan 4-5 gezek köp keselleýär.Bu keseliň döremegine gastrit(aşgazanyň nemli bardasynyň sowuklap çişmesi) kesel haçanda öz wagtynda bejerilmese,şeýle hem nerw, endikron we iýmitlendiriş sistemasyny funksiýalarynyň bozulmagy we beýlekiler sebäp bolup bilerler.Käbir alymlaryň aýtmagyna göre ýaranyň emele gelmegine „helikobakteripilori“ diýen bakteriýalar hem sebäp bolup bilýärler.Aşgazandaky ýaranyň alamaty: sepirjegiň aşak ýanynda agry peýda bolýar.Agry köplenç nahar iýilip bolandan takmynan ýarym sagat geçenden soň başlanýar.Syrkawyň içi ýellenýär.Gägirende agzyndan turşulyk gelýär. Syrkaw agry zerarly nahar

iýmekden gorkýar. We tiz wagtyň içinde horlanýar, ukysy bozulýar.Eger kesel wagtynda bejerilmese beterleşmäniň bolmagy doly mümkin.Oniki barmak içegedäki ýara keseliniň alamaty: munda agry köplenç bykynynyň aşak ýüzünde döräp nahar iýiländen 2-2,5 sagatdan soň ýüze çykýar.Käwagtlar syrkaw uklap ýatyrka agyrdan ejir çekýär.Aşgazan we oniki barmak içegeniň ýara keseliniň güýjemegi biziň ýurdumyzdaa gyş pasylyna düşýär

Bejerme: syrkawlar berhiz tutmalydyrlar.Olara çilm çekmek arak içmek bolmaýar.Keseli başda konserwatiw usuly boýunça bejerýärler.Eger ýara ganasa, bäwsülse, priwratnik gysylsa, ýara gapdal orgonlara geçse ýa-da 2-3 ýyllap konserwatiw bejergi peýda bermedik ýagdaýynda operatiw usul bilen bejermeli.Operasiýada ýarany kesip aýyrýarlar.Ýara keseliniň beterleşmegi agyr, fiziki işleri köp çenden aşa işlenende, şeýle hem başka bir sebäpler boýunça garyn boşlugyndan basyş ýokarlansa ýaranyň böwsünmegi mümkin.Ýaranyň böwsülen ýerinden aşgazandaky suwuklyklar garyn boşlugyna çykyp, brýuşinanyň sowuklap çişmegine getirýär we peritonitiň alamatlary ýüze çykýar.

Ilkinji kömek bejerme: ilkinji kömek wagtynda narkotiki agyrsyzlandyryjy urmaly däldir.Syrkawa iýmek, içmek bolmaýar.Garnyň ýüzüne buz goýup oňa ýürek damar dermanlaryny sançmaly.Syrkawy wagt ýitirmän ýöriteleşdirilen göterijilerde ýatyryp keselhana alyp gitmeli.Syrkawy wagt ýitirmän ýöriteleşdirilen göterijilerde ýatyryp keselhana alyp gitmeli.Syrkaw gusan wagtynda onyň kelläsini gapdala gyşartmaly.

Bejerme: operatiw usul bilen böwsülen ýerini tikýärler ýa-da ýaraly meýdany kesip aýyrýarlar.Ýara ganan wagty, syrkaw gan gusýar we onyň uly täretiniň reňki gara bolýar.Syrkawda içki gan akmasyny alamatlary ýüze çykýar.Onuň ýagdaýy agyrlaşýar, syrkaw tagtan düşýär.Ilkinji kömek we bejerme: syrkawy ýatyryp,garnyna buz goýup, tiz-tizden keselhana äkitmeli.Bejermeni rahatlanmakdan başlap,garnyna buz goýýarlar.Gan damarlaryna gany çalyşyjylar goýberýärler.Gan akmasyny saklamak üçin gemostatik dermanlar ulanylýar.Konserwatiw usul kömek etmedik wagtynda operatiw usul bilen bejerilýär.Eger ýara aşgazanyndan oniki barmak içegede geçýän ýerde ýa-da oniki barmak içegede ýerleşip ýara yz galdyryp biten bolsa priwratnigyň garalmagy mümkin.

Alamaty: şeýle beterleşmeli syrkawlar garyn boşlugynda agyrlyk duýup, naharlanandan birnäçe wagty geçenden soň gusýarlar.

Bejerme: operatiw usul bilen bejerilýär.

## Aşgazan howply çiş keseli.

Bu kesel köplenç erkeklerde bolýar.Onuň döremegine aşgazandaky könelişen keseller sebäp bolup biler.

Alamaty: kesel işdäniň bozulmasyndan başlanýar.Syrkaw gaharjaň bolýar.Syrkaw gaharjaň bolýar, näçe tagamly naharlar iýsede agzy tagam tapmaýar.Syrkaw gysga wadtyň içinde horlanýar.soňa baka sepirjeniň aşak ýüzünde agry peýda bolup, ol güýçlenip ugraýar.Agry dörän ýerde çiş bildirýär.Aşgazanyň şiresini barlanda onuň turşulugy has pes bolýar.Keseli kesgitlemekde rentgenografiki barlag usuly giňden ulanylýar.Ondan başgada endoskoplar, optiki we ýagtylandyryjy enjamlar ulanylýar.

Bejerme: kesel operatiw usul bilen bejerilýär.Ilkinji derejede radikal, soňky derejelerde bolsa paliatiw bejergisi geçirilýär.

## Öt haltanyň keselleri.

Holesistit – bu öt haltanyň nemli bardasynyň sowuklap çişmesidir.Holesistidiň ýiti we könelişen, daşly we daşsyz görnüşleri bolýar.Keseliň döremegine ýakar-ýakmaz naharlar, şeýle hem ganyň we limfanyň üsti bilen aralaşan mikroplar sebäp bolup biler.Öthaltanyň daş keseli köplenç semiz aýallarda duş gelip, onuň döremegine ödüň öt haltada saklanmagy, öt ýollarynyň infeksiýasy şeýle hem holesterin çalyşygy bozulan ýagdaýynda we beýlekiler sebäp bolup biler.Öt haltada dörän daşlar, öt ýollarynda hem duş gelinýär.

Alamaty:sag gapyrganyň aşak ýüzünde agry döräp,agry sag çigine yza berýär.Sag gapyrganyň aşagy basylyp görülende agry güýçlenýär, käwagtlar çiş emele gelip, ele bildirýär.Syrkawyň agzy gurap,agzynyň içi ajy bolýar.Bedeniň gyzgyny 39-40$^{o}$-çenli bolup, kähalatlarda üşetme hem bolup bilýär.Ganda leýkositler köpelýär.Öthaltanyň daş keselinde ýüze çykýan alamatlar daşyň ýerleşýän ýerine bagly.Eger daş öt ýollarynda dykylyp galsa onda öt galsa ulalýar.Eger daş umumy öt ýolunda bolsa syrkawyň deri örtügi we nemli bardalary saralýar.Syrkawyň peşewiniň reňki garamtyl gyzyl, uly tärediniň reňki agarýar.Ganda bilirubiniň mukdary köpelýär we leýkositoz peýda bolýar.Keseli kesgitlemekde zondirlemegiň rentgenografiki barlag düzgüni şeýle hem ultra sesiň ähmiýeti uludyr.

Bejerme: daşsyz holesistidi konserwatiw usul bilen bejerilýär.Syrkawlar berhiz tutup, antibiotikler sanjym edilýär.Olaryň ga damaryna gan çalyşyjylar we witaminler şeýle hem spazmolitikler goýberilýär.Daşly we beterleşen holesistitleri operatiw usuly bilen bejerilýär.

## Içegeleriň keselleri

Appendisit-bu gurçuk şekilli ösüntginiň nemli bardasynyň sowuklap çişmesidir.Ol ýiti we könelişen görnüşinde bolup biler.Keseliň döremegine içegeden we ganyň üsti bilen aralaşan mikroplar, uly täret daşlary we içege gurçuklary sebäp bolup bilýär.

Alamaty: appendisidiň adaty görnüşinde agry göbegiň daş-töwereginden başlap soň sag ýanbaşa tarap süýşýär.Sag ýanbaşyň ýokary ýüzünde ýerleşen myşsalar çekilip durýar.Şetgin-Blýumbergiň alamaty položitel (+)bolýar.

Bejerme: ýiti appendisit operatiw usuly bilen bejerilýär.Kesel wagtynda bejerilmese agyr beterleşmeleriň ýüze çykmagy mümkin.Könelişen appendisitde meýilleşdirilen ýagdaýda operatiw bejergisi geçirilýär.

## Içegeleriň geçirijiliginiň bozulmagy

Içegeleriň geçirijiliginiň bozulmagy doly we doly däl bolup bilýär.Şeýle hem olaryň dinamiki we mehaniki görnüşleri bardyr.Dinamiki içege geçirijiliginiň gysylma we ysmaz görnüşleri häsiýetlendirilýär.Içegeleriň

gysylmagynda garyn boşlugynda tutgaýly agyry peýda bolýar.Uly täredinin saklanmagy mümkin.Ýel içegeden erkin çykýar.

Bejerme: biliň iki gapdalyndan Wişnewskiniň mowakain blokadasyny geçirmeli.Spazmolitik dermanlar sançmaly.Gipertonik erginlerden klizmalar edilýär.Gan damaryna 10-20 ml 10% natriý hloridiniň ergini goýberilip, prozerin ýa-da pituitriniň ergini sanjylýar.

## Mehaniki içege geçirijiliginiň bozulmagy

Içege dykylma( obturasiýa) içege gurçuklary (askaridler) uly täret daşlary we çiş dykylmagy netijesinde emele gelýär.

Alamatlary: içegeniň geçirijiligini bozuluş häsiýetine baglydyr.

Bejerme: munda spazmolitikler we klizmalr ulanylýar.Içegeleriň biri-biriniň içine girmegi.Bu görnüşinde inçe içege ýagynyň inçäniň ýogun içege ýagynyň we inçe içge ýagynyň içine girmegi mümkin .Bu kesel esasan hem ýaş çagalarda köp duş gelýär.

Alamatlary : syrkawyň garnynda tutgaýly agry peýda bolýar.Ol gaýtryp gusup başlaýar,doly içege dykylmada syrkawda gan gatyşykly iç geçme bolýar.Garyn basylyp görlende , şar ýa-da kolbasa şekili emele gelme bildirýär. Kesel rentgenografiki barlag arkaly anyklanylýar.

Bejerme: köplenç operatiw usul bilen bejerilýär. Käbir görnüşleri konserwatiw usul bilen ,sifon klizma göni içege ýel goýbermek bilen bejerilýär.

## Strangulýasion içege geçirijiliginiň bozulmagy.

Bu görnüş içegeler çolaşanda, döwülende ýüze çykýar.

Alamaty : garynda dörän güýçli tutgaýly agrynyň şoga getirmegi mümkin. Syrkaw dyngysyz gaýtarýar.Garyn asimetriýa görnüşinde çişýär(Walýanyň alamatyu).Syrkawyň ýagdaýy agyrlaşýar.Gan basyşy peselýär, sowuk der gelip el-aýagy sowaýar.

Bejergisi : operatiw usul bilen geçirilýär.

## Göni içegäniň we artbujagyň keselleri .

Göni içegäniň we artbujagyň kesellerini ýüze çykarmak üçin barmagyň, göni içege aýnasynyň ( 10 sm çenli görse bolýar), rektoromonoskopyň (25-30 sm çenli), wev kolonofibroskopyň (ýogyn içegäni görýän enjam )ähmiýeti uludyr.

Artbujagyň ýyrtylmagy : muny uly gaty täret daşlary , del bedenjikler we barlag enjamlary( göni içege aýnasy we ş.m) emele getirýär.

Alamaty: uly täret edende güýçli agry peýda bolup, ganaýar.Syrkawlarda iç gatama bolýar.

Bejergisi : konserwatiw we operatiw usul bilen bejerilýär.Syrkawlara ýag içirýärler , berhiz bellenilýär, artbujak agzyna derman şemlerini (sweçalar ) goýýarlar .Syrkawlara permanganat kaliniň gowşak ergininde ,sodanyň ergininde , çopantelpek otunyň suwunda oturmagy maslahat berilýär.Konserwatiw bejergiler kömek etmedik wagty , könelişen ýyrtylmany kesip aýyryp, dikin goýulýar.Syrkawlara kleçatka baý , witaminlere baý iýmitler bilen iýmitlenmegi maslahat berilýär .

Paropraktit- bu göni içegäniň töweregindäki ýumşak dokumalaryň sowuklap çişmesidir.Bu kesel stafilakoklar , streptakoklar , enterokoklar , zeperlenen ýeriň üsti bilen dokumalara aralaşan wagty ýüze çykýar.Ondan başgada

gemotagen we limfagen ýollar bilen bedendäki könelişen ojaklardan mikroplar göni içegäniň töweregindäki ýumşak dokumalara aralaşýar we netijede dokumalaryň sowuklap çişmesine getirýär.

Alamaty: deri örtügi gyzaryp , uly täretde agry güýçlenýär, bedeniň gyzgyny ýokarlanýar, käwagtlar üşetme hem ýüze çykýar.Syrkawyň işjeňligi peselýär , kellesi agraýar, özüni gowşak duýýar, tapdan düşýär.El bilen besylyp görülende gaty düwün duýulýar.Ganda leýkositler köpelýär, EÇT ýokarlanýar.Kesel wagtynda bejerilmese gaty düwün iriňleýär.

Bejergisi: konserwatiw we operatiw usul bilen bejerilýär.Iriňleşmek ýagdaýynda antibiotikler , witaminler sanjylýar .Haçanda emele gelen düwün iriňlese syrkawy agyrsyzlandyryp , operatiw usul bilen bejerilýär.Intoksikasiýany aýyrmak üçin bejergiler geçirilýär.

Operasiýadan soňky garaşyk: näsaga ilki bilen behiz bellenilýär , şepagat uýasy näsagyň berhizine ,bedeniniň gyzgynyna , gan basyşyna , pulsuna , otagyň arassaçylygyna gözegçilik edip durmaly.Ondan başgada şepagat uýasy näsagyň hal- ahwalyny sorap durmaly, eger näsazlyklar ýüze çyksa hökman lukmana habar bermeli.Operasiýadan soňky nasaglar bilen şepagat uýasy örän mylakatly gürleşmeli .Nasaglara lukman tarapyndan bellenilen tabletkalary we sanjymlary wagtly –wagtynda sançmaly.

Babasyl (gemaroý) keseli.Babasyl keseli diýip göni içegäniň wena damarlarynyň çişip, gan aýlanyşygynyň bozulmagyna aýdylýar.Bu kesel agyr ýük göterýänlerde, köp çaga dogurýan aýallarda,sürüjilerde, içi gatýan adamlarda has ýygy duş gelýär.Syrkawlaryň uly täreti gatanda,çişen gan damarlara şikes ýetip ganaýar.Şeýle ýagdaýyň uzak wagtlap gaýtalanyp durmagy syrkawy tapdan düşürýär.Onuň başy aýlanýar, oturanda –turanda agry gäýçlenýär.Babasyl keseliniň içki we daşky görnüşleri bar.Daşky babasylda çişen gan damarlary artbujagyň agzyna „ýyldyz“ görnüşinde çykyp durýar.Içki babasylda wena gan damarlary „ ýüp“ görnüşinde göni içegäniň içinde asylyp durýar.Wagtynda kesel bejerilmese, çişen gan damarlary sowuklap çişmegi mümkin.Şeýle ýagdaýda gan damarlarynda ganyň lagtalanmagy bolýar.

Bejergisi: kesel beterleşmedik ýagdaýynda konserwatiw usul bilen bejerilýär.Syrkawa berhiz tutdurup oňa ýag içirilýär. Uly bolmadyk gan akmada gan duruzyjy dermanlary-wikosol, gemotabin, etamzilat natriý,. Disinon we ş.m berilýär.Syrkawa beladonyň, nowakainiň, anesteziniň şemjagazlary ( sweçalary) artbujak agzyna goýmaklyk,Proktosedil, gemar ýaly mazlary ulanmaklyk maslahat berilýär.Bozulan gan aýlanyşygy düzeder ýaly eskuzan ergini içirilýär.Çişen wena gan damarlarynyň çişini aýyrmak üçin geparin toksewazil ýaglary çalynýar.Konserwatiw bejergi kömek etmese onda operasiýa ýoly bilen bejerilýär.

Operasiýadan soňky garaşyk: operasiýadan soň häkmany suratda näsaglaryň berhizine uly üns bermeli.Şepagat uýasy näsaglar bilen mylakatly gepleşmeli, lukman tarapyndan bellenilen däri –dermanlary wagtly wagtynda içirip we sançmaly.Näsaglaryň operasiýadan soňky ýaralarynyň sargylaryna gözegçilik etmeli. Näsagyň gan basyşyny ölçäp durmaly, pulsyna gözegçilik etmeli, otagyň arassaçylygyna gözegçilik etmeli.Eger näsaglarda näsazlyklar ýüze çyksa onda lukmana habar bermeli.

**Garyn diwaryna, garyn boşlugyndaky organlara şikes ýetenlere we olaryň keselleri bilen kesellän syrkawlara gözegçilik etmek.**

Içki organlara şikes ýetende we ýiti kesellerde ( apendesit, peritonit we ş m). Gyssagly ýagdaýda operasiýa geçirmeli bolýar.

Peritonit bilen kesellän syrkawlary oerasiýadan soň Fowleriň usuly boýunça krowatda syrkawyň kellesini ýokarrak galdyryp ýatyrmaly .Operasion ýaranyň üstüne buz goýmaly .Ingi keseli boýunça syrkawlarda operasiýa geçirilenden soň olary Trendelenburgyň usuly boýunça krowadyň aýak ujyny azrak galdyryp goýmaly .

Aşgazan operasiýasyndan soň dem alyş maşklaryny geçirmek maslahat berilýär.Syrkawlar berhizine gaty ünüs bermelidirler.Birinj gün olr hiç zat (iýer-içer ýaly ) berilmeýär .Oňa derek gan çalşyryjylar gan damarlaryndan goýberilýär.Ikinji gün iki stakana çenli suwuklyk berilýär. Üçünji günden № 1 a berhiz boýunça syrkawlar iýmitlendirilip başlanýar.

Bagyrda we öt haltada operasiýa geçirilen syrkawlary №5 berhiz boýunça iýmitlendirýärler.Syrkawlarda drenaž trupkalary bolan ýagdaýda oňa şepagat uýasy ünüsli gözegçilik etmeli. Eger drenaž trupkalary sypsa ýa-da gsan akyp başlasa , şepagat uýasy ol hakda lukmana habar bermeli.

Ýogyn we göni içegelerde operasiýa geçen syrkawlary ikinji güden soň düzüminde kleçatkasy az bolan iýmitler bilen iýmitlendirip başlaýarlar.

Göni içegede operasiýa geçirilenden soň , artbujak agzyna rezin trupka goýulýar .Düşek hapalanmaz ýaly düşek daşlarynyň ýüzünden klýonka goýulýar.Şepagat uýalary syrkawlaryň uly täredinden soň olaryň artbujagyny ýuwmalydyrlar, şeýle hem syrkawlara permanganat kaliniň gowşak ergininde oturmaklyk maslahat bermeli.Uly täret çykar ýaly emeli ýara agyzly syrkawlara gözegçilik edende ýara agzynyň daş- töwereginiň deri örtügine has hem ünüs bermeli.Syrkawlaryň daňylaryny tiz-tizden çalyşyp durmaly.Ýara agzynyň daş-töweregine Lassaryň melhemini ýa-da beýleki mazlardan çalýarlar.

**Barlag soraglary.**

1. Garyn diwarynyň ýapyk şikeslenmesi.
2. Garyn boşlugyndaky synalaryň şikeslenmesi.
3. Peritonitler we olaryň alamatlary .
4. Garyn ingi keselleri.
5. Aşgazanyň we oniki barmak içegäniň ýara keseli.
6. Aşgazanyň howply täze döremesi.
7. Öt haltanyň keselleri.
8. Içege keselleri.
9. Artbujagyň we göni içegäniň keselleri.
10. Garyn diwaryna , garyn boşlugyndaky synalara şikes ýetenlere we olaryň keselleri bilen kesellän syrkawlara gözegçilik etmek.

# XV.Bap

## Bölüp çykaryş , köpeliş synalarynyň şikeslenmesi we olaryň keselleri.

Urologiýa hirurgiýanyň bir bölümi bolup, bölüp çykaryş, köpeliş synalarynyň kesellerini we şikeslenmelrini bejerýän bölümdir.
Urologiki syrkawlarda barlag geçirilişiniň aýratynlyklary:

1. Sistoskopiýa – optiki ýagtylandyryjy bilen peşew haltada barlag işleri geçirmek.
2. Hromosistoskopiýa –bu usul bilen böwregiň funksiýasyny kesgitläp bolar.Wena gan damaryna indigokarminiň 0.4% li 4ml erginini goýberip , sistoskopyň kömegi bilen peşew akdyryjy kanaldan gelýän gök reňke boýalan peşewe seredilär.Boýalan peşew kadaly ýagdaýda 3-5 minudyň dowamynda gelmeli.Eger gökezilen wagtdan köp saklansa onda böwregiň ýa-da peşew akdyryjy kanalyň işi bozulandyr diýip çak etse bolar .
3. Peşew akdyryjy kanallaryna kateter goýmak – peşew akdyryjy kanallar üçin niýetlenen kateterleri sistaskopyň kömegi bilen peşew akdyryjy kanallara sokýarlar.Bu kanallaryň päsgellenmesini, gysylmasyny barlamak üçin gerek bolan usullaryň biridir.
4. Rentgenografiki usul bilen peşew akdyryjy kanallarynyň üsti bilen ýargagy barlamak – munuň üçin peşew akdyryjy kanallaryndan ýargaga 20% li ergaziniň erginini ýa-da kardiotrastyňkyny goýberip soňra rentgen şöhlesiniň kömegi bilen surata düşürilýär.Bu usulda böwrekdäki çişleri we daşlary kesgitläp bolýar .
5. Wena gan damarynyň üsti bilen rentgenografiki usulda bölüp çykaryş synalary barlamak – wena gan damaryna 50 ml 40%li sergoziniň erginini goýberip, bölüp çykaryş synalar her 10 , 20, 30,minutdan surata düşirilýär. Bu usulda böwregiň çykaryş funksiýassyny we kanallardaky päsgelçilikler kesgitlenilýär.
6. Peşew haltanyň howply täze döremelerini , sowuklama kesellerini , daş we duz kesellerini anyklamak üçin UZI barlaglar geçirilýär.

### Böwregiň keselleri.

Paranefrit- bu böwregiň ýanyndaky ýag dokumasynyň sowuklap çişmesidir.Mikroorganizmler goňşy kesel synalardan , dokumalardan ganyň we limfanyň üsti bilen düşýär.

Alamaty : syrkawyň bedeniniň gyzgyny birden ýokary galýar,üşedýär, böwründe ýiti çydap bolmaýan agry peýda bolýar, ysgyndan düşýär, kellesi agraýar , işdäsi peselýär, keýpi pes bolýar.Ganda leýkositler köpelýär,EÇT ýokarlanýar.

Bejergisi: kesel ilki antibiotikler bilen bejerilýär, eger-de kömek etmese operatiw usul bilen bejergi geçirilýär.

Böwrek daş keseli- bu kesel gaty köp duş gelýän keselleriň biridir. Daşlar: urat, oksalat, fosfat, we karbonat duzlaryndan , hekden duýar.Ululygy boýunça çäge görnüşinden ýumurtga ululygyna çenli bolýar .Daş bir we birnäçe bolup biler.Keseliň döremeginiň sebäpleri endokrin ulgamynyň we madda çalyşygynyň

bozulmagy, witamini az bolan iýmitleri iýmek, talh suwlary içmeklik, mundan başgada daşky infeksiýanyň, şikeslenmeleriň daşy döretmegi mümkin.

Alamaty: agyrly tutgy böwürde başlanýar.Agry aşaklygyna gasyga , erkek we aýal jyns synalaryna, budyň iç tarapyna yza berýär.Syrkawyň gyzgynynyň ýokary galmagy , ýüregi bulanyp gaýtarmagy, gan basyşynyň ýokarlanmagy mümkin.Tutgy wagty we ondan soň peşewde gan peýda bolýar ( gematuriýa).Eger ingeksiýa düşse, peşewde iriň peýda bolýar.(piuriýa) kesel kesgitlemek üçin rentgenografigi we ultrases barlaglary geçirilýär.

Bejergisi: syrkawlar berhiz tutmaly.Agyrly tutgyda böwre gyzdyryjy goýulýar ýa-da syrkaw gyzgyn suwly wanna ýerleşdirilýär.Syrkawa analgin baralgin sanjym edilýär.Tutgy ýygy gaýtalanýan bolsa kesel operatiw kesel çykýar.

## Peşew halta keseli(sistit)

Peşew halta keseli-bu peşew haltanyň nemli bardasynyň sowuklap çişmesidir.Mikroorganizmler ganyň, limfanyň üsti bilen böwreklerden şonuň ýaly hem kateterleriň üsti bilen peşew halta düşýär.Keseliň ýiti we könelişen görnüşleri bar. Keseliň ýiti görnüşinde peşew haltanyň nemli bardasynyň sowuklap çişmesi bolýar. Kesel agyr geçende nemli bardada ýarajyklar emele gelýär.Keseliň könelişen görnüşinde nemli bardasynyň sowuklap çişmesi peşew haltanyň boýun bölüminde bolýar.

Alamaty: syrkawda ýygy-ýygydan agyryly, az möçberli buşykma bolýar.Peşew bulanjakly, iriňli, käwagt ganly bolmagy mümkin.

Labaratoriýa barlagda peşew belok, leýkositler we eritrositler tapylýar.

Bejerme: syrkaw düşekde ýatyrylyp, oňa süýt, gök önümleri we köp suwuklyk ulanmak maslahat berilýär.Syrkawa antibiotik(lewomitsin), sulfanilamid (etazol, biseptol) nitrafuran (furagin,furadanin) dermanlar berilip, peşew haltany kümüş nitrady, kollargolyň ergini bilen ýuwýarlar.
Bejermede fizioterapiýanyň ähmiýeti uludyr.

## Peşew haltada daş keseli.

Uly bolmadyk daşlar peşew akdyryjy kanallarda peşew halta düşmegi mümkin.Köplenç daş peşew haltada emele gelýär.

Alamaty:Agyry, gematuriýa peýda bolup,boşukmaklyk bozulýar.Diagnozy kesgitlemekde retgenografiýany,sistoskopyň ähmiýeti uludyr.

Bejermede daş döwýän litotriptor guraly giňden ulanylýar.Şunuň ýaly hem daşy operatiw usul bilen aýyrmak mümkin.

## Peşew mäziniň adenoma keseli.

Peşew mäziniň ulalmagy peşew haltadan peşewiň doly boşamagyna päsgel berýär.Adenoma esasan hem garrylarda duş gelýär.

Alamaty:Syrkawda aýratyn hem gijesine buşukmak ýygjamlaşýar.Soňa baka adenomanyň ulalyp peşew ýolunyň gysmagy peşewiň köp mukdary peşew haltada, akdyryjy kanalda peşewiň toplanmagyn getirýär.Infeksiýanyň düşmegi bilen sistid , pielonefrit emele gelýär. Peşew halta gaty ulalyp , uly möçbere ýetýär.

Diagnozy sistoskopyň we barmak bilen göni içegeden basyp görmek arkaly takyklanýar.

Bejergi konserwatiw usulynda( sinestrol, testosteronpropinat) wagtlaýynça netije berýär.Köplenç ýagdaýda operatiw usul bilen peşew mäzini kesip aýyrmak arkaly bejerilýär.

## Ujydyň keselleri.

Fimoz .Bu keselda hamyň daralmagy netijesinde ujydyň kellejiginiň çykmagyna päsgel berýär.Bu köplenç çagalarda duş gelýär.Uly erkek adamlarda şikes ýetme ýa-da keseliň( gonorea) netijesinde emele gelmegi mümkin. Ujydyň hamy daralyp buşukmaklyga päsgel berýär.Şu ýagdaýda peşew inçejik çüwdürim bilen çykýar .Peşewiň ýygnanmaklygy bolanopostide getirýär.
Bejergi –operasiýa usul bilen amla aşyrylýar.

## Parafimoz.

Bu fimozyň beterleşmeginiň netijesinde emele gelär.Daralan hamyň deşiginden ujydyň kellejigi çykyp gysylýar.Kellejikde gan aýlanyşygy bozulyp çişýär we gögerýär.Eger kömek gijikdirilse onda kellejigiň dokumasynyň ölmegine getirýär.

Bejergi: ujydyň kellejigini gysýan hamy operatiw usuly bilen kesip aýyrmaly.

## Uralogiki syrkawlara gözegçilik etmegiň aýratynlyklary..

Şepagat uýasy operasiýadan soňky döwürde daňylara, drebaž turbajyklaryna, rezin katetirlere , çüýşelerdäki ýygnanan peşewe ünüs bermeli.Drenaž turbajygyň töweregindäki deri hamynyň gyjanmazlygy üçin Lassaryň melhemini ulanmaly.Katetiriň goýluş usulyny bilmeli.

## Barlag soraglary

1. Uralogiki syrkawlaryň barlag usullsry .
2. Böwregiň şikeslnmesiniň alamaty .
3. Böwregiň agryly tutgysynda ilkinji medisina kömegi.
4. Sistid keseliniň bejerilişi.
5. Fimoz bilen prafimozyň aýratynlyklary.

XVI.Bap

## **Oňurga sütün we guýmaç süňkleriniň şikeselenmesi**.

### **Oňurga sütün şikeslenmesi:**

Oňurga sütünine şikes ýetme açyk we ýapyk görnüşinde şiles ýetip biler. Şikeslenme urgy, ýykylmak şeýle he4m sowuk we atyjy ýaraglaryň üsti bilen ýetýär.

Oňurga sütünininiň döwülmegi. Bu şikeslenme göwräniň çenden aşa egrelmegininiň , ýokardan kelläniň ýa-da aýagyň üstüne düşmekligiň netijesinde ýüze çykýar.Oňurganyň göwresi we ösüntgileri döwülip biler.Oňurganyň göwresiniň döwülmegi bil – döş bölümlerinde duş gelýär.

Alamaty: Oňugnyň döwülen ýerinde güýçli agry , küýki görnüli gyşarma, arka myşşanyň gatamagy bolýar.Döwlen bölümde hereket bolmaýar.Oňurga ösüntgisi döwülende ýerli agryn we gan öýme bolýar. Göwräni döwülen ösüntginiň garşy tarapyna gyşartsaň agry güýçlenýär.

Ilkinji medisina kömegi:

1. Agyrsyzlandyryjy dermanlardan sanjym etmeli .
2. Ýra zyýansyzlandyrylan daňy daňmaly .
3. Oňurga sütüni döwülen şikeslini ýöriteleşdirilen göterijilerde ýa-da gaty tahdanyň üstünde arkanlygyna ýatyp berkitmeli.Mümkinçilik bolmadyk mahalynda ýumşak göterijilerde öikeslini garnynyň üstüne ýatyryp keselhana alyp gitmeli.

Bejergi : Oňurga göwresiniň döwüginde gysylan oňurgany bejermek üçin reklinasiýa geçirmeli.Reklinasiýa bir taraplaýyn we ýuwaş –ýuwaşdan geçirme usullary boýunça amala aşrylýar.Reklinasiýadan soň gips korseti goýulýar. Şundan soň bejergi maşklaryny geçirmeklik maslahat berilýär.Oňurganyň döwülen ösüntgisini bejermek üçin şikeslini gaty düşekde 1-3 günläp saklaýarlar we beden maşklaryny ýerine ýetirmeklik maslahat berilýär.

**Oňurga sütünininiň döwülmesiniň beterleşmesi.-** oňurga ýiligi gan toplumy, süňküň döwügi bilen gysylýar.Agyr ýagdaýda ýilige bölekleýin şikes ýetmegi ýa-da ýiligiň doly üzülmegi hem mümkin .

Alamaty: näsagyň herket edijiligi we duýujylygy bozulýar.Uly we kiçi täretler saklanylýar.Şeýle ýagdaýda el- aýagyň çişmegi mümkin .Bu şikeslenmede syrkaw şoga düşmegi ähtimal.

Bejergi: operasiýanyň üsti bilen bejerilýär.

### **Guýmaç süňküne we guýmaç synalaryna şikes ýetme .**

Bu şikeslenmeler köplenç agyr çylşyrymly awtoawariýalar netijesinde ýüze çykýar.Guýmaç süňkleriniň döwülmegi urgynyň we gysylmanyň netijesinde ýüze çykýar.Döwülme aşakdaky görnüşlere bölünýär.

1. Guýmaç halkasynyň bütewiligi bozulýan döwülme.
2. Guýmaç halkasynyň bütewiliginiň bozulmaýan döwülme .

Olardan başgada döwülmeler beterleşmedik döwülme( içki synalara şikes ýetmeýär)we beterleşen (munda guýmaüdaky synalara şikes ýetýär) döwülmelere bölünýär.

Alamaty : guýmaç süňkleriniň formasy üýtgeýär. Şikesli aýak üstünde durup we ýöräp bilmeýär.

Çanklyk we oturýer süňkleri dikligine döwülse, şikesli mejbury gurbaganyň ýagdaýynda ýatýar. Ýanbaş süňküniň döwülmesi çanak süňküniň gorizontal döwülmesi şikeslini „ökjäniň ýelmeşme“ ýagdaýynda ýatyrýar.

Guýmaç süňki döwülende peşew çykaryj kanalynyň ýyrtylmagy hem mümkin.

Alamaty: peşew çykaryjy kanaldan gan akýar. Peşew saklanýar we çatalba aralygynda gan üýşýär. Guýmaç süňkleri döwülende peşew halta ýyrtylyp biler. Ol garyn diwary bilen birlikde we ýekelikde ýyrtylyp şikesliniň halyny has agyrlaşdyrýar.

Peşew halta bilen birlikde garyn diwaryna şikes ýetse peşew garyn boşlugyna geçýär. Barmak uçlary bilen urlanda garyn myşsalarynda kütek ses eşidilýär.

Peşew halta ýekelikde ýyrtylan ýagdaýynda , peşew , peşew haltanyň daş-töweregindäki dokumalara ýaýranda bolýar, öol ýer urulyp görlende kötek ses eşidilýär. Peşew halta kateter goýberlende peşew gaty az çykýar.

**Ilkinji medisina kömegi:**

1. Şikeslini ýöriteleşdirilen göterijide ýatyryp , aýagyny epläp ,“ gurbaganyň“ ýanynda ýatyrmaly .Soňra şikeslini göterijä berkitmeli.
2. Eger şogyň alamatlary bolsa, oňa garşy çäreleri geçirmeli , ýöne narkotiki agyrsyzlandyryjylary diagnoz kesgitlenýänçe ulanmaly däl.
3. Peşew halta kateter goýbermeklik keselhanadan daşarda geçirilmeýär.
4. Şikeslini gyssagly ýagdaýda keselhana getirmeli.

Keselhanada rentgen apparatynyň kömegi bilen diagnozy kesgitleýärler.

Bejerme:guýmaç süňkleriniň emele getirýän halkasynyň bütewiligi bozulmadyk ýagdaýynda, şikeslini gaty düşekde ýatyryp , dyz bognunyň aşagyna ýassyjak goýup „gurbaganyň“ ýagdaýynda ýatyrýarlar.Şeýle ýagdaýda syrkaw 3-4 hepdeläp ýatmaly.

Guýmaç halkasynyň bütewiligi bozulanda, syrkawy ramadan asylgy „sallanmada „ ýatyryp, but süňkünde çekdirilip goýulýar.Şeýle ýagdaýda syrkaw 2 aý saklanylýar.

Guýmaçdaky synalara şikes ýetende ony operatiw usul bilen bejerýärler .

## Oňurga sütünine we guýmaç süňklerine şikes ýetenlere gözegçilik etmegiň aýratynlyklary.

Uzak wagtlap ýatan şikeslilerde ýatgy ýarasynyň döremezligi üçin olarda wagtly-wagtynda massaž geçirip , olaryň deri örtügini kamfora spirti bilen süpürip durmaly.Syrkaw el-aýak maşyklaryny ýerine ýetirmeli.Dem alyş ýollarynyň keselleriniň öňüni almak üçin olara dem alyş maşklaryny geçirmegi maslahat bermeli .Olary kaloriýa baý bolan iýmitler bilen iýmitlendirmeli. Gowy ideg we gözegçilik şikes ýetenleriniň tiz wagtynyň içinde aýak üstüne galyp gitmeklerine ýardam berýär.

Keselhanada ýatan şikeslerine özüne hyzmat etmegi öwretmek olaryň tiz aýaga galmaklary üçin möhümdir.

**Barlag soraglary**

1.Oňurga sütünininň döwülmesininň alamatlary.

2.Oňurga sütüni döwlende ilkinji medisina kömegi nämeden ybarat?

3 Guýmaç süňkleri döwülende ilkinji medisina kömegi nämeden ybarat?

4.Oňurga sütünine şikes ýetenlere gözegçilik etmekligiň aýratynlyklary.

XVII.Bap

## El-aýagyň şikeslenmesi we olaryň keselleri

### El-aýagyň ýumşak dokumalaryň keselleri.

Tendowaginit-siňir damarynyň we onuň gabagynyň ( bardasynyň) sowuklap çişmesidir. Bu keseliň döremegine belli bir tertipde gaýtalanyp durýan hereketler gyjagçylar), agyr ýük götermeler şeýle hem şikes ýetmeler sebäp bolup biler.

Alamaty: hereket edende ýiti agyry ýüze çykýar. Kessellen ýeri gyzaryp çişýär, şol ýeriň gyzgyny göterilýär.Basylyp görülende näzik kütürdi kesgitlenýär Käwagtlar agyry yzaly bolup, syrkawyň işjeňligi bozulýar.Hereket edende siňňir damarynda päsgellenme bildirýär.Şeýle päsgelenme siňňir damaryna päsgellenme bildirýär.Şeýle päsgellenme siňir damary we onuň gabygy gaty çişende bolýar.Siňir damaryny onuň çişen gabygy gusýar.

Bejerme: rahatlyk wannalar Wişnewskiniň melheminden ýapgylar ulanylýar.Hereketsizlendirmek üçin şinalar we gips langetleri bilen berkidilýärler.Ýokarky sanalan çäreler gutulmaga kömek bermese onda ony operatiw usuly bilen bejerýärler.

### Çykyklar

Bogundaky tagaşyksyz hereket süňkleriň güýçli süýşmegine, ýagny çykyga eltip biler.

### Çigin süňkiniň çykygy

Bu çykyk has köp duş gelýän çykylaryň biridir.Çykyk köplenç uzýan eliň üstüne ýykylanda ýüze çykyp, onda bogun kellejigi bogun oýtumyndan çykýar.Siňir damarlary süýnýär, kähalatlarda bolsa üzülýär.Güýçli agyry peýda bolýar.

Çigin süňkiniň çykygynyň yza,öňe we aşak tarapa çykmagynyň görnüşleri bar.Çigin öňe çykanda el keltelýär,çigniniň bogun kellejigi aýajygyň aşak ýüzünde bildirýär.Çigin süňki yz tarapa çykanda, bogun kellejigi pilçäniň öňüne çykýar we el keltelýär.

Çigin süňki aşak tarapa çykanda bogun kellejigi goltugyň aşagynda bildirýär, eli uzalýar.Çykyklary kesgitlemek üçin rentgen barlaglary peýdalanylýar.

Ilkinji kömek : şikesliniň we näsag bognunyň doly rahat ýagdaýda bolmagyndan ybaratdyr .Şonuň üçin şikeslini agyrsyzlandyryp oňa saklaýjy daňy ýa-da şina goýup berkitýärler.Çykan ýere buz goýýarlar we döwük – ýenjik punkudyna alyp gidýärler.

Bejergi: çykygy agyrsyzlandyryp ,Gipokrat- Kuperiň, Žanalidzeniň usullary boýunça ýerine salynýar.Çykygy ýerine salnandan soň ony ýumşak bint bilen ýa-da ýaglyk bilen berkidilip 7-8 gün saklaýarlar.

### But süňküň çykmagy.

Çykyk göni urguda ýa-da üstüne ýykylanda ýüze çykýar.But süňki yzdan ýokary, yzdan aşak, öňden aşak, we öňden ýokara tarap çykyp biler.

Alamaty : bogunly gyşarma( deformasiýa ) bolup biler, çykygyň görnüşine laýyk alamatlar ýüze çykýar.Bogunda agry bolup hereket bozulýar.Rentgen apparatynyň kömegi bilen çykyk kesgitlenilýär.

Ilkinji kömek: agyrsyzlandyrmaly , çykan ýere buz goýmak , we şikeslini döwük- ýenjik punkydyna alyp gidýärler.

Bejergi: umumy agysyzlandyrmanyň , miorilaksantlaryň kömegi bilen ýerine salynýar.

**El-aýak süňklleriniň döwükleri.**

Güýçli urguda , ýokardan ýykylanda , owtoawariýalarda döwükler emele gelýär.Döwükler açyk we ýapyk görnüşinde bolup biler.Açyk döwükde döwülen ýerde ýara emele gelýär.Ýapyk döwükde deriniň anatomiki bütewiligi bozulmaýar.Süňk döwükleriniň ýerleri üýtgän we üýtgemedik bolup biler.Döwükleriň esasy alamatlary: deformasiýa , süňk kütürdemesi , el- aýgyň keltelmesinden we kadasyz hereketinden ybarat.Ilkinji medisina kömegi berlen wagtynda döwülen ýeri gymyldamaly däl. Ilki bilen agyrsyzlandyrmaly eger açyk döwük bolsa onda gan akmasyny saklap , zyýansyzlandyrylan daňy daňyp, soňra el ýa-da aýak gymyldamaz ýaly edip ugradyjy şina goýmaly.



Ýol şinalaryň goýluşy

Şinalar bolmadyk ýagdaýynda golasty serişdeleriň kömegi bilen döwügiň iki tarapyndaky bogunlaryň daşyndan daňmak bilen üpjün edilýär.Bilek süňküne, penjä we barmaklara fanerden , kartondan , oňarylan şinasyny goýýarlar.Ýaglygyň kömegi bilen boýuna berkidýärler.Döwükleri rentgen apparatyň kömegi bilen kesgitleýärler.

Bejergi: Döwükleri gipsli daňylaryň, deriden we süňkden çekdirip dogurlamanyň, Ilizarowyň apparatynyň kömegi bilen bejerýärler.



Süňkleriň döwügini eliň bilen
äerine salnyşy

**El –aýak şikes ýetenlere gözegçilik etmegiň aýratynlyklary**

Şikeslere gözegçilik etmek : agyrsyzlandyrmakdan, ýaranyň daş –töweregini antiseptiki erginler bilen bejermekden we zyýansyzlandyrylan daňy daňmakdan ubaratdyr.Syrkawlarda ýatyr ýaralaryň öňini almak üçin olarda wagtly- wagtynda gigienki çäreler geçirip durmaly .

Syrkawlar gipsli daüňylaryň gysýandygyna arz edýärler , şeýle ýagdaýda daňyn gowşatmaly.Süňkleriň dartyp dogurlanmasynda ýatan syrkawlara ýatan ýerinde naharlamaly, ýuwundyrmaly , we täret etdirmeli bolýar , şeýle ýagdaýlarda şepagat uýalary gaty çydamly we mylakatly bolmalydyrlar.

**Barlag soraglary**.

1. Çykyklar we olaryň alamatlary.
2. Döwükler we olaryň gönüşleri.
3. Döwükde ilkinji medisina kömegi.
4. El- aýak şikes ýetenlere gözegçilik etmek aýaratynlyklary.

Ulanylan edebiýatlar.


1. Ю.А.Нестеренко. Москва(1978).“ Хирургические болезни.“
2. Д.Ф.Скрппиченко. Москва(1985).“ Хирургия.“
3. Ю.А. Мурадов. . Москва(1981). „Хирургические болезни,с уходом за болъними .“
4. G.Gurbanberdiýew.Aşgabat (2001).“Umumy hirurgiýa“ peýdalanyldy.

# Mazmuny

## Birinji bölüm
## Umumy hirurdiýa

Giriş........................................................................................................1
I.Bap.Hirurgiýa ylmynyň gysgaça maglumaty................................................2
II.Bap.Hirurgiýa kelleriniň häzirki –zaman barlag usullary.............................4
III.Bap.Hirurgiýada ýokanç keselleriň öňini almak.......................................5
§1.Antiseptika we usullary .........................................................................5
§2.Aseptika we onuň usulary........................................................................7
IV.Bap.Hirurgiýanyň işini guramak...............................................................12
§1. Hirurgiýa operasiýasy barada düşünje....................................................13
§2.Operasiýadan öňki döwür.Näsaglary operasiýa taýýarlamak......................16
§3.Operasidan soňky döwür.Näsaglara garaşyk etmek...................................17
V.Bap.Anesteziologiýa.................................................................................23
§1.Agyrsyzlandyrmanyň taryhy...................................................................23
§2.Umumy agyrsyzlandyrma........................................................................23
§3.Ýerli agyrsyzlandyrma............................................................................27
VI.Bap.Ganakma.Ganakmagy saklamak.........................................................31
§1 Ganakmanyň sebäpleri we görnüşleri.......................................................31
§2.Ganakmany saklamagyň usullary.............................................................32
§3.Gan guýmak .Ganyň toparyny we rezus faktoryny kesgitlemek.................36
§4.Gan guýmagyň usullary we ýerine ýetirilişi..............................................40
VII.Bap.Desmurgiýa.....................................................................................44
§1.Ýumşak sargylar, görnüşleri ,daňmak usullary...........................................44
§2. Gaty sargylar, görnüşleri,gips sargysynyň taýýarlanylyşy..........................47
VIII.Bap.Şikeslenmeler..................................................................................49
§1.Ýanyklar, elektro şikeslenme, sowuk almaklyk..........................................51
IX.Bap.Hirurgiýada ýüze çykýan ýokanç keseller...........................................53
§1.Ýerli iriňli keseller...................................................................................53
§2. Çyban alamatlary.....................................................................................53
§3. Absses alamatlary....................................................................................54
§4.Panarisi- okuma görnüşleri........................................................................54
§5.Limfoadenit, limfogoanit alamatlary..........................................................54
§6.Beze (roža) alamatlary...............................................................................54
IX.Bap Ýiti mahsus däl anaerob infeksiýasy.....................................................56
§1.Gazly gangrena ........................................................................................56
X.Bap.Ýiti mahsus anaerob infeksiýasy...........................................................56
§1.Bürme keseli.Öňini alyş çäreleri.................................................................56
XI.Bap.Hirurgiki mahsus infeksiýalary...........................................................58
§1.Süňk inçe keseli we görnüşleri...................................................................58
XII.Bap.Çiş keseli..........................................................................................60
§1.Howply çişler .Alamatlary.........................................................................60
§2.Howpsyz çişler.Alamatlary........................................................................60

XIII.Bap.Gan damarlaryň hirurgiki keselleri....................................................62
§1. Dokumalaryň ölmegi , ýaralar, ýara agzy....................................................62
§2 Wena gan damar keselleri..........................................................................63
XIV.Bap.Synalaryň şikeslenmesi we ondaky keseller.......................................65
§1.Kelläniň, ýüzüň agyz boşlugynyň ýumşak dokumalarynyň şikeslenmesi......65
§2.Kelle -çanak şikeslenmesi..........................................................................66
§3.Kelle- beýni şikeslenmesi (sarsma, gysylma, müçükme)................................66
§4.Boýun, traheýa, gyzylödegiň şikeslenmesi we ondaky keseller(zob, tiriotoksikez,galkan şekilli mäziň ragy)..........................................................68
§5.Döş kapasasynyň şikeslenmesi we ondaky synalaryň keselleri.......................71
§6.Süýt mäziniň keselleri(mastit. Rak)...............................................................75
§7.Garyn diwarynyň we garyn boşlugyndaky synalaryň şikeslenmesi we ondaky keseller..........................................................................................................78
§8.Ýiti garyn keseli...........................................................................................78
§9.Garyn ingiler(gryža).....................................................................................79
§10.Içegeleriň geçirijiliginiň bozulmalary...........................................................81
§11.Öt halta,aşgazan asty mäziniň keslleri.........................................................81
XV.Bap.Bölüp çykaryş ulgamynyň keselleri........................................................85
XVI.BapOňurga sütün we çanaklyk süňkleriniň şikeslenmesi..............................88
XII.Bap.El-aýak şikeslenmesi..........................................................................91
§1. Bilek,çigin ,süňkleriniň çykygy we döwügi....................................................91
§2.Injik –bud süňkleriniň döwügi we çykygy.......................................................91